**J. Hatamow, J. Gurbangeldiýew**

# DÜNÝÄ TARYHY

(XX–XXI ASYRLAR.
III BÖLEK. 2000–2014 ýý.)

Umumy orta bilim berýän mekdepleriň XI synpy
üçin synag okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi
tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2014

UOK 373:94
H 28

**Hatamow J., Gurbangeldiýew J.**
H 28 **Dünýä taryhy** (XX–XXI asyrlar. III bölek. 2000–2014 ýý.) Umumy orta bilim berýän mekdepleriň XI synpy üçin synag okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014.

TDKP №244, 2014 KBK 63.3 (O) ýa 72

© J. Hatamow, J. Gurbangeldiýew, 2014.



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

## GIRIŞ

Adamzat XXI asyra uly umytlar bilen gadam basdy. Ynsan paýhasy hem-de jepakeş zähmeti bilen gazanylan ähli tejribe bu asyrda öňe hereket etmegiň badalgasyna öwrüldi. XX asyryň ahyrynda «Sowuk urşuň» netijesinde iki ulgamyň gapma-garşy durmasynyň mirasy taryhyň gatynda galdy. 70 ýyllap dowam eden totalitar düzgün – SSSR-de sosializm gurmagyň stalinçilik ülňüsi dargady. Onuň zory bilen ösüşiň kommunistik ýoluny «synag» etmeli bolan Gündogar Ýewropa ýurtlary hem tebigy ösüş ýoluna düşdüler. Dünýä kartasynda geosyýasy üýtgeşmeler boldy. Energetika çeşmelerine baý bolan döwletleriň dünýä syýasatyndaky ähmiýeti barha artyp başlady.

XX asyryň başyndan başlap XXI asyryň başyna çenli dünýäniň syýasy kartasy tanalmaz ýaly derejede özgerdi.



Eger-de 1900-nji ýylda dünýäde bary-ýogy 55 sany özbaşdak döwlet bolan bolsa, Ikinji jahan urşunyň öňüsyrasynda olaryň sany 71-e, Ikinji jahan urşunyň yzýany – 1947-nji ýylda bolsa – 81-e ýetdi. Özbaşdak döwletleriň sany XXI asyryň başyna çenli has-da artdy. Häzirki döwürde dünýäniň syýasy kartasynda jemi 250 sany ýurt we territoriýalar görkezilip, 2014-nji ýylyň başyna çenli 195 sany garaşsyz döwletiň 193-si Birleşen Milletler Guramasynyň (BMG) agzasydyr. Özbaşdak döwletleriň ýarysy diýen ýaly Ýewraziýa materiginde, 50-den gowragy Afrikada, galanlary Amerikada, Awstraliýada we Okeaniýada ýerleşýärler.

Dünýä döwletleri döwlet gurluşy, geografik ýerleşişi, tutýan meýdany, ilatynyň sany boýunça dürli-dürlüdirler. Döwlet gurluşy boýunça dünýä döwletleri respublika we monarhiýa (patyşalyk) dolandyryşly döwletlere bölünýär. Dünýäniň garaşsyz döwletleriniň esasy bölegi, ýagny 150-ä golaýy respublika gurluşly döwletlerdir. Garaşsyz Türkmenistan – halk tarapyndan saýlanan Prezident tarapyndan dolandyrylýan respublikadyr. XX asyryň başynda monarhiýa gurluşly ýurtlar köpdi, respublika gurluşly döwletler bolsa gaty azdy. Häzirki wagtda (2014-nji ýylda) dünýäde 41 sany monarhiýa gurluşly döwlet bar. Olaryň aglabasy Aziýada we Ýewropada, galanlary Afrikada, Okeaniýada, Amerikada ýerleşýär. 2008-nji ýylyň maý aýynda Nepalda 240 ýyllap dowam eden monarhiýa gurluşy ýatyrylyp, ýurt respublika öwrüldi.

Dünýä döwletleri ilatynyň sany boýunça-da dürlüdir. Olaryň iň köp ilatlylary Hytaý (*1 mlrd 347 mln*), Hindistan (*1 mlrd 288 mln*), ABŞ (*321 mln*), Indoneziýa (*249 mln*), Braziliýa (*203 mln*), Päkistan (*184 mln*), Nigeriýa (*174 mln*), Bangladeş (*157 mln*), Russiýa (*143 mln*), Ýaponiýa (*128 mln*) ýaly döwletlerdir. Şu döwletlerde dünýäniň 60% halky ýaşaýar.

Dünýäniň ilatynyň sany XX asyrda has çalt köpeldi. Eger-de 1900-nji ýylda dünýäniň ilatynyň sany *1 mlrd*

*658 mln* bolan bolsa, BMG-niň ilat meseleleri boýunça komissiýasynyň 2014-nji ýylyň başyndaky sessiýasynda beren maglumatyna görä, ol *7 mlrd* adama ýetdi. 2009-njy ýylda şäher we oba ilatynyň sany takmynan deňleşdi.

XXI asyrda dünýä barha global häsiýete eýe boldy. Dünýäniň sebitleriniň birek-biregi bilen baglylygy artdy. Eger geçen asyryň başynda okeanyň aňyrsyndaky Amerika bilen Ýewropanyň ýa-da Aziýanyň arasyndaky gatnaşyk ujypsyz häsiýete eýe bolan bolsa, indi olaryň birek-bireksiz «oňmagy» asla mümkin däl ýagdaýa geldi. Dünýä ýurtlary barha utgaşykly ösüş ýoluna düşdi. Braziliýa, Russiýa, Hindistan, Hytaý, Günorta Afrika Respublikasy ýaly döwletler öz mümkinçiliklerini birleşdirip, dünýä syýasatyndaky ornuny berkitmäge girişdiler.

XXI asyr – teoriýanyň praktika bilen aýakdaş gidýän asyry. Indi adamzat diňe bir täze eden ylmy açyşlaryny däl, eýsem, geçen aşyrdaky açyşlaryny hem durmuşa ornaşdyrmaga mümkinçilik aldy. Täze tehnologiýalary ýasamakda, gen inženeriýasynda, biotehnologiýada, energiýanyň adaty bolmadyk çeşmelerini oýlap tapmakda ylym barha uly üstünliklere eýe bolýar. Nanotehnologiýalar maddalaryň «özenine» barha içgin aralaşmak bilen, adamyň islegine görä, olaryň gurluşyny amatly, ýaramly hem berk häsiýete getirmegiň syryny agtarýar.

XX asyr kosmiki tizligiň asyry bolupdy. XXI asyrda bu tizlik has-da artdy. Indi öýjükli telefonlar, bütindünýä Internet tory, sanly aragatnaşyk adamzadyň özara habarlylygyny has ykjam hem sesiň tizliginden-de çalt ýagdaýa getirdi. Dünýä barha wirtual häsiýete geçdi. Jemgyýetdäki zerurlyk ylmyň we bilimiň ösüşini çaltlandyrmagy talap edýär. Informasion-kommunikasion tehnologiýalaryň we Internet ulgamynyň ähmiýeti barha artýar.

Ine, şu zatlaryň ählisi döwrüň dünýäniň ylym-bilim ulgamy bilen aýakdaş gitmegini bizden talap edýär. Şol

hakykatdan ugur alyp, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2013-nji ýylyň 1-nji martynda «Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda» kabul eden Permany bilen Türkmenistanyň umumybilim berýän orta mekdeplerinde bilim bermegiň möhleti 12 ýyla ýetirildi. Ýaşlary ýokary okuw mekdeplerine taýýarlamak maksady bilen mekdeplerde birnäçe täze dersler girizildi. Ýokary okuw mekdeplerinde iki basgançakly ulgama (bakalawrlyk we magistrlik) geçilip başlandy. Hormatly Prezidentimiziň Permany bilen 2014–2015-nji okuw ýylynda iňlis dilinde okadylýan Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersiteti açyldy. Açylýan täze hünärler mekdebi tamamlaýan uçurymlarymyzyň gumanitar, jemgyýetçilik-syýasy ugurly dersleri çuňňur bilmegini talap edýär. Şunda Dünýä taryhy dersine möhüm orun degişlidir.

Gadyrly ýaşlar! Eliňizdäki okuw kitaby dünýä taryhynyň iň täze döwrüniň wakalaryny, has takygy 2000-nji ýyldan 2014-nji ýylyň 12-nji awgustyna çenli wakalary öz içine alýar. Wakalaryň yzygiderligini saklamak üçin käbir temalarda XX asyryň II ýarymyndaky wakalar hem öz beýanyny tapdy. Okuw ýylynyň dowamynda XXI asyryň başlaryna çenli dünýäniň syýasy kartasynda bolup geçen özgerişleri, dünýä ýurtlarynyň ösüş aýratynlyklaryny, aýry-aýry ýurtlaryň syýasy, ykdysady, medeni ösüşlerini, halkara gatnaşyklarynyň taryhyny, ylmyň, tehnikanyň, medeniýetiň ösüşini we başga-da köp meseleleri öwreneris. Dünýä ýurtlarynyň daşary syýasatlarynda Garaşsyz Türkmenistan bilen gatnaşyklaryny, Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň Garaşsyz Türkmenistany dünýä tanatmak ugrunda alyp barýan tagallalaryny öwreneris. Biz dünýä taryhyny öwrenenimizde-de Garaşsyz Türkmenistanyň Bitaraplyk hukuk derejesinden gelip çykýan ýörelgelerden ugur alarys.

Okuw kitaby ýazylanda, awtorlar dünýä tejribesinden hem-de milli ýörelgelerimizden ugur aldylar. Okuwçyla-

ra häzirki zaman dünýäsinde bolup geçýän taryhy wakalara, jemgyýetçilik-syýasy meýilleriň özgermegine, dünýä ykdysadyýetiniň ösüş kanunalaýyklyklaryna düşünmegi, olara seljerme bermegi we netije çykarmagy öwretmek maksat edinildi. Şu maksat bilen, kitabyň okuw-usulyýet binýadyna üns çekildi. Her temanyň ahyrynda ýerleşdirilen:



belgisi okuwçylaryň ýadynda galmagy zerur hasaplanýan goşmaça maglumatlaryň ýerleşdirilendigini aňladýar.



belgisi goýulýan ýumuş barada okuwçynyň özbaşdak pikir ýöretmelidigini we gelen netijesini mugallymyň ýolbaşçylygynda synpdaşlary bilen ara alyp maslahatlaşmalydygyny aňladýar.

Okuwçylaryň taryhy wakalardan içgin baş çykarmagy üçin kitapda resminamalar we goşmaça maglumatlar, mümkingadar, köpräk peýdalanyldy. Olaryň geosyýasy düşünjeleriniň giň bolmagy üçin öwrenilýän ýurtlaryň kartasy berildi. Statistiki maglumatlara üns berildi. Okuwçylara tablisalary doldurmak ýumuş hökmünde tabşyryldy. Öz ýurduny ösdürmekde uly işleri bitiren syýasy we döwlet ýolbaşçylary barada giňişleýin maglumatlar berildi.

# III BÖLÜM

# DÜNÝÄ DÖWLETLERI XXI ASYRYŇ BAŞLARYNDA

## I BAP. ÝEWROPA WE AMERIKA ÝURTLARY XXI ASYRYŇ BAŞLARYNDA

### §1. ABŞ XXI asyryň başlarynda



*Amerikanyň Birleşen Ştatlary Demirgazyk Amerikada ýerleşen döwlet. Tutýan meýdany – 9 518 900 inedördül km (dünýäde 4-nji ýerde). Ilatynyň sany – 321 mln adam (dünýäde 3-nji ýerde). Paýtagty – Waşington.*

ABŞ üçünji müňýyllyga kuwwatly döwlet hökmünde gadam basdy. Emma täze müňýyllyk şeýle kuwwatly döwletden hem ençeme özgerişleri we uýgunlaşmany talap edýärdi. Ilkinji nobatda, adamlaryň ýaşaýyş derejesini mundan hem beýläk ýokarlandyrmalydy. Globallaşmak şertlerinde amerikan ykdysadyýetiniň bäsdeşlige ukyplylygyny üpjün etmelidi. Salgytlary, mümkin boldugyça, azaltmaly, ykdysadyýete döwletiň gatyşmagyny peseldip, erkin bazar gatnaşyklaryny höweslendirmeli – ine, şeýle şygarlary öňe süren respublikaçy partiýa müňýyllygyň başynda ýene-de häkimiýete gaýdyp gelmegi başardy.

**Jorj Buş.** 2000-nji we 2004-nji ýyllarda bolup geçen prezident saýlawlarynda respublikaçylar partiýasyndan bolan *Jorj Buş* ýeňiş gazandy. Ol 1989–1993-nji ýyllarda ABŞ-nyň Prezidenti bolan Jorj Buşuň ogludyr.

**Jorj Buş** – 1946-njy ýylda Konnektikut ştatynda dogulýar. Ýel uniwersitetini tamamlaýar. 1968-nji ýylda taryh hünäri boýunça bakalawryň derejesini alýar. Harby-howa güýçlerinde gulluk eden. 1973-nji ýylda Garwardyň biznes mekdebine okuwa girýär. 1975-nji ýylda «Bush Exploration» hususy nebit-gaz kompaniýasyny açýar. 1994-nji ýylda Tehas ştatynyň gubernatorlygyna saýlanyp, bu wezipede iki möhlet işleýär. Ol 2001–2009-njy ýyllarda ABŞ-nyň taryhynda 43-nji Prezident boldy.



Respublikaçylar «*Eýeçilik diňe baýlaryň artykmaçlygy we ýeňilligi bolmaly däldir*» diýen şygary öňe sürdüler. Jorj Buş «*eýeçiligiň täze eýýamynyň*» başlanýandygyny jar etdi. Ilatyň esasy böleginiň baýlaşmagyny özüniň maksady hasaplaýandygyny aýtdy. Şol maksat bilen birnäçe çäreleri durmuşa geçirdi. Az girdejili gatlagyň jaý bilen üpjünçiligi gowulaşdy. 2006-njy ýylda ilatyň 70%-i jaý bilen üpjündi. J. Buş ownuk telekeçiligi goldady, olara salgytlary azaltdy. Netijede, olaryň sany artdy. ABŞ-da ownuk telekeçiler ähli öndürilýän önümiň ýarpysyny öndürýärler. Hökümet ähli hususyýetçileriň, telekeçileriň töleýän salgytlaryny azaltdy. Buşuň döwründäki ýaly, salgytlaryň azaldylmagy ABŞ-nyň taryhynda bolmandy. 2000–2010-njy ýyllardaky azaldylan salgytlar trillion dollarlar bilen ölçenýär.

J. Buşuň döwründe-de sosial üpjünçilige ähmiýet berildi. Çagalary we garrylary goramak boýunça ep-esli işler edildi. 2001-nji ýylda «*Hiç bir çaga jemgyýetiň ünsünden sowa galmaly däldir*» diýen maksatnama durmuşa geçirilip başlandy. Çagalara kömek pullary iki esse köpeldildi. Döwlet tarapyndan mekdeplere, mugallymlara goldaw artdyryldy. 2006-njy ýyldan başlap 40 mln pensionere we maýyba satyn alýan dermanlarynyň bir bölegi mugt goýberilip başlandy.

**Barak Obamanyň Prezidentlik döwri.** 2008-nji ýylyň prezident saýlawlarynda demokratik partiýadan bolan *Barak Hüseýin Obama* ýeňiş gazanyp, ABŞ-nyň 44-nji Prezidenti boldy. Ol ýurduň taryhyndaky ilkinji afroamerikaly prezidentdir.



**Barak Hüseýin Obama** – 1961-nji ýylda Gawaý ştatynyň paýtagty Gonoluluda dogulýar. Garwardyň hukuk ylymlary institutyny, Kolumbiýa uniwersitetini tamamlaýar. Hünäri boýunça aklawçy. 1992–2004-nji ýyllar aralygynda Çikagonyň hukuk ylymlary institutynda okadýar. 1997–2004-nji ýyllarda üç gezek Illinoýs ştatynda Senata saýlanýar. 2004-nji ýylda Senatyň agzasy bolýar. 2009-njy ýylyň 20-nji ýanwarynda ABŞ-nyň Prezidenti wezipesine girişýär. 2009-njy ýylyň 9-njy oktýabrynda «Halkara diplomatiýasyny we adamlaryň arasyndaky hyzmatdaşlygy berkitmekdäki ekstraordinar tagallalary üçin» Nobel baýragyna mynasyp boldy. Ol 2012-nji ýylyň saýlawlarynda ikinji möhlete prezidentlige saýlandy.

Barak Obamanyň prezidentliginiň başy dünýä maliýe-ykdysady krizisine gabat geldi. 2009-njy ýylyň 10-njy fewralynda ABŞ-nyň Senaty krizisden çykmak üçin adatdan daşary çäreleriň meýilnamasyny tassyklady. Oňa laýyklykda, ýurdy krizisden çykarmak üçin 838 milliard dollary harçlamak meýilleşdirildi. 2009-njy ýylyň maýynda kredit kartlaryny ulanyjylaryň hukuklaryny giňeltmek barada kanun kabul edildi. 2010-njy ýylyň martynda mätäçlik çekýän talyplara federal kömegiň möçberi artdyrylyp başlandy.

XXI asyryň başynda hem ABŞ, geçen asyrdaky ýaly, dünýäniň ykdysady öňbaşçylygyny saklap gelýär. 2013-nji ýylda ABŞ-nyň jemi içerki önümi (JIÖ) 16,66 trillion dollara ýetdi. Onuň artyşy 2006-njy ýylda 2,6% bolanlygyndan 2013-nji ýylda 4%-e ýetdi (tablisalara seret).




2010-njy ýylda dünýäniň ösen döwletleriniň senagat önümçiligi, mlrd ABŞ dollary




ABŞ-da JIÖ-niň pudaklar boýunça paýy (2012), %

2012-nji ýylda ABŞ-nyň eksporty 1 trillion 851 milliard dollara, importy bolsa 2 trillion 246 milliard dollara deň boldy. Amerikan daşary söwdasynyň üçden birine golaýy ösüp barýan ýurtlaryň paýyna düşýär.




ABŞ-da JIÖ-niň jan başyna düşýän möçberi (2008-2013), müň ABŞ dollary




ABŞ-da JIÖ-niň artyşy (2006-2013), %

**ABŞ-nyň daşary syýasaty.** XXI asyrda ABŞ-nyň daşary syýasatynyň özenini halkara terrorçylygyna garşy göreş düzýär. 2001-nji ýylyň 11-nji sentýabrynda Nýu-Ýorkda Halkara söwda merkeziniň iki sany belent jaýlary terrorçylar tarapyndan uçarlar arkaly tozduryldy. Netijede, müňlerçe parahat ilat heläk boldy. Bu garakçylykly çozuş netijesinde ABŞ-nyň hökümeti ýurduň howpsuzlygyny üpjün etmäge gönükdirilen çäreleri durmuşa geçirmäge mejbur boldy. Halkara terrorçylygyna garşy göreş bilen baglanyşykly amerikan goşunlary Owganystandaky talibanlaryň (2001 ý.), Yrakdaky Saddam Hüseýiniň (2003 ý.), Muammar Kaddafiniň (2011 ý.) düzgünine garşy harby hereketleri alyp bardylar. ABŞ ýadro

ýaragynyň ýaýramagyna garşy göreşini dowam etdi. ABŞ raketa hüjüminden goranyş ulgamyny Gündogar Ýewropada ýerleşdirmek ugrunda hereket etdi.

**Türkmen-amerikan hyzmatdaşlygy.** ABŞ daşary syýasatynda *Bitarap Türkmenistana* aýratyn üns berýär. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň mejlislerine gatnaşmak üçin Nýu-Ýorka saparlary türkmen-amerikan gatnaşyklarynyň ýygjamlaşmagynda uly ähmiýete eýe boldy. 2007-nji ýylyň sentýabrynda Türkmenistanyň Prezidenti ABŞ-a baranda iri halkara korporasiýalarynyň, kompaniýalarynyň we firmalarynyň ýolbaşçylary bilen birnäçe duşuşyklary geçirdi. Olarda ýurdumyzyň ykdysadyýetini mundan beýläk hem ösdürmek üçin daşary ýurt maýasyny çekmek meselesi maslahatlaşyldy. Kolumbiýa uniwersitetinde eden çykyşynda hormatly Prezidentimiz Garaşsyz Watanymyzyň taryhy, medeniýeti, tebigy baýlyklary, ýurdumyzyň şu günki ösüşi, bilim ulgamyndaky özgertmeler, umuman alnyp barylýan içeri we daşary syýasat barada gürrüň berdi. Hormatly Prezidentimize Ösüp barýan bazarlar akademiýasynyň hormatly akademiginiň diplomy dabaraly ýagdaýda gowşuryldy.

2009-njy ýyldan bäri «Türkmenistan – ABŞ» işewür geňeşiniň mejlisleri, 2010-njy ýyldan bäri türkmen-amerikan syýasy geňeşmeleri yzygider geçirilip gelinýär.

ABŞ Türkmenistandan, esasan, dokma senagat önümlerini satyn alýar. Türkmenistan bolsa ABŞ-dan häzirkizaman tehnikalaryny, «Keýs», «Jon Dir» kysymly oba hojalyk maşynlaryny, «Boing» kysymly uçarlary satyn alýar.

ABŞ-nyň halkara ösüşi boýunça agentligi (USAID) Türkmenistanda 1993-nji ýyldan bäri ykdysady ösüş, bilim, saglygy goraýyş, kanunçylyk-hukuk, durmuş ulgamlarynda bilelikdäki taslamalary amala aşyrýar.

2010-njy, 2013-nji ýyllarda ABŞ-da Türkmenistanyň Medeniýet günleri geçirildi. Nýu-Meksikanyň merkezi bolan Albukerke şäheri Aşgabat bilen doganlaşan şäherdir. Hormatly Prezidentimiz BMG-niň Baş Assambleýasynyň 66-njy mejlisine gatnaşmak üçin ABŞ-da bolanynda, meşhur Metropoliten muzeýine hem baryp gördi. Bu ýerde türkmen Liderine ABŞ-da neşir edilen «Türkmenistanyň zergärçilik sungaty» atly kitap sowgat berildi.

ABŞ-nyň «Medeni mirasy saklamakda ilçiler gaznasynyň» berýän grantlarynyň hasabyna Türkmenistanyň medeni we taryhy ýadygärlikleriniň ençemesinde (Seýitjemaleddin metjidi, Aksaraý diň we Ysmamyt ata dini toplumy, soltan Tekeşiň, Nejmeddin Kubranyň aramgähleri, Maşat ata metjidi) abatlaýyş we dikeldiş işleri geçirildi. Ýurdumyzyň paýtagtynda we welaýatlarda çagalar üçin amerikan filmleri yzygider görkezilýär.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Jorj Buş «Eýeçiligiň täze eýýamy» şygarynyň astynda nähili syýasaty, nähili çäreleri durmuşa geçirdi?
2. J.Buşuň döwründe ABŞ nähili ykdysady ösüşi başdan geçirdi?
3. Barak Obamanyň içeri syýasatda amala aşyran işleri barada aýdyp beriň.
4. XXI asyryň başlarynda ABŞ-nyň daşary syýasatynyň esasy ugurlary barada gürrüň beriň.
5. Amerikan-türkmen gatnaşyklarynyň ösüşi barada mysallara salgylanyp aýdyp beriň.
6. Internetiň maglumatlaryndan peýdalanyp, ABŞ-nyň ykdysadyýetiniň häzirki ösüş ýagdaýyny düşündiriň.

**Alýaska** – 1867-nji ýylda Prezident Jonsonyň döwründe döwlet sekretary bolan Uilýam Genri Stýuardyň başlangyjy bilen Russiýadan 7,2 million dollara satyn alyndy. 1896-njy ýylda bu ýeriň Ýukon etrabynda altynyň tapylmagy bilen amerikalylaryň köpüsi Alýaska ymtylypdyrlar. 1912-nji ýylda bu ýer ABŞ-nyň çägi diýlip yglan edilýär.

2 Sargyt № 1576

S. Hantington: **«XX asyr amerikan asyry boldy. XXI asyr hem amerikan asyry bolar»** – amerikan syýasaty öwrenijisiniň bu sözlerini düşündiriň!

## §2. Kanada



*Kanada – Demirgazyk Amerikada ýerleşen döwlet. Tutýan meýdany – 9 984 670 inedördül km (dünýäde ikinji ýerde). 2012-nji ýylyň ilat ýazuwynyň maglumatlaryna görä, ilatynyň sany 35 mln adam çemesi. Paýtagty – Ottawa.*

**XX asyryň II ýarymynda Kanadanyň syýasy ösüşi.** Kanada – Britan Arkalaşygynyň düzümine girýär. Iňlis şazenany resmi döwlet baştutany hasaplanýar. Şazenan Kanadanyň premýer-ministri bilen maslahatlaşyp, bu ýere general-gubernator belleýär. Kanada 10 sany awtonom welaýatdan we 3 sany merkeze tabyn bolan demirgazyk ýerlerinden durýar. Kanadanyň awtonom welaýatlarynyň hukuklary dünýäniň beýleki federasiýalarynyňkydan has ýokarydyr.

XX asyryň ikinji ýarymynda Kanadanyň syýasy durmuşynda konserwatiw we liberal partiýalary esasy rol oýnadylar. Olaryň arasynda liberallar köplenç saýlawlarda ýeňiş gazanyp, hökümete ýolbaşçylyk etdiler.

Öň Kanadanyň general-gubernatory Angliýadan iberilýärdi. 1952-nji ýylda Kanadanyň general-gubernatorlygyna ilkinji gezek kanadaly Winsent Messi bellenildi. Kanada Ikinji jahan urşundan soň Beýik Britaniýanyň, soňrak ABŞ-nyň täsirinde boldy. Emma Kanada syýasy we medeni garaşsyzlygyny berkitmäge gönükdirilen syýasaty alyp bardy. Netijede, Beýik Britaniýa tarapyndan bellenilýän general-gubernator döwletiň dolandyrylyşynda öňki ähmiýetini ýitirdi. Indi ol iş ýüzünde ýurduň syýasy durmuşyna goşulmaýar. Kanada içeri we daşary syýasatda

özbaşdak hereket edip başlaýar. 1982-nji ýylda ýurtda konstitusion özgertme geçirildi. Ol boýunça Kanadada Beýik Britaniýanyň kanun çykaryjylyk ygtyýarlyklary ýatyryldy. Kanada hakyky özbaşdak döwlete öwrüldi.

1993–2003-nji ýyllarda yzly-yzyna üç gezek parlamente saýlawlarda liberal partiýa ýeňiş gazandy. 10 ýyl çemesi bu partiýanyň lideri Žan Kretýen premýer-ministr boldy. Žan Kretýen 2003-nji ýylda liberal partiýanyň ýolbaşçysy wezipesinden aýryldy. Liberal partiýanyň ýolbaşçysy wezipesine Pol Martin saýlandy. 2003-nji ýylyň saýlawlarynda täze lideriň baştutanlygynda liberal partiýa ýene-de ýeňiş gazandy. Pol Martin 2003–2006-njy ýyllarda ýurduň premýer-ministri boldy. Emma 2006-njy ýylyň saýlawlarynda liberallar ýeňildiler. Uzak wagtlyk arakesmeden soň syýasy pikirdeşleri bilen birleşmegi başaran konserwatorlar partiýasy häkimiýete gaýdyp geldi. Olaryň lideri *Stiwen Harper* premýer-ministr boldy.



**Stiwen Harper**–Kanadanyň premýer-ministri. Ol 1959-njy ýylda Torontoda dogulýar. 1978-nji ýylda Toronto uniwersitetine okuwa girýär. Iki aýdan soň okuwyny taşlap, hat gatnadyjy, kompýuter ussasy bolup biraz işleýär. Soňra ol Kalgari uniwersitetine okuwa girip, ykdysadyýet ugruny tamamlaýar. 1985-nji ýyldan syýasata baş goşýar. Konserwatiw partiýanyň dürli wezipelerinde işleýär. 2004-nji ýyldan başlap partiýanyň lideri bolýar. 2006-njy ýylyň saýlawlarynda ýeňiş gazanyp, ýurduň premýer-ministri bolýar. 2011-nji ýylyň saýlawlarynda hem Stiwen Harperiň ýolbaşçylygyndaky konserwatiw partiýa ýeňiş gazandy. Beýleki kanadalylar ýaly, hokkeý bilen aýratyn gyzyklanýar. Soňky 10 ýylyň dowamynda hokkeýe bagyşlap kitap ýazdy.

**Fransuz-kanadalylaryň bölünijilik meýilleriniň artmagy.** Kanada aslynda Angliýadan we Fransiýadan göçüp baranlar tarapyndan özleşdirilipdi. Kanadanyň ilatynyň köprägi iňlis-kanadalylara, azragy fransuz-kanadaly-

lara degişlidi. Tutuş Kanada boýunça iňlis dillileriň täsiri güýçlüdi. Olar ýurduň syýasy-ykdysady durmuşynda esasy orunlary eýeleýärdiler. Kanada başga ýurtlardan täze göçüp gelýänler hem iňlis dilini öwrenip barýanlar bolandan soň, iňlis-kanadalylaryň hataryna goşulýardylar. Bu ýagdaý fransuz-kanadalylaryň närazylygynyň başlanmagyna getirýär.

Kanadanyň Kwebek welaýatynyň 80% ilaty fransuz-kanadalylar bolandygy sebäpli hut şol ýerde fransuz asyllylaryň milli özbaşdaklyk ugrunda hereketi başlanýar. Olar öz partiýasyny döredýärler. Hökümet hereketiň öňüni almak üçin eglişik etmäge mejbur bolýar. Fransuz dili, edil iňlis dili ýaly, döwlet dili diýlip jar edilýär. Döwlet emeldarlary ikinji döwlet dili bolan fransuz dilini bilmäge borçly edilýär. Bu kanun iňlis-kanadalylaryň garşylygyna getirýär.

Fransuz dilini döwlet dili derejesine galdyrmagy başaran fransuz-kanadalylar ilkinji ýeňişden ruhlanyp, Kwebegi özbaşdak döwlet etmek ugrunda herekete başlaýarlar. Welaýatda ilatyň esasy bölegininiň fransuz asylly bolandygyna bil baglap, özbaşdaklyk hakyndaky meseläni iki gezek referendum arkaly çözmekçi boldular. 1980-nji ýylyň maýynda Kwebekde ilkinji gezek referendum geçirildi. Oňa gatnaşyjylaryň 2/3 bölegi welaýatyň Kanadanyň düzüminden bölünip aýrylmagyna garşy ses berdi.

Emma bölünijilik hereketi dowam etdi. Bu hereketiň iň ýokary galan döwri 1995-nji ýyl boldy. Şol ýylyň noýabrynda Kwebegiň özbaşdaklygy meselesi boýunça ikinji gezek referendum geçirildi. Emma referendumda ilatyň ýarpysyndan birazajyk köprägi bölünip aýrylmaga garşy ses berdi. Şol referendumdan soň ilatyň üçden iki bölegi Kanadadan bölünip aýrylmaga ses berse, Kwebege özbaşdaklyk beriljekdigi barada kanun kabul edildi. Bu ýagdaý XXI asyryň başlaryndan başlap Kwebekde bölünijilik hereketiniň pese gaçmagy-

na getirdi. 2001-nji ýylda Kwebegiň ilatynyň bary-ýogy 12 %-i Kanadadan bölünip aýrylmaga ses berjekdiklerini aýtdylar.

**Kanadanyň ykdysadyýeti.** Kanadanyň ykdysady ösüşinde iki ýagdaýyň aýratyn oňyn täsirini duýmak bolýar. Olaryň birinjisi ýurtda tebigy baýlyklaryň has köpdügi, ikinjisi bolsa dünýäniň iň kuwwatly ýurdy bolan ABŞ bilen goňşudygydyr. Kanadanyň ilatynyň 80%-i ABŞ bilen serhetden 200 km aralykdaky ýerlerde ýaşaýarlar. Olar ABŞ bilen gatnaşyklardan köp peýda görýärler.

Kanadanyň ykdysadyýeti ABŞ bilen örän berk baglanyşyklydyr. Şonuň üçin ABŞ-da ösüş güýçli bolsa Kanada hem çalt ösýär. Eger ABŞ-da 2001-nji ýa-da 2008–2009-njy ýyllardaky ýaly krizis bolsa, Kanada hem dessine pese gaçýar. Emma kuwwatly goňşusynyň täsiri bilen krizislerden tiz çykmagy başarýar. Kanadanyň ABŞ bilen goňşy welaýatlary demirgazygyna garanda, ykdysady babatda has ýokary ösendir. Demirgazygynda ilat gaty az ýaşaýar. Demirgazygyna ilat göçürip eltmek baradaky alnyp barylýan çäreler gowy netije bermeýär. Şonuň üçin ýurduň demirgazyk böleginde iş alyp barýan kompaniýalar işçilerini möwsümleýin ýa-da gezekleşdirip işletmek şerti bilen tutmaly bolýarlar. Ol ýerlere günortalylar hemişelik ýaşamaga gitmek islemeýärler. Daşary ýurtlardan iş agtaryp barýanlary, köplenç ýurduň demirgazygyna ugradýarlar.

Hökümet soňky wagtlarda ýurduň ykdysady ösüşini ýokarlandyrmaga gönükdirilen syýasaty alyp bardy. Emma ykdysady gülleýiş ykdysadyýetiň ähli pudaklaryny we ýurduň ähli etraplaryny deň gurşap almady. Atlantikaýaka, Kwebek, Ontario welaýatlary garyp oba hojalyk etraplarydy. Ykdysady ösüş ýurduň merkezi welaýatlaryna, aýratyn-da Toronto we Monreala uly peýda getirdi. XXI asyryň başyndan 2014-nji ýyla çenli iki gezek ykdysady çökgünligiň bol-

magyna seretmezden, Kanadanyň ykdysady ösüşi ýokary boldy. Bu döwürde Kanadanyň JIÖ-niň umumy möçberi iki esseden hem artdy. 2013-nji ýylda Kanadanyň JIÖ-niň umumy möçberi 1 trln 860 mlrd amerikan dollaryna barabar boldy. 2012-nji ýylda Kanada ykdysady kuwwaty boýunça dünýäde 9-njy orny eýeledi.

**Daşary syýasaty.** Kanada soňky 25 ýyllykda has işjeň daşary syýasat ýöredýär. Ol dünýäniň «Uly 7-liginiň» agzasydyr. Ol ABŞ bilen ýakyn gatnaşyklarda bolsa-da, özbaşdak daşary syýasat ýöredýär. Halkara wakalaryna Kanadanyň öz garaýşynyň bolmagy XX asyryň ikinji ýarymyndan başlap onuň alyp barýan daşary syýasatynda has aýdyň duýulýar. Mysal üçin, ABŞ bilen Kubanyň gatnaşyklarynyň ýaramazlaşan şertlerinde-de ol Kuba bilen diplomatiki gatnaşyklaryny kesmedi. Ýa-da Hytaýyň adyndan 1971-nji ýyla çenli BMG-de Taýwanyň çykyş eden döwründe, Kanada HHR-iň halkara hukuklarynyň dikeldilmegi ugrunda çykyş etdi.

Dünýä arenasynda Kanada parahatçylyk döredijiniň we araçynyň roluny birnäçe gezek ýerine ýetirdi. Ol garşydaş taraplary ylalaşdyrmakda aýratyn işjeňlik görkezýär. Garyp ýurtlaryň bergileriniň geçilmegi ugrunda çykyş edýär. Şonuň üçin ösýän ýurtlaryň arasynda Kanada aýratyn hormata eýe.

Kanada ýadro ýaragyny edinmek baradaky syýasatdan el çekdi. Harby býujeti boýunça Kanada NATO-nyň agzalarynyň arasynda iň soňky ýerlerde durýar. Muňa seretmezden, Kanada halkara meselelerine degişli köp başlangyçlar bilen çykyş edýär. Ol 2001-nji ýylyň 11-nji sentýabryndaky terrorçylykly wakalardan soň halkara terrorçylygyna garşy berk göreş alyp barýar. Owganystanda talibanlaryň düzgünine garşy «Synmajak erkinlik» uruş hereketlerine gatnaşdy.

**Sorag we ýumuşlar:**

1. XX asyryň II ýarymynda Kanadanyň syýasy ösüşi hakda gürrüň beriň.
2. Fransuz-kanadalylaryň bölünijilik meýilleriniň sebäbi nämededi?
3. Kanadanyň ykdysady ösüşi barada gürrüň beriň.
4. ABŞ-nyň kanada ykdysadyýetine täsirini düşündiriň.
5. Kanadanyň daşary syýasatynyň esasy ugurlary barada gürrüň beriň.
6. Internetiň maglumatlaryndan peýdalanyp, Kanadanyň ykdysadyýetiniň häzirki ösüş ýagdaýyny düşündiriň.

**«Kanada»** sözi ilkinji gezek 1535-nji ýylda fransuz deňizde ýüzüjisi Jak Kartýe tarapyndan ulanylypdyr. Häzirki Kwebek şäheriniň golaýyndaky Stadakon atly indeý obasynyň ilaty öz taýpalaryna degişli ýerleri şeýle atlandyrýan ekenler. Soňabaka bu adalgany fransuzlar özleriniň mukaddes Lawrentiý derýasynyň ugrundaky bakna mülklerini atlandyrmak üçin ulanypdyrlar.

Planetamyzyň tokaýlarynyň 10%-i Kanadada ýerleşýär. Ýurduň gury ýer çäginiň 45%-i tokaýlar bilen örtülendir.

1956-njy ýylda Kanadanyň daşary işler ministri Lester B.Pirson Sues krizisiniň çözülmeginde we iňlis-amerikan gatnaşyklarynyň kadalaşdyrylmagynda uly rol oýnady. Munuň üçin oňa parahatçylyk boýunça Nobel baýragy berildi. **«Hakyky diplomaty beýleki adamlardan tapawutlandyrýan aýratynlyk – «ýok» sözüni «hawa» äheňinde aýtmagy başarmagydyr»** diýen meşhur sözler Pirsona degişlidir.

## §3. Ýewropa Bileleşigi



**Ýewropa Bileleşiginiň döreýşi we ösüşi.** Uruşdan soň utgaşykly ösýän Ýewropa emele geldi. Ýewropada birleşmek meýli ösdi. Ykdysady kynçylyklar olary has-da ýakynlaşdyrdy.

Ýewropa integrasiýasynda birnäçe tapgyry tapawutlandyrmak mümkin. 1948-nji ýylyň maýynda Gaagada bolan halkara kongresinde *Ýewropa bileleşigini* döretmek barada pikir aýdyldy. 1949-njy ýylyň 5-nji maýynda Strasburgda *Ýewropa Geňeşiniň* binýady goýuldy – 10 sany döwlet (Belgiýa, Daniýa, Fransiýa, Irlandiýa, Italiýa, Lýuksemburg, Niderlandlar, Norwegiýa, Şwesiýa, Beýik Britaniýa) umumy ýewropa medeniýeti, dünýägaraýşy hem-de demokratik ýörelgeler esasynda hyzmatdaşlyk etmek kararyna geldiler. 1950-nji ýylda adam hukuklaryny goramagyň Ýewropa konwensiýasy kabul edildi.

1951-nji ýylda Ýewropanyň alty ýurdy: Belgiýa, Niderlandlar, Lýuksemburg, Italiýa, GFR, Fransiýa *kömri we polady öndürmegiň Ýewropa bileleşigini* döretdiler. Alty döwlet bu önümlere gümrük paçlaryny ýatyrdylar. 1957-nji ýylda olar Ýewropa ykdysady hyzmatdaşlygyny (ÝYH) döretmek barada Rimde şertnama baglaşdylar. Ol «umumy bazar» adyny aldy.

**ÝYH guramasynyň Ýewropa Bileleşigi (Ýewrosoýuz) diýip adynyň üýtgedilmegi.** 1992-nji ýylyň 7-nji fewralynda Gollandiýanyň *Maastriht* şäherinde bolan maslahatda Ýewropa hyzmatdaşlygyny **Ýewropa Bileleşigi** (Ýewrosoýuz) diýip atlandyrmak karar edildi. Milli parlamentler tarapyndan tassyklamak işi bir ýarym ýyla çekensoň, 1993-nji ýylyň 1-nji noýabrynda *Maastriht ylalaşygy* güýje girdi. Maastriht ylalaşygynyň esasy mazmuny ýeke-täk ykdysady, sosial, hukuk, maglumat we medeni giňişligi döretmekden ybaratdy. 1993-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap ÝB-niň çäginde ýaşaýanlar, onuň çäginde ondan-oňa erkin hereket etmäge mümkinçilik aldy. Eger başda 6 döwlet bileleşige giren bolsa, 1973-nji ýylda Beýik Britaniýa, Daniýa, Irlandiýa, 1981-nji ýylda Gresiýa, 1986-njy ýylda Ispaniýa, Portugaliýa, 1995-nji ýylda Awstriýa, Finlýandiýa, Şwesiýa döwletleri girdiler. 2004-nji ýyl-




da ÝB Estoniýa, Litwa, Latwiýa, Polşa, Çehiýa, Slowakiýa, Sloweniýa, Wengriýa, Malta we Kipr girdi. 2007-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda bu guramanyň hataryna Bolgariýa bilen Rumyniýa hem girdi. 2013-nji ýylyň 1-nji iýulynda Horwatiýa ÝB iň täze – 28-nji agza boldy.

ÝB girmek üçin dalaşgär ýurtlar Ýewropa geňeşiniň Kopengagende kabul edilen (1993) we Madridde tassyklanan (1995) ölçeglerine laýyk gelmelidir. Ol ölçegler şulardan ybaratdyr:

– döwletde demokratik azatlyklaryň, adamyň erkinliginiň we hukuklarynyň berjaý edilmegi hem-de hormatlanylmagy:

– hukuk döwletiniň bolmagy;
– bäsdeşlige ukyply bazar ykdysadyýetiniň bolmagy;
– ÝB-niň umumy düzgünlerini we standartlaryny berjaý etmeklik.

2014-nji ýylyň başynda Türkiýe, Islandiýa, Makedoniýa, Serbiýa we Çernogoriýa ÝB-niň hataryna girmäge dalaşgär hökmünde çykyş edýärdi. Ýewropa Bileleşiginiň ştab-kwartirasy Belgiýanyň Brýussel şäherinde ýerleşýär.

ÝB şu edaralar ýolbaşçylyk edýär:

1) *Ýewropa Parlamenti,*
2) *ÝB-niň Geňeşi (ÝB agza döwletleriň hökümetlerine wekilçilik edýär),*
3) *Ýewropa Komissiýasy (ýerine ýetiriji gurama),*
4) *Ministrler Geňeşi,*
5) *Ýewropa sudy (kanunlaryň goragynda durýar),*
6) *Auditorlaryň geňeşi (býujete gözegçilik edýär).*



*Ýewropa Geňeşi* ýerine ýetiriji we kanun çykaryjy hukuklara eýedir. Ol, esasan, guramanyň syýasy ýolbaşçylygyny alyp barýar. Düzümine ÝB agza döwletleriň döwlet we hökümet baştutanlary, Ýewropa Geňeşiniň başlygy, daşary işler ministrleri girýär. Soňky döwürde Geňeşiň düzümini ykdysadyýet we maliýe, ýustisiýa, içeri işler, oba hojalygy ministrleriniň gatnaşmagynda hem çagyrmak tejribesi ulanylýar. Onuň ýylda iki gezek duşuşygy geçirilýär. Geňeşe her 6 aýdan agza döwletleriň biri baştutanlyk edýär. Duşuşyklaryň dowamynda bileleşigiň umumy ýagdaýy we möhüm syýasy meseleler, şeýle hem dünýä ykdysadyýetiniň we halkara gatnaşyklarynyň ýagdaýy ara alnyp maslahatlaşylýar. Ösüşiň ileri tutulýan ugurlary kesgitlenilýär. Strategik maksatnamalar kabul edilýär. Ministrler Geňeşi maslahatlaşylýan meselä görä, ministrleriň derejesinde

ýygnanýar we çözgütleri kabul edýär. Rotasiýa boýunça oňa her alty aýda bir agza döwlet ýolbaşçylyk edýär. *Ministrler Geňeşini* Ýewropa Geňeşi bilen garyşdyrmaly däl. *Ýewroparlamentiň* düzümine 5 ýyl möhlet bilen saýlanylýan 754 deputat girýär. Ýewroparlamentiň ştab-kwartirasy Fransiýanyň Strasburg şäherinde ýerleşýär. Şol ýerde bileleşigiň üç sany anyk ugry kesgitlenildi. Olar ykdysady-maliýe, umumy daşary syýasat we howpsuzlyk meseleleri hem-de hukuk goraýyş işlerinde bilelikde hereket etmekdir. 2014-nji ýylyň 22–25-nji maýynda Ýewroparlamente geçirilen nobatdaky saýlawlarda ultrasagçy we milletçi güýçleriň tarapdarlary öňki saýlawlardakydan köp ses aldylar. Bu meýilleriň Fransiýada we Angliýada güýçlenmegi bu utgaşygyň geljegi baradaky meseläni howp astynda goýdy.

2014-nji ýylyň iýunynda Lýuksemburgyň ozalky hökümet başlygy *Žan-Klod Ýunker* Ýewropa Komissiýasynyň başlyklygyna bellendi. Ol noýabr aýynda Žoze Manuel Barrozudan bu wezipäni kabul etdi.

**Amsterdam şertnamasy** (2.10.1997) ÝB-ni kämilleşdirmekde möhüm ädim boldy. Ol 1999-njy ýylyň 1-nji maýynda güýje girdi. Bu şertnama ÝB-niň ygtyýarlyklaryny giňeltdi. Oňa wiza, migrasiýa syýasaty, gaçybatalga, iş bilen üpjünçilik meseleleri goşuldy. Ýewropa parlamentiniň ähmiýeti güýçlendirildi. Ýewropa Komissiýasynyň başlygyna syýasy ýolbaşçynyň ygtyýarlyklary berildi. Umumy howpsuzlyk ulgamy döredildi. Ol ÝB-niň adyndan bir ýa-da birnäçe döwletler, şeýle hem halkara guramalary bilen ylalaşyklary baglaşmaga ygtyýar aldy. Munuň özi ÝB-niň halkara hukuksubýektliliginiň ykrar edilmegidi.

**ÝB-niň Konstitusiýasynyň taslamasy.** 2001-nji ýylyň noýabrynda GFR-iň kansleri Gerhard Şrýoder ilkinji gezek ÝB-niň Konstitusiýasyny kabul etmek pikirini öňe sürdi. Ol dessine britan diplomatiýasynyň goldawyna eýe boldy. Parižde-de bu pikir işjeň goldanyldy. 2002-nji

ýylyň oktýabrynda ÝB-niň geljekki konstitusiýasynyň taslamasy taýyn edildi. 2004-nji ýylyň 25-nji martynda Rimde Ýewropa Bileleşiginiň Konstitusiýasyna gol çekildi. Ony tassyklamak üçin agza döwletlere iki ýyl möhlet berildi. 2004–2005-nji ýyllarda Litwa, Wengriýa, Ispaniýa, Sloweniýa, Gresiýa, Italiýa, Slowakiýa, Awstriýa, Germaniýa ony tassykladylar. Emma 2005-nji ýylyň 29-njy maýynda Fransiýada, 1-nji iýunda Niderlandlarda geçirilen referendumda ÝB-niň Konstitusiýasyna garşy ses berildi. Brýussel sammitinde (16–17.07.2005) ratifikasiýanyň möhleti uzaldyldy. Şeýlelikde, umumy Konstitusiýa meselesinde Ýewropa döwletleri bir karara gelmegi başarmadylar.

**Ýewro pul zolagyna geçilmegi**. 1998-nji ýylda ÝB-niň Merkezi banky döredildi. 2002-nji ýyldan başlap ÝB girýän ýurtlar täze pula – *ýewro* geçip başladylar. Daniýa, Şwesiýa, Beýik Britaniýa öz milli pul birliginde galdylar.






Umumy puluň girizilmegi Ýewropanyň ykdysadyýetine gowy täsir etdi. Sebitiň maliýe ýagdaýy gowulandy. Puluň hereketine, hümmetine gözegçiligi ýola goýmaga mümkinçilik berdi. Umumy pula geçilenden soň 2002–2007-nji ýyllarda bileleşigiň ýurtlarynyň umumy ykdysady ösüşi 4% çemesi ýokarlandy. Utgaşygyň daşary söwdasyna umumy gözegçilik ýola goýuldy.

**Şengen wizasy.** 1985-nji ýylda ÝB girýän ýurtlarda raýatlaryň erkin wiza düzgüni ylalaşyldy. Ylalaşyk Lýuk-

semburgyň Şengen diýen ýerinde baglaşylandygy üçin *Şengen wizasy* ady bilen meşhurdyr. 1990-njy ýylda Şengen ylalaşygyny ulanmak barada konwensiýa gol çekdiler. Beýik Britaniýa we Irlandiýa gözegçiliksiz migrasiýadan çekinip, bu ylalaşyga goşulmadylar. 1995-nji ýylyň 1-nji iýulynda Şengen ylalaşygy gutarnykly güýje girdi. *Şengen wizasyna* Ýewropa Bileleşiginiň agzasy bolan ýurtlaryň tas ählisi diýen ýaly goşuldy. Norwegiýa, Islandiýa, Şweýsariýa we Lihtenşteýn ÝB-niň agzasy bolmasa-da, Şengen zolagyna girýärler.

ÝB-e Günbatar Ýewropa döwletleriniň ählisi girmedi. Norwegiýa 1972-nji, 1994-nji ýyllarda geçirilen referendumlarda oňa agza bolmakdan ýüz öwürdi. Şweýsariýa hem bu utgaşma girmeýär. Aýratyn hem, 2008-nji ýylyň maliýe-ykdysady çökgünligi ÝB-e agyr zarba urdy. Gresiýada, Ispaniýada, Portugaliýada defolt ýagdaýynyň dowam etmegi ÝB-niň iri döwletlerinde bu ýurtlary çökgünlikden çykarmaga pul serişdelerini bölüp bermek meselesinde nägilelige getirdi.

2008-nji ýyldan başlap ÝB «*Gündogar hyzmatdaşlyk*» maksatnamasyny yglan etdi. Onuň maksady öň SSSR-iň düzüminde bolan 6 respublikany – Ukrainany, Gruziýany, Azerbaýjany, Moldowany, Belarusy, Ermenistany ÝB-niň agzalygyna kabul etmäge taýýarlyk görmekdir.

**Türkmenistan – ÝB.** Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň nygtaýşy ýaly: «**Ýewropa ugry Türkmenistanyň daşary syýasat we daşary ykdysady strategiýasynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolupdy we şeýle bolmagynda galýar**». Hormatly Prezidentimiziň 2007-nji ýylyň noýabr aýynda Brýussele resmi sapary mahalynda Ýewropa Komissiýasynyň Prezidenti, Ýewroparlamentiň baştutany, ÝB-niň daşary syýasat we howpsuzlyk boýunça Ýokary wekili we beýleki wezipeli adamlar bilen duşuşyklary boldy.

ÝB-niň TASIS maksatnamasynyň çäklerinde Türkmenistanda tehniki taýdan ýardam bermegiň milli taslamalary amala aşyrylýar. Türkmenistan ÝB-niň nebit-gaz pudagynda (INOGEÝT), ulaglar ulgamynda (TRASEKA), ekologiýa babatda (Hazar Ekologiýa Maksatnamasy), serhetleri goramak we neşelere garşy göreşmek boýunça (BOMKA-KADAP), ylym-bilim ulgamynda («TASIS», «TEMPUS», «Erasmus mundus») sebitleýin maksatnamalaryna gatnaşýar.

2007-nji ýylda Türkmenistan bilen ÝB-niň arasyndaky söwda dolanyşygy 1,5 milliard amerikan dollaryna barabar boldy. Ýewropanyň ösüş we abatlaýyş bankynyň gatnaşmagynda Türkmenbaşynyň deňiz duralgasy döwrebaplaşdyryldy. Türkmenistanda meşhur Ýewropa kompaniýalarynyň ençemesi üstünlikli işleýär. 2010-njy ýylyň awgustynda ÝB bilen Türkmenistanyň arasyndaky täze söwda ylalaşygy güýje girdi.

2011-nji ýylyň 14–15-nji ýanwarynda Ýewropa Komissiýasynyň baştutany Žoze Manuel Barrozu ýurdumyza geldi. Türkmen tebigy gazyny Ýewropa bazaryna eltmegiň meseleleri gün tertibiniň esasy meselesi boldy. Hormatly Prezidentimiz türkmen gazyny Hazar deňziniň astyndan geçiriljek gaz geçiriji arkaly Ýewropa ibermegiň mümkinçiliklerine seretmegi, şeýle hem gysylan gazy ýörite ulaglarda suw ýoly arkaly eksport etmegi teklip etdi.

**Soraglar we ýumuş:**

1. Ýewropa ykdysady hyzmatdaşlygy haçan we näme maksat bilen döredildi?
2. Maastriht ylalaşygy Ýewropa utgaşygyna nähili üýtgetmeleri girizdi?
3. Kartany ulanyp, ÝB-niň agzalarynyň giňelmegini ýyllary bilen bilelikde aýdyp beriň.
4. ÝB haýsy edaralar ýolbaşçylyk edýär?
5. Şengen wizasy näme?

**Ýewropanyň Birleşen Ştatlary** adalgasyny ilkinji gezek italýan taryhçysy we ykdysatçysy **Karlo Kattaneo** ulanypdyr.

**Fransuz ýazyjysy Wiktor Gýugo** 1849-njy ýylda Parižde geçirilen III Parahatçylyk Kongresinde şu sözleri aýdypdyr: «**Wagt geler, şonda biz okeanyň üsti bilen birek-biregiň elini gysyp, dostlugyny berkidýän, özleriniň senagat önümleri, sungat eserleri, genial açyşlary bilen alyş-çalyş edýän, Ýer şarynda täzelikleri ýokary galdyrýan, iki sany ägirt uly güýji – adamlaryň dostlugyny we Hudaýyň keramatyny birleşdirýän Amerikanyň Birleşen Ştatlaryny we Ýewropanyň Birleşen Ştatlaryny göreris**».

Ispaniýa, Polşa, Finlýandiýa, Awstriýa Ýewropa konstitusiýasyna garşy çykdylar.

**Defolt** – döwletiň içerki we daşarky bergilerini tölemäge ykdysady mümkinçiliginiň ýokdugyny resmi jar etmegi we olary tölemekden ýüz öwürmegi.

## §4. Demirgazyk, Günorta, Merkezi Ýewropa ýurtlary

**Demirgazyk Ýewropa ýurtlary.** Bu ýurtlary iki topara – Skandinaw ýurtlaryna we Demirgazyk Ýewropanyň «kiçi ýurtlaryna» bölmek bolar. Bu sebitleriň hersi öz ösüş aýratynlyklary bilen tapawutlanýar.

**Skandinawiýa ýurtlary** Baltika deňzi arkaly Atlantika okeanyna çykalgasy bolan möhüm geosyýasy sebitde ýerleşýärler. Olara Finlýandiýa, Şwesiýa, Norwegiýa, Daniýa girýär. Çägi boýunça iň ulusy Şwesiýa, kiçisi Daniýadyr. Şwesiýa sebitiň iň köp ilatly döwletidir (9 mln adamdan gowrak). Döwlet gurluşy boýunça Finlýandiýadan başgalary monarhiýadyr.

*Şwesiýa* – dünýäde iň ösen döwletleriň biri. Ýurt innowasiýalaryň ýokary derejesi, yzygider kämilleşýän infra-

strukturasy, ýokary derejeli hünärmenleri bilen tanalýar. Ol öndürýän senagat önüminiň möçberi boýunça Norwegiýanyň, Finlýandiýanyň, Daniýanyň bilelikde öndürýäninden biraz yza galýar. Dünýäde «*şwed nusgasy*», «*şwed sosializmi*» hakda kän gürrüň edildi. Onuň syry döwletiň kärhanalaryň önümçilik işine goşulman, zähmet bazarynda aýratyn adalatly sosial syýasaty ýöretmegi bilen baglydyr. Netijede, ýurtda doly diýen ýaly iş bilen üpjünçilik gazanyldy, bilim ulgamy aýratyn goldawa eýe boldy. Halkyň ýaşaýyş derejesi dünýäde iň bir ýokary derejelere ýetdi. Bu ýerde meşhur «Wolwo» we «Saab» kysymly awtoulaglar öndürilýär. Şwesiýa «ABB», «Oriflame», «Scania», «Ericsson», «TELE2», «Electrolux», «TetraPak», «Alfa Laval», «SKF» ýaly meşhur kompaniýalary bilen dünýäde tanalýar.

2010-njy ýylda *Finlýandiýa* «Newsweek» žurnaly tarapyndan «*Dünýäniň oňat ýurtlarynyň*» sanawynda 1-nji ýere mynasyp görüldi. 2012-nji ýylda bolsa «Fund for Peace» amerikan gaznasy tarapyndan «*Dünýäniň iň durnukly ýurdy*» diýlip yglan edildi. 2013-nji ýylda «Çagalary halas ediň!» atly halkara guramasynyň doklady tarapyndan Finlýandiýa *enelik üçin iň gowy ýurt* diýlip bilindi. Halkara ykdysady forumynyň reýtingi boýunça Şweýsariýadan we Singapurdan soň Finlýandiýa bäsdeşlige ukyplylygy boýunça 2013-nji ýylda dünýäde üçünji ýeri eýeledi. Finlýandiýanyň raýatlary dünýäde iň ýokary salgytlary töleýärler (JIÖ-niň 48,2%). Finlýandiýanyň «Nokia» firmasy öýjükli telefonlary öndürmekde meşhurdyr.

*Norwegiýa* nebit we gaz gorlary boýunça Ýewropada öňdäki ýerde durýar. Demirgazyk deňziniň norweg zolagynda Günbatar Ýewropanyň ähli tebigy gazynyň ýarpysy jemlenendir. Norwegler tarapyndan dünýäde deňizde iň uly buraw platformasy guruldy. Norwegiýa nebiti we gazy gazyp almakda howpsuz tehnologiýalar bilen üpjünçilikde dünýä öňbaşçysydyr.

*Daniýa* – ilatyň durmuş derejesi dünýäde iň ýokary ýurtlaryň hataryndadyr. Şol bir wagtda Daniýa dünýäde ýaşaýyş iň gymmat düşýän ýurt hasaplanýar («Eurostat» statistiki agentliginiň 2009-njy ýyldaky maglumaty). Ol ýewrozolaga girmeýär. Daniýa Demirgazyk deňzinde 19 sany nebit-gazly ýataklary işläp bejerýär. Ol dünýäde ýeliň energiýasyny köp öndürýän ýurtlaryň biridir. 2011-nji ýylda ol energiýanyň şu çeşmesinden 6,5 mlrd dollar girdeji aldy.

**Demirgazyk Ýewropanyň «kiçi ýurtlary».** Bu ýurtlara Islandiýa hem-de Benilýuks ýurtlary degişlidir. Bu at şertlidir. Oňa çägi kinniwanja Lýuksemburgdan başga-da çägi-de känbir kiçi däl, ilaty-da gür bolan Belgiýa hem girýär. Olaryň arasynda tutýan meýdany boýunça ulusy Islandiýadyr. Bu ýurtlar syýasy durnuklylygyň, raýat ylalaşygynyň, adam hukuklaryna hormat goýmagyň, ilatyň ýaşaýyş derejesiniň ýokary, milli däplere sarpa goýulýan sebit hökmünde tapawutlanýar. Islandiýadan özgesi monarhiýa gurluşly döwletdir.

*Islandiýa* Ýewropa Bileleşiginiň agzasy däldir. Çünki ol balyk hojalygy bilen gününi aýlaýan ýurt. Şol sebäpli ol ÝB-niň öz ykdysadyýetiniň esasy pudagy bolan balykçylyga girizýän çäklendirmeleri bilen ylalaşmaýar. Emma ol Şengen ylalaşygyna girýär. Soňky döwürde alýuminiý önümçiligi, gaýtadan dikeldilýän energiýany öndürmek ýaly iri taslamalara, şeýle hem biotehnologiýalara, syýahatçylyga, informasion tehnologiýalara üns berilýär. 2007-nji ýylda BMG Islandiýany dünýäde ýaşamak üçin iň amatly ýurt diýip yglan etdi.

Islandiýa 2001-nji ýylda dünýäde parahatçylyk söýüjilik boýunça 1-nji ýerde durýar diýlip yglan edildi («Forbes» žurnalynyň maglumaty).

*Benilýuks ýurtlary.* Ikinji jahan urşundan soň Belgiýa, Niderlandlar, Lýuksemburg Benilýuks gümrük bileleşigini

3 Sargyt № 1576

döretdiler. 1960-njy ýylda ol köptaraplaýyn ykdysady bileleşige öwrüldi. Benilýuksyň ştab-kwartirasy Brýusselde ýerleşýär.

Niderlandlaryň ykdysadyýetiniň esasyny daşary söwda, Belgiýanyňkyny hyzmatlar pudagy we senagat, Lýuksemburgyňkyny bolsa, esasan, maliýe hyzmatlary düzýär. Antwerpen we Rotterdam dünýäniň iri portlarynyň hataryna girýär. Britan maýasynyň gatnaşmagynda gollandlar «Filips», «Ýunilewer», «Roýal datç Şell» ýaly dünýä meşhur kompaniýalary döretdiler. Niderlandlar Demirgazyk deňzinde tebigy gazyň uly gorlaryna eýedir. Onuň senagatynyň ähli ugurlary eksport ugruna ýöriteleşendir. Gaagada BMG-niň Halkara kazyýeti ýerleşýär. Lýuksemburg dünýäde ýaşaýyş derejesi ýokary bolan ýurtlaryň hataryndadyr.

**Günorta Ýewropa ýurtlary.** Olara Gresiýa, Ispaniýa, Portugaliýa degişlidir. Tutýan meýdany we ilaty boýunça ulusy Ispaniýa hasaplanýar. Ispaniýadan beýlekileri respublika gurluşly döwletdir.

2010-njy ýylda Ispaniýanyň daşary ýurtlara goýýan maýa goýumy öz içerki önüminiň 10%-ine deň boldy. Ispaniýa halkara syýahatçylygynyň iri merkezleriniň biridir. Bütindünýä syýahatçylyk guramasynyň maglumatyna görä, 2007-nji ýylda gelýän syýahatçylaryň sany boýunça Fransiýadan soň 2-nji ýeri eýeläpdi. 2010-njy ýylda ABŞ we Hytaý bu babatda ondan öňe geçmegi başardylar. 2011-nji ýylda ýurda 56,7 million daşary ýurtly syýahatçy geldi. 2004–2011-nji ýyllar aralygynda ýurduň bu pudakdan alýan girdejisi 35 milliard ýewrodan 60 milliard ýewro çenli artdy.

Gresiýa dünýäde söwda flotunyň gämi sany boýunça 3-nji ýerde durýar. Ispaniýanyň we Portugaliýanyň ykdysadyýetinde oba hojalygy agdyklyk edýär. Balykçylyk hem ykdysadyýetiň esasy girdeji çeşmesidir. Dünýä ykdysady çökgünligi Gresiýanyň we Portugaliýanyň ykdysadyýetine örän agyr zarba urdy. 2010-njy ýylyň baharynda grek ykdy-

sadyýeti defoltyň uçudyna geldi. ÝB-niň 16 döwleti we Halkara pul gaznasy 110 milliard ýewro möçberinde Gresiýa maliýe kömegini bermegi ylalaşdylar. Onuň şerti boýunça Gresiýa berk tygşytlylyk düzgünine geçmelidi, iş hakyny bir depginde saklamalydy. Ýurtda pensiýa ýaşy uzaldyldy, salgytlar köpeldildi. ÝB portugal ykdysadyýetine maýa goýumlary we kömek pullaryny yzygider iberýär.

**Merkezi Ýewropa ýurtlary.** Bu ýerde dünýäniň iki sany bitarap döwleti – Awstriýa we Şweýsariýa ýerleşýär. Olaryň ikisi-de federal döwletdir.

**Awstriýa** ilatyň jan başyna düşýän önümiň möçberi boýunça Ýewropa Bileleşigi ýurtlarynyň arasynda öňdäki orunda durýar. Wenada ÝHHG-niň kätipligi we MAGATE-niň, OPEK-nyň, BMG-niň industrial ösüş guramasynyň ştab-kwartiralary, BMG-niň neşe serişdelerine gözegçilik boýunça müdirligi ýerleşýär.

**Şweýsariýa** – dünýäniň maliýe merkezi. Iň bir kepillikli bank saýylýan Şweýsar bankynda dünýäniň köp ýurtlarynyň walýuta gorlary saklanylýar. Himiýa senagaty, optiki, ölçeg we beýleki abzallary, derman serişdelerini öndürmek şweýsar senagatynyň esasy ugurlarydyr. Şweýsariýa diýlende, dünýä meşhur ýokary hilli sagatlar göz öňüne gelýär. «Nestle» konserni azyk önümlerini, farmasewtika, kosmetika harytlaryny, çaga iýmitini öndürmekde dünýä meşhurdyr.

Şweýsariýada halkara guramalarynyň ençemesiniň (Halkara Gyzyl haç komiteti, Milletler Ligasy, Halkara zähmet guramasy, Bütindünýä söwda guramasy, Bütindünýä saglygy goraýyş guramasy, Halkara telekommunikasiýa birleşigi, Bütindünýä metrologiýa guramasy, BMG-niň Bosgunlaryň işi baradaky ýokary komissarlygy) ştab-kwartiralary ýerleşendir. Şweýsariýa resmi taýdan diplomatik gatnaşyklaryny kesen döwletlere özara araçyllyk edýär.

Dawos her ýylda Bütindünýä Ykdysady Forumynyň geçirilýän şäheridir. Ol syýasy liderleri, halkara işewürlerini

dünýäni gyzyklandyrýan ykdysady meseleleri ara alyp maslahatlaşmak üçin bir ýere jemleýär.

**Sebitiň döwletleri bilen Türkmenistanyň hyzmatdaşlygy.** Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow 2008-nji ýylyň 16–18-nji noýabrynda Awstriýa Respublikasynda, 2012-nji ýylyň 7–8-nji oktýabrynda Şweýsariýa Konfederasiýasynda resmi saparlarda boldy. 2011-nji ýylyň 12–13-nji oktýabrynda Awstriýanyň Federal Prezidenti Haýns Fişer Türkmenistana resmi sapar bilen geldi.

Awstriýa Ýewropanyň ýurtlarynyň tebigy gaza bolan islegini kanagatlandyrmaga gönükdirilen täze *Nabucco taslamasynyň* amala aşyrylmagy bilen içgin gyzyklanýar. 2009-njy ýyldan bäri Wenada we Aşgabatda bilelikdäki türkmen-awstriýa toparynyň mejlisleri yzygider geçirilýär. Awstriýada öndürilen «Harte» kysymly daş üweýji maşynlar ýurdumyzyň gurluşyk senagaty kärhanalarynda ulanylýar. 2008-nji ýylyň noýabrynda Wenada türkmen halylarynyň, 2010-njy ýylyň noýabrynda bolsa ýurdumyzyň dokma, haly we zergärçilik önümleriniň sergisi guraldy. Wenada Türkmenistanyň, Aşgabatda Awstriýanyň medeniýet günleri geçirildi. Türkmen-awstriýa dostluk jemgyýeti, «Galkynyş» atly türkmen-awstriýa simfoniki orkestri, türkmen-awstriýa «Galkynyş» žurnaly medeni hyzmatdaşlygyň pugtalanýandygynyň subutnamalarydyr.

Türkmenistan Şweýsariýadan gerbisidleri satyn alýar. Şweýsar tehnologiýalary Ruhabat etrabyndaky galla önümleri önümçilik toplumynda ornaşdyryldy. «Globe Interstar AG» kompaniýasy ýurdumyza seýsmiki stansiýalary we gurallary, Ylymlar akademiýasynyň Taryh instituty üçin rejeleýiş we antropologiki enjamlary hem-de abzallary iberdi.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Finlýandiýa haýsy görkezijileri boýunça dünýäde öňdeligi eýeleýär?

2. Şwed ykdysadyýetiniň esasy ugurlary nämeden ybarat?
3. Norwegiýanyň nebit-gaz senagaty nähili mümkinçiliklere eýe?
4. Benilýuks ýurtlaryna umumy häsiýetnama beriň.
5. Ispaniýanyň we Portugaliýanyň ösüş aýratynlyklary barada gürrüň beriň.
6. Dünýäde ilkinji bitarap döwlet hökmünde Şweýsariýanyň sebitde we dünýäde nähili ähmiýeti bar?
7. Internet ulgamyny peýdalanyp, sebitiň döwletlerindäki täzelikleri aýdyp beriň.
8. Türkmenistan bu sebitiň ýurtlary bilen gatnaşyklara nähili ähmiýet berýär?

**Finlýandiýa** entek Russiýanyň düzüminde mahaly, 1906-njy ýylda dünýäde aýallara ilkinji saýlaw hukugyny beren ýurtdur.

**Şwesiýa** dünýäde ilkinji bolup 1776-njy ýylda Konstitusiýasyna metbugat azatlygy hakda maddany girizen ýurtdur.

**Şwesiýa** 200 ýyllap dünýäde uruşlara, dawa-jenjellere goşulman, bitaraplygyny saklap gelýär.

**Alfred Nobel** (1833–1896)– şwed himigi, inženeri, dinamiti oýlap tapyjy, Nobel baýragyny esaslandyryjy.

XXI asyrda **Şwesiýada** familiýalar 1986-njy ýylyň kanuny boýunça düzgünleşdirilip, **çaga kakasynyň däl-de, ejesiniň familiýasy berilýär.**

**Şwed stoly** – bütin dünýäde kabul edilen skandinaw däbi. Onuň köki gadymdan gelýär. Skandinaw halklary uzak möhletleýin zaýalanman saklanýan naharlary – kakadylan balygy we eti, ösümlik köklerini we bakja önümlerini uly jamlarda saçaga goýupdyrlar. Gelen myhman, öz islegine görä, halan zadyndan geregini alyp, saçagyň başyna geçipdir. XX asyrda bu iýip-içmek dessury dünýäde däbe öwrüldi.

**Norwegiýa** – gadym yskandinaw dilinde ýurduň ady Norðrvegr – **«Demirgazyga tarap ýol»** diýmegi aňladýar.

Norwegiýada buthana döwletden aýry däldir. Kanuna laýyklykda, korol we ministrleriň ýarpysy lýuterançylyga ynanmalydyr.

Belgiýa, Niderlandlara, Lýuksemburga birinji bogunlary gysgaldylyp, **Benilýuks ýurtlary** diýilýär.

**Islandiýa** (isl. Ísland [ˈislant] – «**Buzlaryň ýurdy**» ýa-da «Buzly ýurt» diýmegi aňladýar.

**Reýkýawik** – dünýäniň iň demirgazyk, Ýewropanyň iň günbatar paýtagtydyr.

**Lýuksemburg** – nemes dilinden terjime edilende «lucilinburch» – «**Kiçi şäher**» diýmekdir.

**Awstriýanyň** ady gadymy «Österreich» diýen nemes sözünden gelip çykyp, «**Gündogar ýurdy**» diýmegi aňladýar.

**Nabucco** – Hazar we Ýakyn Gündogar sebitiniň gazyny Ýewropa eltmek taslamasy. Ol Türkiýäniň gündogar serhedinden başlap Awstriýanyň Baumgarten şäherine çenli 3300 km uzap gider.

## §5. Fransiýa



*Fransiýa Günbatar Ýewropada ýerleşen döwletdir. Tutýan meýdany 547 müň inedördül km bolup, ol Ýewropa Bileleşiginiň iň uly ýurdudyr. Ilaty – 2013-nji ýylyň maglumatlary boýunça 65,9 mln çemesi. Paýtagty – Pariž.*

**Žak Şiragyň ikinji prezidentlik döwründe ýurduň ösüşi.** 10-njy synpda öwrenişiňiz ýaly, 1995–2002-nji ýyllarda sagçy ugry goldanýan «Respublikany goldamak bileleşigi» atly partiýanyň öňbaşçysy Žak Şirak Fransiýanyň Prezidenti bolupdy. 2000-nji ýylda geçirilen ählihalk referendumyna laýyklykda Prezidentiň ygtyýarlyk möhleti 7 ýyldan 5 ýyla çenli azaldylypdy. 2002-nji ýylda Žak Şirak prezidentlige gaýtadan saýlanyldy. Bu gezek ol prezidentliginiň birinji möhletindäki şowsuzlyklary gaýtalamazlyga çalyşdy. Hususyýetçilige giň erkinlik berdi. Ykdysadyýete döwletiň gatyşmagyny çäklendirdi.

XXI asyrda Fransiýada birnäçe sosial meseleler ýüze çykdy. Olar Fransiýada daşary döwletlerden göçüp gelenler bilen baglydy. Ýurtda araplaryň we garaýagyz ilatyň sany köpdi. Milletara we sosial meseleler 2005-nji ýylyň başynda tolgunyşyklara getirdi. Ol Pariži, Liony we beýleki şäherleri gurşap aldy. Tolgunyşyk ýurtda ýaşlaryň arasyndaky işsizligiň artandygy bilen baglydy. 2006-njy ýylda ýurtda işe deslapky hakyna tutmak hakyndaky düzgüne garşy tolgunyşyklar güýçlendi. Tolgunyşyk hökümeti howsala saldy. Ol ýurtda ýaşlaryň arasyndaky işsizligiň artmagy bilen baglydy. Ýerli kanunlara laýyklykda, iş berijiniň işgäri işden boşatmaga hukugy gaty çäklendirilendi. Şonuň üçin olara tejribesiz ýaşlary işe almak bähbitsiz bolup durýardy. Hökümet bu meseläni çözmek üçin «Ilkinji gezek hakyna tutma hakda» kanuny taýynlady.

**Nikolýa Sarkoziniň prezidentligi.** 2007-nji ýylyň baharynda geçirilen prezident saýlawlarynda sagçylaryň öňbaşçysy *Nikolýa Sarkozi* ýeňiş gazandy.

**Nikolýa Sarkozi.** Ol 1955-nji ýylda dogulýar. 19 ýaşynda syýasata baş goşýar. 34 ýaşynda deputat bolýar. 38 ýaşynda ministr wezipesinde işläp başlaýar. Maliýe, ykdysadyýet, içeri işler ministrleri wezipelerinde işleýär. Ol «Halk hereketi ugrundaky bileleşik» partiýasynyň öňbaşçysydyr. 2007-nji ýylyň prezident saýlawlarynda ýeňip, Fransiýa respublikasynyň taryhynda 23-nji, Bäşinji respublikada hem 6-njy Prezident boldy (2007–2012).



2007-nji ýylyň iýunynda ýurduň parlamentine saýlawlar geçdi. Olarda Nikolýa Sarkoziniň partiýasy ýeňiş gazandy. Bu üstünlik N. Sarkozä öz öňe süren pikirlerini parlamentden geçirmäge mümkinçilik berdi, ýurtda syýasy durnuklylygyň saklanmagyna ýardam etdi.

XXI asyryň başyndan başlap Fransiýanyň ykdysady ösüşi haýallapdy. Soňky 25 ýylyň dowamynda Fransiýa

milli önüminiň jemi möçberi boýunça dünýäde 7-nji orunda bolanlygyndan ikinji onlugyň ýurtlarynyň hataryna geçdi. Fransiýada ykdysady galkynyşy döretjek özgertmeler zerurdy. Ony talap edip, çykyş edýänler köpeldi. Saýlawlaryň öňüsyrasynda N. Sarkozi ýurtda giň özgertmelere başlajakdygy barada söz beripdi. Halk özgertmelere garaşýardy, bu meselede N. Sarkozä bil baglaýardy. 2007-nji ýylyň oktýabr-noýabr aýlarynda Fransiýada jemgyýetçilik nägilelikleri we iş taşlaýyşlar boldy. Has-da ulag ulgamynyň işgärleriniň iş taşlaýşy giň gerime eýe boldy. Bu wakalary 2005-nji ýylyň tolgunyşygy bilen deňeşdirmek boljakdy.

2008-nji ýylda ýurduň Konstitusiýasyna düýpli üýtgeşmeler girizildi. Oňa laýyklykda, bir adama iki möhletden artyk prezidentlige saýlanmaga ygtyýar berilmeýärdi. Prezidentiň käbir çözgütlerine *weto* goýmaga parlamente ygtyýar berilýärdi. Parlamentiň komitetleriniň üstünden hökümetiň gözegçiligi çäklendirilýärdi. Prezidente ýylda bir gezek parlamentiň öňünde çykyş etmäge hukuk berilýärdi.

2012-nji ýylyň saýlawlarynda Nikolýa Sarkozi ýeňildi. Onuň ýerine sosialist *Fransua Olland* prezident boldy.



**Fransua Olland.** 1954-nji ýylda doglan. Täjirçilik barlaglarynyň ýokary mekdebini, syýasy barlaglar institutyny, milli dolandyryş mekdebini tamamlady. 1979-njy ýyldan bäri sosialistik partiýanyň agzasy. 1981-nji ýylyň saýlawlarynda Mitteranyň ykdysady geňeşçisi we onuň ynamdar wekili bolýar. 2001–2008-nji ýyllarda Týul şäheriniň meri. 2012-nji ýylyň prezident saýlawlarynda ýeňip, Fransiýa respublikasynyň taryhynda 24-nji, Bäşinji respublikada hem 7-nji Prezident boldy. Olland Fransiýanyň taryhynda 1920-nji ýyldan başlap Pol Deşanelden soň prezident saýlanýança ýekeje gezek hem ministr wezipesini eýelemedik syýasatçydyr.

2012-nji ýylyň 10-njy sentýabrynda Olland ýyllyk 1 mln ýewro girdejisi bolan raýatlaryň girdejisiniň 75%-ini sal-

gyt görnüşinde almak barada teklip bilen ýüzlendi. Emma Konstitusion sud ony inkär etdi.

**XXI asyrda Fransiýanyň ykdysady kuwwaty.** Fransiýa – ýokary derejede ösen senagat-oba hojalyk ýurdy. 2013-nji ýylda bolsa JIÖ-niň görkezijisi boýunça (2,739 trln dollar) Fransiýa dünýäde 9-njy orny eýeledi. 2009-njy ýylda Fransiýa senagata goýulýan daşary ýurt maýa goýumlary boýunça Ýewropada 1-nji ýeri eýeledi.

Fransuz kompaniýalary kosmonawtika, uçar gurluşygy, harby-senagat toplumlarynda öňdebaryjy tehnologiýalary bilen dünýä meşhurlygyny gazandylar. Fransiýa Ýewropada iň ýokary hilli ýolagçy uçarlaryny öndürýär. Fransiýa Ýewropada Germaniýadan soň ulag öndürmekde 2-nji ýerde durýan döwletdir. «Reno» we «Pežo» («Sitroen» olaryň soňkusynyň düzümine girýär) dünýä belli fransuz awtoulag öndürijileridir. Fransiýa ulag-kommunikasiýa ulgamynyň ösen ýurdy. Ýurtda ýokary tizlikli demir ýol ulaglary hereket edýär. La-Manş bogazynyň aşagyndan suwasty ötük arkaly ýokary tizlikli otlular Angliýa gatnaýar.

Ol konýakdyr çakyrlary, şeýle-de peýnirleri bilen meşhurdyr. Fransiýa – şampan içgisiniň watany. Ol gallany eksport edýär. Fransuz egin-eşikleri, aýakgaplary, gymmat bahaly şaý-sepleri, parfýumeriýa we kosmetika önümleri dünýä bazarlarynda uly meşhurlyk gazanan we isleg bildirilýän harytlardyr.

Fransiýa – halkara syýahatçylygynyň ösen ýurdy. Ortaýer deňziniň kenarlarynda deňiz şypahanalarynyň ençemesi bar. Ol ýurda gelýän syýahatçylaryň sany boýunça dünýäde birinjiligi eýeleýär. 2012-nji ýylda bu ýurda 83 mln syýahatçy gelip-gidipdir. Syýahatçylykdan ol her ýyl 43–44 milliard dollar ($) girdeji gazanýar.

**Daşary syýasaty.** 2003-nji ýylda Fransiýa NATO-nyň Yrakda geçiren harby hereketlerini goldamady. Şirak Ýewropa Bileleşiginiň Konstitusiýasyny işjeň goldap çykyş etdi.



Emma 2005-nji ýylda ony tassyklamak üçin geçirilen referendumda halk oňa garşy ses berdi.

N. Sarkozi prezident saýlawlarynda ýeňiş gazananda daşary syýasat babatda «Fransiýa Ýewropa dolanar» diýipdi. Ol, ilkinji nobatda, Ýewropa ýurtlary bilen giň gatnaşyklara ýol açjakdygyny, Ýewropa bileleşiginiň işine işjeň gatnaşjakdygyny aýtdy. 2009-njy ýylyň 4-nji aprelinde Fransiýa NATO-nyň harby düzümine gaýdyp geldi. 2008-nji ýylyň 18-nji fewralynda Fransiýa Kosowanyň garaşsyzlygyny ykrar etdi. ÝB baştutanlyk ediji hökmünde Sarkozi 2008-nji ýylyň tomsunda Günorta Osetiýa babatdaky harby çaknyşygy düzgünleşdirmekde Moskwa bilen Tbilisiniň arasynda araçy boldy. «Medwedew–Sarkoziniň» meýilnamasyna Gruziýanyň, Günorta Osetiýanyň, Abhaziýanyň prezidentleri hem gol çekdiler.

2013-nji ýylyň ýanwarynda Ollandyň görkezmesi boýunça fransuz goşuny Malidäki raýatara urşunyň soňuna çyk-

mak üçin bu ýere girdi. 2013-nji ýylyň dekabrynda fransuz goşuny Merkezi Afrika respublikasyna girizildi.

2014-nji ýylyň başynda Fransua Olland Türkiýede resmi saparda boldy. Bu 22 ýyldan soň Fransiýadan Türkiýä Prezident derejesinde amala aşyrylan taryhy sapardyr. Soňky 10 ýylda Fransiýadan Türkiýä 7,2 milliard dollar, yzyna bolsa 1,2 milliard dollar maýa goýuldy.

2014-nji ýylyň martynda HHR-iň başlygy Si Szinpiniň Fransiýa resmi sapary boldy. Saparyň barşynda 18 milliard ýewro bolan 50 sany ylalaşyga gol çekildi. 2012-nji ýylda bu iki ýurduň arasynda söwda dolanyşygy 56,3 milliard ýewro deň boldy.

**Fransiýanyň Türkmenistan bilen gatnaşyklary.** Fransiýa Türkmenistanyň Ýewropa Bileleşigindäki işjeň hyzmatdaşydyr. 2010-njy ýylyň 1–2-nji fewralynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Fransiýa Respublikasyna ilkinji resmi sapary boldy. Hormatly Prezidentimiz Fransiýa Respublikasynyň şol wagtky Prezidenti Nikolýa Sarkozi, premýer-ministri Fransua Fion, Senatyň başlygy Žerar Larşe bilen duşuşdy. Saparyň barşynda türkmen-fransuz biznes forumy geçirildi. Saparyň jemleri boýunça hökümetara ylalaşyklaryň birnäçesine gol çekildi. Gazanylan ylalaşyga laýyklykda «Enex process engineering S.A.» (Belgiýa) we «Schneider Electric» (Fransiýa) kompaniýalar konsorsiumy Aşgabadyň energiýa üpjünçiliginiň ygtybarlylygyny ýokarlandyrmak boýunça elektrik energetikasy babatda iri taslamany amala aşyrar.

Fransiýanyň «Total», «GDF» nebit-gaz kompaniýalary Hazaryň türkmen ýalpaklygyndaky uglewodorod serişdelerini işläp bejermäge gatnaşmak isleýärler. «Tehnip» kompaniýasy Türkmenbaşy şäherindäki nebiti gaýtadan işleýän zawodyň katalitik kreking desgasynyň gurluşygyny amala aşyrdy.

Dünýä belli «Buig» we «VINCI» fransuz kompaniýalary tarapyndan Türkmenistanda ägirt uly möçberli gurluşyk taslamalaryny amala aşyrylýar. «CIFAL», «Thales International» kompaniýalary hem türkmen bazarynda işjeň hereket edýärler.

Fransuz alymy Oliwýe Lekomt Kaka etrabyndaky Ulugdepe ýadygärliginde birnäçe ýyldan bäri gazuw-agtaryş işlerini alyp barýar. 2005-nji ýylda türkmen alymlary Fransiýada bolup, türkmen halkynyň taryhyna, medeni mirasyna dahylly golýazmalaryň ençemesiniň nusgasyny ata Watanymyza getirdiler.

2013-nji ýylyň ahyrynda Aşgabat–Pariž aralygynda howa gatnawy açyldy.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Žak Şirak nähili sosial-ykdysady özgertmeleri geçirdi?
2. 2005-nji ýylyň güýzünde Fransiýada nähili wakalar bolup geçdi?
3. 2007-nji ýylyň prezident saýlawlarynyň netijesi barada gürrüň beriň.
4. Fransua Olland haçan Fransiýanyň Prezidentligine saýlandy?
5. Fransiýanyň daşary syýasaty hakda aýdyp beriň.
6. Anyk maglumatlar arkaly türkmen-fransuz hyzmatdaşlygy hakda aýdyp beriň.
7. Internet maglumatlaryndan peýdalanyp, Fransiýanyň häzirki ösüş depgini hakda gürrüň beriň.

**Žan Monne (1888–1979)** – fransuz ykdysatçysy we maliýeçisi. Ýewropada kömrüň we poladyň birleşmesi baradaky Pariž ylalaşygyny (European Coal and Steel Community) baglaşmagyň gözbaşynda duran adam. Günbatar Ýewropa utgaşmasyna goşan goşandy üçin ol **«Ýewropanyň atasy»** adyny aldy.

«Forbes»-iň maglumaty boýunça dünýäniň ilkinji 20-ligine girýän kompaniýalaryň arasynda iri fransuz kompaniýasy bolan «Total» hem bar.

Parižiň Şarl de’Goll adyndaky howa menzili 2010-njy ýylda Ýewropada ýük dolanyşygy boýunça 1-nji, ýolagçy gatnatmakda 2-nji ýerde durdy.

## §6. Beýik Britaniýa



*Beýik Britaniýa Günbatar Ýewropada ýerleşýär. Tutýan meýdany – 243 809 inedördül km. Ilaty – 2013 - nji ýylyň maglumaty boýunça 63,3 mln adam. Paýtagty – London.*

10-njy synpda öwrenişiňiz ýaly, konserwatorlar 1979–1997-nji ýyllarda Beýik Britaniýany 18 ýyllap dolandyrypdylar. Tetçerden soňra konserwatorlar partiýasynyň meşhurlygy pese gaçyp başlady. Şonuň üçin 1997-nji ýylyň maý aýyndaky saýlawlarda olar ýeňildi. Häkimiýete leýboristler partiýasy geldi. Onuň ýolbaşçysy *Entoni Bleýeriň* ýolbaşçylygynda hökümet düzüldi.



**Entoni Bleýer** 1953-nji ýylda doglan. Oksford uniwersitetini tamamlap, hukukçy hünärini aldy. Paýtagta göçüp gelip, ýuridiki firmada işledi. 1983-nji ýylda leýboristler partiýasynyň adyndan parlamente deputatlyga saýlandy. E. Bleýer partiýa durmuşynda kärdeşler arkalaşyklarynyň täsirini çäklendirmegiň, olaryň işewürler bilen ylalaşykly syýasatyň tarapdarydy. 1994-nji ýylda partiýanyň öňbaşçysy saýlanýar. 1995-nji ýylda onuň teklibi bilen leýboristler partiýasy «Täze leýborizm» we «Üçünji ýol» syýasatyny saýlap alýar. 1997–2007-nji ýyllarda ýurduň premýer-ministri boldy.

Leýboristik partiýa öň işçileriň bähbidine gulluk edýärdi. Bleýer ony demokratik we sosialistik partiýa diýip jar etdi. Partiýanyň gyzyl baýdagynyň ýerine gyzyl bägül nyşan edilip alyndy. Leýboristler millileşdirmek syýasatyndan el çekdiler. Leýboristleriň ilkinji ädimi konserwatorlaryň öň inkär eden Ýewropa sosial hartiýasyna gol çekmegidir.

E. Bleýer öz syýasy maksatnamasyny «*Täze leýborizm*», ýa-da «Üçünji ýol» diýip atlandyrdy. Ony özüniň «*Üçünji*

*ýol*»: *täze müňýyllyk üçin täze syýasat*» atly kitabynda esaslandyrdy. Eýsem, iki asyryň sepgidinde britan jemgyýetini kämilleşdirmegiň bu «üçünji ýolunyň» özeni nämededi?

«*Üçünji ýol*», ozaly bilen, tetçerçiligiň berk galyba salnan käbir çärelerini inkär edýär. Ýöne onuň hususyýetçiligi goldamak tejribesini welin, kabul edip alýar. Ol leýboristleriň öňki ýörelgesinden hem el çekýärdi. Çünki köne garaýyş ykdysadyýeti sosializm ruhunda döwlete tabyn etmäge çagyrýardy. Bleýer bolsa, täze, gatyşyk ykdysadyýeti döretmegi teklip etdi. Döwlet hususy eýeçiligiň ösmegine ýakyndan goldaw bermelidi. E. Bleýer leýboristler partiýasynyň sosial ugurly maksatnamasyna hem gaýtadan seretdi. Döwlet raýatlaryň baş sosial goragçysy bolmalydy. Halk täze maksatnamany goldady.

**XXI asyrda Beýik Britaniýanyň ykdysady ösüşi.** E. Bleýeriň hökümeti hususylaşdyrmagy giňden goldady. 2000-nji ýylda poçta ulgamy hususylaşdyryldy. Angliýanyň bankynyň üstünden döwlet gözegçiligi aýryldy.



Sosial syýasatda uly öňegidişlikler gazanyldy. Bu babatda Beýik Britaniýa dünýäde öňdebaryjy ýurda öwrüldi. Zähmete bir sagatda tölenýän iş hakynyň iň aşaky möçberi kes-

gitlenildi. Ol Günbataryň ösen döwletlerindäki iň az zähmet hakyndan hem iki esse ýokarydyr. Işsizlik azaldy. 2005-nji ýylda soňky 30 ýylyň dowamynda bu görkeziji iň az möçbere geldi. Netijede, işsizler üçin tölenýän kömek pullary tygşytlanyldy. Tygşytlanan *5 mlrd* funt sterling saglygy goraýşy ösdürmäge gönükdirildi. Bilim ulgamy kämilleşdirildi. Beýik Britaniýa dünýä ylmynyň ösmegine saldamly goşant goşýan ýurtdur. Ýurduň alymlary ABŞ-dan soň Nobel baýraklaryna iň köp mynasyp bolanlardyr (2007-nji ýyla çenli alymlaryň 70 sanysy Nobel baýragyna mynasyp bolupdy).

Beýik Britaniýa dünýäniň bary-ýogy 1%-indenem az ilatyny tutýar. Muňa garamazdan, ösen döwletleriň bäşliginiň hataryna girýär. Onuň ýyllyk ösüşi ortaça 3% bolup, jemi dünýä önüminiň 3%-ini öndürýär. Angliýada JIÖ-niň ilatyň jan başyna düşüşi barha ýokarlanyp, işsizlik we puluň hümmetsizlenmegi has pes derejededir.

E. Bleýer Angliýada 3 gezek yzly-yzyna premýer-ministr saýlanan ýeke-täk syýasatçydyr. Emma ol üçünji möhleti tamamlanmanka, 2007-nji ýylyň 27-nji iýunynda iş başyndan meýletin aýryldy. Ol Ýakyn Gündogarda parahatçylyk meseleleri bilen meşgullanýan halkara derejeli diplomatyň wezipesine girişdi. Hökümete we şol partiýanyň öňbaşçylygyna onuň egindeşi *Gordon Braun* geldi.



**Jeýms Gordon Braun** – 1951-nji ýylda Glazgoda dogulýar. Edinburg uniwersitetini tamamlaýar. 1972–1975-nji ýyllarda şol uniwersitetiň rektory. 1976–1980-nji ýyllarda Edinburg we Kaledoniýa uniwersitetlerinde, 1980–1983-nji ýyllarda Glazgonyň tehnologiki kollejinde syýasaty öwrenişden leksiýa okaýar. Şotlandiýanyň telewideniýesinde halkara gatnaşyklary bölüminiň redaktory wezipesinde hem işleýär. 1983-nji ýyldan başlap iňlis parlamentiniň agzasy. 1997–2007-nji ýyllarda maliýe ministri boldy. Taryh ylymlarynyň doktory diýen alymlyk derejesi bar. 2007–2010-njy ýyllar aralygynda Beýik Britaniýanyň 74-nji premýer-ministri.

Braun içeri syýasatda britan biliminiň hilini ýokarlandyrmaga synanyşdy. Milli saglygy goraýyş ulgamy döwrebaplaşdyryldy. Onuň dolandyryşy dünýä maliýe ykdysady çökgünligine gabat geldi. Hökümet bank ulgamyny halas etmek, biznesi höweslendirmek barada tagalla etdi. Bu çäreler JIÖ-niň peselmeginiň öňüni almaga ýardam etdi. Emma hökümet karza batdy. Işsizlik soňky 14 ýylyň içinde iň ýokary derejä – 8%-e çenli, ýaşlaryň arasyndaky işsizlik bolsa 20%-e çenli artdy.

2010-njy ýylyň maý aýyndaky parlament saýlawlary leýboristlere ýeňiş getirmedi. 13 ýyl dowam eden «leýboristik zamana» tamamlandy. Konserwatorlar partiýasynyň 43 ýaşly lideri *Dewid Kemeron* liberal-demokratik partiýa bilen ylalaşyp, gatyşyk hökümeti düzdi. Saýlawlar liberal-demokratik partiýanyň hem syýasy sahnada işjeňleşendigini görkezdi. Ol Ikinji jahan urşundan soň ýurduň taryhynda känbir görnetin öňe çykmagy başarmandy.



**Dewid Uilýam Donald Kemeron** – 1966-njy ýylda Londonda dogulýar. Iton kollejini we Oksford uniwersitetini tamamlaýar. Uniwersiteti tamamlansoň, konserwatorlar partiýasynyň barlag merkezinde işläp başlaýar. 1993-nji ýylda Içeri işler ministrliginde ýörite maslahatçy bolýar. 1994–2001-nji ýyllar aralygynda «Carlton Communications» telekompaniýasynyň korporatiw gatnaşyklar boýunça direktory bolýar. 2005-nji ýyldan bäri konserwatorlar partiýasynyň öňbaşçysy.

Dewid Kemeron 1812-nji ýyldan bäri britan taryhynda iň ýaş hökümet baştutany boldy. Liberal-demokratlaryň lideri Nik Klegg partiýalaryň arasyndaky agzalalygy gyrada goýup, ýurduň umumy ösüşi we bähbitleri üçin konserwatorlar bilen bilelikde işleşmäge razylaşdy.

Kemeron çaga seretmek üçin döwlet kömek pullaryny tölemek baradaky wadasynda tapylmady. Bu sebäpli 2010-njy ýylyň 5-nji oktýabrynda ol öz saýlawçylaryndan ötünç soramaly boldy.

**Beýik Britaniýanyň daşary syýasaty.** Harby-syýasy babatda Beýik Britaniýa ABŞ-nyň iň ygtybarly hyzmatdaşy hasaplanýar. Ol NATO-nyň agzalarynyň köpeldilmeginiň we täsiriniň artmagynyň tarapdarydyr.

Beýik Britaniýa NATO-nyň Owganystanda, Yrakda, Ýugoslawiýada geçiren harby hereketlerine gatnaşdy.

2005-nji ýylyň tomsunda Londonda partlama boldy. Halkara terrorçylygyna garşy göreş Beýik Britaniýanyň syýasatynyň aýrylmaz bölegine öwrüldi. Gordon Braun Ýewropa Bileleşigine seresabrak çemeleşdi. Ol Afrikada garyplyga garşy göreşmäge gönükdirilen çärelere uly ähmiýet berdi. Beýik Britaniýa tarapyndan bu sebite berilýän kömegiň möçberini artdyrmak üçin tagalla etdi.

**Iňlis-türkmen gatnaşyklary.** Türkmenistan Beýik Britaniýanyň Merkezi Aziýa sebitindäki ygtybarly hyzmatdaşlarynyň biridir. Aşgabatdan Londona we Birmingeme howa gatnawy ýola goýuldy. Iňlis alymlary Türkmenistanda geçirilýän halkara ylmy maslahatlara işjeň gatnaşýarlar. 2010-njy ýylda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna» atly konseptual işi Angliýada iňlis dilinde neşir edildi. 2011-nji ýylyň 18-nji aprelinde iki ýurduň arasynda parlamentara hyzmatdaşlygy boýunça Memoranduma gol çekildi.

2008-nji ýylda Angliýanyň meşhur «Gaffney, Cline & Associates» kompaniýasy Türkmenistanyň gaz ýataklarynyň garaşsyz auditini geçirdi. «British Petroleoum», «Shell» iňlis kompaniýalary Türkmenistanyň ýangyç-energetika puda-

4 Sargyt № 1576

gyndaky işjeň hyzmatdaşlarydyr. 2008-nji ýylda Londonda «Türkmenistanyň nebiti we gazy – 2008» atly nebit-gaz forumy geçirildi. 2009-njy ýylyň fewralynda Aşgabatda türkmen-britan energetika biznes forumy geçirildi.

«Türkmenistan–Hytaý» gaz geçirijisiniň ikinji şahasynyň Amyderýa bilen kesişýän ýerinde üstaşyr geçelgäniň taslamasyny düzmek we ony gurmak üçin «Türkmengaz» döwlet konserni Beýik Britaniýanyň «PetroGas LLP» kompaniýasy bilen şertnama baglaşdy. Gurluşyk işlerine 2013-nji ýylyň noýabr aýynda başlamak we desgany 2015-nji ýylyň mart aýynda ulanmaga doly taýýar edip tabşyrmak göz öňünde tutulýar.

Türkmen milli walýutasynyň döredilmegine ýardam beren hem iňlis kompaniýalarynyň biridir. Kompaniýa türkmen hökümetiniň buýurmasy esasynda banknotlary, şaýy pullary, gymmatly numizmatik seriýalary öndürýär.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. E.Bleýeriň «Üçünji ýol» syýasaty Beýik Britaniýa nähili üstünlikleri getirdi?
2. XXI asyryň başynda leýboristik hökümet nähili sosial öňegidişlikleri gazandy?
3. Gordon Braun içeri syýasatda nämelere üns berdi?
4. Dewid Kemeron haçan hökümet baştutany boldy?
5. Iňlis-türkmen hyzmatdaşlygy barada gürrüň beriň.
6. Internetiň maglumatlaryndan peýdalanyp, Beýik Britaniýanyň häzirki ösüşi hakda gürrüň beriň.

Iňlis monarhlary «patyşalyk edýärler», ýöne dolandyrmaýarlar.

2004–2008-nji ýyllarda Beýik Britaniýada dünýädäki ylmy barlaglaryň 7%-i ýerine ýetirildi.

**E. Bleýer:** «Köp polýarly dünýä – bu birnäçe merkezli dünýädir. Bu merkezler, meniň pikirimçe, örän tizara özara bäsdeşlere öwrüler.

Bize bir sany dünýä merkezi gerek – goý, ol Ýewropa bilen Amerikanyň hem-de beýleki ýurtlaryň – Russiýa bilen Hytaýyň strategik hyzmatdaşlygyny goldasyn». 2003-nji ýylda aýdan bu jümlesinde Bleýeriň haýsy döwleti göz öňünde tutandygyny we bu konsepsiýa näme sebäpden Russiýanyň, Hindistanyň, Fransiýanyň we Germaniýanyň garşy çykandygyny düşündiriň.

## §7. Italiýa



*Italiýa Günorta Ýewropada, Apennin ýarymadasynda ýerleşen döwletdir. Tutýan meýdany – 301 340 müň inedördül km. Ilaty – 2013-nji ýylyň maglumatlary boýunça 61,4 mln adam. Paýtagty – Rim.*

**S. Berlusknoniniň (2001–2006) häkimiýeti we syýasy özgertmeler.** XX asyryň başynda belli bir derejede syýasy ýagdaý durnuklaşdy. 2001-nji ýylyň parlament saýlawlarynda *S. Berluskoniniň* baştutanlygynda sagçylaryň bileleşigi häkimiýete geldi. Berluskoniniň hökümeti 2006-njy ýyla çenli iş başynda boldy.

**Silwio Berluskoni.** 1936-njy ýylda dogulýar. Ol 1961-nji ýylda Milan uniwersitetini hukukçy hünäri boýunça tamamlaýar. Ýigrimi ýylyň dowamynda gurluşyk pudagynda işleýär. 80-nji ýyllaryň başynda Italiýada tölegli teleýaýlymy esaslandyrýar. 1986-njy ýylda Milan futbol klubunyň prezidenti bolýar. 1994-nji ýylyň başynda ol işewürlik işini goýup, syýasata baş goşýar. Italiýanyň 73, 78, 80-nji hökümet baştutanlary boldy.



Uruşdan soňra Italiýanyň taryhynda ilkinji gezek hökümet doly möhletde iş başynda boldy. Hökümet täze kon-

serwatorçylyk ugurly çäreleri durmuşa geçirdi. Ownuk telekeçilere salgyt azaldyldy. Emma hökümet ykdysady kynçylyklaryň öňüni alyp bilmedi. 2005-nji ýylda ýurtda hiç hili ykdysady ösüş bolmady diýen ýaly. Işsizligiň derejesi 8% bolmagynda galdy. Býujet ýetmezçiligi dowam edýärdi. Ýurduň günortasynda ilatyň 20%-i garyplyk derejesindedi.

**Romano Prodiniň hökümeti.** 2006-njy ýylyň saýlawlarynda *Romano Prodiniň* baştutanlygynda çepçi-merkezçi toparlanyşyk ýeňiş gazandy. Ol 2006-njy ýylyň maýyndan 2008-nji ýylyň başyna çenli Italiýanyň premýer-ministri boldy. Yrakda italýan goşun kontingentiniň sanyny artdyrmak bilen bagly hökümet krizisinden soň, 2007-nji ýylyň 21-nji fewralynda iş başyndan aýrylýandygyny mälim edýär. Emma ýurduň Prezidenti Jorj Napolitano şol wagt ony wezipesinde galdyrypdyr. 2008-nji ýylyň başynda parlamentde tarapdarlarynyň köplügini ýitirip, premýer-ministr wezipesinden aýrylýar.

Umuman, Ikinji jahan urşundan soň Italiýada hökümetleriň tiz-tiz çalşylyp durmagy adaty ýagdaýa öwrüldi. Ikinji jahan urşundan soň 2008-nji ýyla çenli geçen 63 ýylyň içinde 61 gezek hökümetiň çalyşmagy munuň aýdyň mysalydyr.

**S. Berluskoniniň üçünji hökümeti.** 2008-nji ýylyň maýyndaky parlament saýlawlarynda *Silwio Berluskoniniň* ýolbaşçylygyndaky sagçy bileleşik ýeňiş gazandy. Bu hökümet 2011-nji ýylyň 16-njy noýabryna çenli dolandyryşda boldy.

2013-nji ýylyň oktýabrynda Milan sudy Berluskonä 2 ýylyň dowamynda döwlet wezipesini eýelemegi gadagan edýän hüküm çykardy. Silwio Berluskoni iş başyndan aýrylansoň ýurduň parlamenti tarapyndan *Mario Monti* Ministrler Kabinetiniň başlyklygyna tassyklanyldy.

**Mario Monti.** 1943-nji ýylda dogulýar. Bokkoni uniwersitetini tamamlap, ykdysadyýet we menejment ugrundan alymlyk derejesini alýar. Ýel uniwersitetinde ykdysadyýet boýunça Nobel baýragynyň laureaty Jeýms Tobiniň ýolbaşçylygynda ylmy barlaglary alyp barýar. 1970–1985-nji ýyllar aralygynda Turin uniwersitetinde mugallymçylyk edýär. 1989-njy ýylda Bokkoni uniwersitetiniň rektory wezipesine bellenýär. 2005-nji ýylda ykdysady barlaglar boýunça «Breýgel» institutynyň ilkinji prezidenti bolýar. Ol Parižiň syýasy barlaglar institutynyň hormatly doktorydyr. Monti «Goldman Sachs» we «The Coca-Cola Company» halkara kompaniýalarynyň halkara geňeşçisi hasaplanýar. 2011-nji ýylyň 16-njy noýabryndan 2013-nji ýylyň 28-nji apreli aralygynda Italiýanyň 81-nji premýer-ministri boldy. 2011-nji ýylyň 18-nji noýabryndan 2012-nji ýylyň 11-nji iýuly aralygynda Italiýanyň ykdysadyýet we maliýe, 2013-nji ýylyň 27-nji martyndan 28-nji apreli aralygynda daşary işler ministriniň wezipesini hem eýeledi.



Italiýany ykdysady çökgünlikden çykarmak üçin Monti ykdysadyýeti liberallaşdyrmagyň we sagdyn bäsdeşligi dikeltmegiň tarapdarydy. Ol italýan ykdysadyýetini döwrebaplaşdyrmagyň açaryny ýewropa integrasiýasynda görýärdi. Dekabryň başynda onuň hökümeti çökgünlige garşy çäreleriň uly toplumyny tassyklady. Ol berk tygşytlylygy, döwlet çykdajylaryny azaltmagy, pensiýa ýaşyny 66 ýaşa çenli uzaltmagy göz öňünde tutýardy. Monti iş başyndan aýrylansoň, premýer-ministriň wezipesini gysga wagtlyk *Enriko Letti* eýeledi. 2014-nji ýylyň 14-nji fewralynda Enriko Letti özüniň iş başyndan aýrylmagyny Prezident Jorj Napolitanodan haýyş etdi.

*Matteo Rensi* Italiýanyň taryhynda iň ýaş hökümet baştutany boldy.



**Matteo Rensi.** 1975-nji ýylda dogulýar. Florensiýa uniwersitetini hukukçy hünäri boýunça tamamlaýar. Italýan syýasatçysy, döwlet işgäri. 2013-nji ýyldan bäri Demokratik partiýanyň öňbaşçysy. 2004–2009-njy ýyllarda Florensiýanyň prezidenti, 2009–2014-nji ýyllarda Florensiýanyň meri boldy. Ol «Men ýeňlişleri toplamagy däl-de, Italiýany çepçileriň dolandyrmagyny isleýärin» diýip nygtapdyr. 2014-nji ýylyň 22-nji fewralynda Italiýanyň 84-nji premýer-ministrligine saýlandy.

Matteo Rensiniň kabinetiniň deň ýarpysy zenanlardan ybarat. Rensi wise-premýeriň wezipesini ýatyrdy. Konstitusion suduň parlament saýlawlarynyň tertibi barada käbir düzgünler hem ýatyryldy.

**XXI asyrda Italiýanyň ykdysadyýeti.** Häzirki wagtda Italiýa dünýäde ösen senagat-oba hojalyk döwletidir. 2012-nji ýylyň maglumatlaryna görä, Italiýa jemi içerki önüminiň mukdary boýunça dünýäde 7-nji orny eýeledi (2,036 trln dollar). Dünýä ykdysady çökgünligi netijesinde Italiýa býujet ýetmezçiligi we döwlet bergileri boýunça ýewrozolakda ilkinji bäşlige girdi.

Italiýa dünýä bazaryna awtoulaglary, welosipedleri, mopedleri, traktorlary, kir ýuwujy enjamlary, sowadyjylary, dürli ýazyjy we hasaplaýjy, radioelektron enjamlaryny, polat turbalary, plastmassa we himiýa süýümlerini, awtoulag tekerlerini, oba hojalyk we azyk önümlerini, egin-eşikleri, aýnadan we faýansdan ýasalan önümleri, aýakgaplary, himiýa we nebit-himiýa senagatynyň önümlerini iberýär.

Italiýa oba hojalygy hem ösen döwlet. Ol dünýä bazarynda makaronlary, peýnirleri, zeýtun ýagy, çakyrlary, tomat we gök önüm konserwleri bilen meşhurdyr. Italiýa Ýewropada şalyny (ýylda 1 mln tonnadan gowrak), dünýäde we Ýewropada sitrus önümlerini (ýylda 3,3 mln tonnadan

gowrak), tomaty (5,5 mln tonnadan gowrak), üzümi (10 mln tonna golaý, şonuň 90%-i gaýtadan işlenip, çakyr ýasalýar), zeýtuny köp öndüriji iri döwletdir.

Italýan stilindäki «Italiýada öndürildi» diýen belgili «Ferrari», «Armani», «Alfa Romeo», «Lavazza», «Ferrero», «Gucci», «Cavalli», «Martini»... haryt nyşanlarynyň tutuş dünýäde hyrydary ýetik.

Italiýa öz energiýa serişdeleriniň hasabyna ýurduň hajatlaryny diňe 15% üpjün edip bilýär. 2004-nji ýylda Liwiýadan Sisiliýa adasyna çenli uzynlygy 600 km bolan suwasty gaz geçirijisi ulanmaga berildi.

Italiýa – halkara syýahatçylygynyň ösen ýurdy. Adriatik, Ion, Tirren, Liguriý deňizleriniň kenarlarynda deňiz şypahanalarynyň ençemesi bar. Alp daglarynyň günorta gerişleriniň Italiýada ýerleşmegi bu ýerde dag-lyža turizminiň ösmegine mümkinçilik berýär. Italiýa ýylda 50 milliondan gowrak syýahatçy gelýär. Ýurduň ähli milli girdejisiniň 12%-i hut şu pudakdan gelýär. Bu görkeziji boýunça ol Ýewropa Bileleşiginde Fransiýadan we Ispaniýadan soň 3-nji ýerde durýar.

Italýan gurluşyk firmalary daşary ýurtlarda hem işjeňlik görkezýärler. Geçen asyryň 60-njy ýyllarynda olar Afrikada 5 sany iri bendi gurdular.

**Italýan-türkmen hyzmatdaşlygy.** Italiýa Respublikasy Türkmenistanyň Ýewropa Bileleşiginiň çägindäki hyzmatdaşlyk edýän döwletleriniň biri. 1992-nji ýylyň 9-njy iýulynda iki döwletiň arasynda diplomatik gatnaşyklar ýola goýuldy. Ýangyç-energetika, söwda, dokma, azyk senagaty, öňdebaryjy tehnologiýalar pudaklary iki ýurduň arasynda hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlary hasaplanýar. Italiýanyň «Eni» nebit-gaz kompaniýasy türkmen uglewodorod serişdelerini işläp bejermäge gatnaşmaga isleg bildirýär. Ýurdumyzyň azyk, dokma we beýleki pudaklarynda Italiýanyň öňdebaryjy tehnologiýalary ornaşdyryldy.

2009-njy ýylyň 30-njy sentýabrynda Aşgabatda birinji türkmen-italýan biznes forumy geçirildi.

2009-njy ýylyň 24–25-nji noýabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Italiýa Respublikasyna resmi sapary boldy. Saparyň jemleri boýunça birnäçe hökümetara ylalaşyklara gol çekildi.

Italiýanyň «Pietro Fiorentini» kompaniýasy 2009-njy ýyldan başlap «Türkmengaz» döwlet konserni bilen uglewodorod çig malyny gazyp almak boýunça öz önümlerini ibermek bilen hyzmatdaşlyk edýär. Ol tebigy gazyň çykarylyşyny sazlamak, ölçemek, arassalamak boýunça ulgamlary öndürýär.

2010-njy ýylyň 14-nji sentýabrynda Aşgabatda türkmen-italýan işewürler maslahaty geçirildi. Onuň çäklerinde türkmen-italýan özara gatnaşyklarynyň, hususan-da, söwda-ykdysady pudakda, energetika babatda, gurluşykda, ulaglar we aragatnaşyk ugrunda, syýahatçylyk industriýasynda, telekeçilik ulgamy boýunça ileri tutulýan ugurlar anyklaşdyryldy.

2006-njy ýylda türkmen alymlary Italiýada, Watikanda bolup, türkmen halkynyň taryhyna, medeni mirasyna dahylly golýazmalaryň ençemesiniň nusgasyny ata Watanymyza getirdiler. Italiýanyň Turin uniwersitetiniň professorlary Antonio Inwernissi, Karlo Lippolis Nusaýda ençeme ýyldan bäri arheologiýa gazuwlaryny geçirýärler. Ligabuýe uniwersitetiniň professory Gabriell Rossi-Osmida Mary welaýatynyň Ajyguýy oazisinden türkmen alabaýynyň ystyhanyny tapdy. Agzalan uniwersitetiň alymlary Goňurdepede 10 ýylyň dowamynda geçiren barlaglarynyň netijesi hakda 2003-nji ýylda «Margiana Goňurdepe gonamçylygy» atly kitaby giň okyjylar köpçüligine ýetirdi. Türkmen alymlary Italiýanyň Afrika we Gündogary öwreniş institutynyň alymlary bilen bilelikde 2005–2007-nji ýylyň güýz möwsümlerinde Murgap derýasynyň hanasynyň aýagujuny öwrenmek maksady bilen Togalak, Tahyrbaý oazislerinde işlediler.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. S.Berluskoni ikinji we üçünji möhletde nähili wezipeleri çözdi?
2. Romano Prodiniň terjimehalyny gürrüň beriň.
3. Romano Prodiniň baştutanlygyndaky hökümetiň syýasaty barada aýdyp beriň.
4. Mario Montiniň hökümeti Italiýany çökgünlikden çykarmak üçin nähili syýasat alyp bardy?
5. XXI asyrda Italiýanyň ykdysady ösüşi hakda maglumatlara salgylanyp, gürrüň beriň.
6. Türkmen-italýan hyzmatdaşlygy hakda nämeleri bilýärsiňiz?

Has köp ýaýran pikire görä, **«Italiýa»** ady Gresiýadan gelip, **«Göleleriň ýurdy»** diýen manyny berýär.

**Antonio Inwernissi** dünýäde Parfiýa taryhyna we medeniýetine bagyşlanan ýeke-täk we ýöriteleşdirilen **«Parfika»** ýyllyk ylmy neşiriniň esaslandyryjysy we baş redaktorydyr.

## §8. Germaniýa

*Germaniýa Federatiw Respublikasy Merkezi Ýewropada ýerleşýär. Tutýan meýdany – 337,022 müň inedördül km. 2013-nji ýylyň maglumatlaryna görä, ýurtda 80,5 mln adam ýaşaýar. Paýtagty – Berlin.*



**Germaniýa Gerhard Şrýoderiň döwründe.** 1998-nji ýylda saýlawlar bolup, onda 16 ýyl arakesmeden soň sosial-demokratlar ýene-de häkimiýete geldiler. Olar «ýaşyllar» bilen bilelikde hökümet düzdüler. *Gerhard Şrýoder* 1998–2005-nji ýyllarda Germaniýanyň kansleri boldy.



**Gerhard Şrýoder** 1944-nji ýylda doglan. Kakasy Rumyniýa frontunda 1944-nji ýylda wepat bolan Gerhardyň çagalygy we ýetginjekligi kynçylykda geçýär. 1971-nji ýylda Gettingem uniwersitetini tamamlansoň, Gannowerde aklawçy bolup işleýär. Sosial-demokratik partiýanyň ýeňiş gazanmagy bilen, 1998–2005-nji ýyllarda Germaniýanyň kansleri bolýar. Lýudwig Erhardyň «Sosial bazar hojalygy» baradaky taglymatyna: «Döwletiň näçe harçlaýany däl-de, durmuş hyzmatlarynyň hili möhümdir» diýen düzedişi girizýär.

Gerhard Şrýoderiň hökümeti ilaty iş bilen üpjün etmäge, halka edilýän durmuş hyzmatlarynyň hilini gowulandyrmaga, pensiýa üpjünçiligini kämilleşdirmäge gönükdirilen çäreleri durmuşa geçirdi. Iri biznese salgytlar artdyrylyp, ownuk telekeçileriň töleýän salgytlary azaldyldy, az girdejili gatlak üçin salgyt ýatyryldy. Bilimiň hilini gowulandyrmaga degişli özgertmeler geçirildi. Ol ylma we bilime harajatlaryň 2 esse artdyrylmagyny göz öňünde tutýardy. Munuň özi ýaşlaryň ýokary tehnologiýalary talap edýän önümçiliklere işe ýerleşmek mümkinçiligini artdyrmaga gönükdirilendi. Işsizlere tölenýän tölegler azaldyldy. G. Şrýoderiň «*Zähmetiň hatyrasyna bileleşik*» atly çäreler toplumy ýurda uly üstünlikleri getirdi. Şrýoderiň içerki syýasatdaky bu ädimlerini B. Klintonyň we E. Bleýeriň özgertmeleri bilen deňeşdirmek mümkin.

**A. Merkeliň hökümetiniň içeri syýasaty.** 2005-nji ýylyň saýlawlarynyň netijesinde sosial-demokratlar ýeňildiler. Saýlawlarda ýeňiş gazanan hristian-demokrat-

laryň ýolbaşçysy *Angela Merkeliň* baştutanlygynda hökümet düzüldi. Bu hökümete ýurtda täsirli partiýa bolan, saýlawlarda gowy netijeleri gazanan sosial-demokratlaryň käbir wekilleri hem girizildi.



**Angela Doroteýa Merkel.** 1954-nji ýylda Gamburgda dogulýar. 1978-nji ýylda Leýpsig uniwersitetiniň fizika fakultetini tamamlaýar. 1978–1989-njy ýyllarda GDR-iň Ylymlar akademiýasynyň merkezi fizika institutynda işleýär. 1986-njy ýylda himiýa ugrundan kandidatlyk dissertasiýasyny goraýar. Germaniýanyň birleşdirilmegi bilen ol özüni syýasata bagyşlaýar. 1991–1994-nji ýyllarda aýallaryň we ýaşlaryň işleri boýunça, 1994–1998-nji ýyllarda tebigaty goramak boýunça federal ministr bolýar. 2000-nji ýyldan bäri Hristian-demokratik bileleşigiň öňbaşçysy. 2005-nji ýylyň 22-nji noýabrynda Germaniýanyň taryhynda ilkinji zenan kansler boldy.

XXI asyrda Germaniýanyň ykdysady ösüşi mese-mälim janlandy. 2002–2007-nji ýyllarda işsizleriň sany azaldy. Germaniýanyň birleşdirilmegi bilen bagly dörän wagtlaýyn kynçylyklar doly ýeňilip geçildi. Ýurt durnukly ykdysady ösüş ýoluna düşdi. Germaniýa Ýewropada ykdysady babatda iň kuwwatly ýurda öwrüldi. JIÖ-niň möçberi boýunça (2 trillion 811 milliard dollar) Germaniýa 2009-njy ýylda ABŞ-dan, Hytaýdan, Ýaponiýadan we Hindistandan soň dünýäde 5-nji ýeri eýeledi. Onuň bolsa, dünýäniň jemi JIÖ-däki paýy 3,9%-e, Ýewropa Bileleşiginde bolsa, takmynan, 30%-e deňdir.

2007-nji ýylyň birinji ýarymynda Germaniýa ÝB baştutanlyk etdi. Bu döwürde Merkel Ýewropa Konstitusiýasy baradaky şertnamany kabul etmek, daşky gurşawy goramak, energetika syýasaty, transatlantik hyzmatdaşlygyny çuňlaşdyrmak, Gara deňiz we Merkezi Aziýa sebitindäki döwletler bilen hyzmatdaşlygy berkitmek syýasatyny ileri tutdy.

2013-nji ýylyň sentýabrynda hem ýeňiş gazanyp, A. Merkel üçünji gezek hökümet baştutany boldy. Ol Sosial-demokratik partiýa bilen gatyşyk hökümet düzdi.

**Germaniýanyň daşary syýasaty** dünýäde parahatçylygy pugtalandyrmaga, demokratiýanyň ösdürilmegine we adam hukuklarynyň berjaý edilmegine gönükdirilendir. Germaniýanyň dünýäniň ähli döwletleri bilen diýen ýaly diplomatik gatnaşyklary bar. Germaniýa sebitde we dünýäde parahatçylygy goramaga uly goşant goşýan döwletdir. Ol dünýäde BMG-ä iň köp töleg töleýän döwletleriň biridir. NATO-nyň býujetiniň dörtden birini, Ýewropa Bileleşiginiň býujetiniň bäşden birini Germaniýa töleýär. Germaniýa – NATO-nyň parahatçylygy üpjün etmek boýunça operasiýalaryna (Owganystan, Serbiýa, Makedoniýa, Kosowo, Somali we beýlekiler) işjeň gatnaşdy. Nemes goşunlary Merkezi we Gündogar Afrikada BMG-niň köpmilletli güýçleriniň düzümine hem girdi. Germaniýa 2012-nji ýyldan başlap türk-siriýa serhedini NATO-nyň «Petriot» zenit toplumlary bilen goramaga gatnaşdy.

Germaniýa ýaraglanyşygy haýdatmazlyk ugrunda işjeň göreşýär. Bütin dünýäde himiýa ýaragynyň ulanylmagyny bes etmek hakyndaky Konwensiýanyň kabul edilmeginde Germaniýanyň mynasyp paýy bar.

Ýewropa ýurtlary, ABŞ, Kanada we Russiýa Germaniýanyň esasy hyzmatdaşlarydyr. Germaniýa Ýewropa Bileleşiginiň işine işjeň gatnaşýar. Germaniýa «uly 7-ligiň» ýurtlarynyň agzasy hökmünde halkara derejeli möhüm meseleleriň çözülmegine işjeň gatnaşýar. GFR Aziýanyň, Afrikanyň we Latyn Amerikasynyň ösýän ýurtlary bilen hem gowy gatnaşyklary saklaýar.

**Germaniýanyň Türkmenistan bilen gatnaşyklary.** Germaniýa Garaşsyz Türkmenistan bilen işjeň, dostlukly hyzmatdaşlygy ýola goýdy. Nebit-gaz pudagy, medisina, dokma senagaty, oba hojalygy, azyk senagaty, aragatnaşyk

we telekommunikasiýa iki ýurduň hyzmatdaşlygynda ileri tutulýan ugurlar hasaplanýar.

2008-nji ýylyň noýabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň GFR-e ilkinji resmi sapary boldy. Hormatly Prezidentimiziň nygtaýşy ýaly: «Dünýäniň ösen ykdysadyýetleriniň biriniň eýesi bolan Germaniýa Federatiw Respublikasy häzirki wagtda Türkmenistanyň söwda-ykdysady hyzmatdaşlarynyň esasylarynyň hataryna girýär».

«Teknip» kompaniýasy Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda çalgy ýaglaryny we parafin öndürýän desgalaryň gurluşygyny amala aşyrdy. Bu kompaniýa dizel ýangyjyny suwdan arassalaýjy desganyň gurluşygyny hem ýerine ýetirdi. «MAN» kompaniýasy Körpejedäki basyş stansiýasyny gurup ulanmaga tabşyrdy. «Simens» «Mannesman» bilen bilelikde «Günorta Gamyşlyja» ýatagynyň gurnalmagyny üpjün etdi. Owadandepede açylan gaz-beton zawodynyň tehnologik prosesleri Germaniýanyň «WEHRHAHN» firmasy tarapyndan taslanyldy.

Türkmenistan Germaniýada öndürilen ýokary hilli gulluk hem-de ýöriteleşdirilen awtoulaglary yzygiderli satyn alýar. «GLASS» kompaniýasynyň «Axion-850» kysymly traktorlary, «Lemken» kompaniýasynyň «EurOpal» azallary ýurdumyzyň welaýatlarynda möwsümleýin oba hojalyk işlerinde daýhanlaryň ýakyn ýardamçysyna öwrüldi. «Unionmateks» kompaniýasy Köneürgençde we Baharlyda un üweýän toplumlary hem-de däne elewatorlaryny gurdy. Ýurdumyzyň azyk senagatynda öňdebaryjy diýlip yglan edilen «Bereketli» hojalyk birleşigi, süýji-köke önümlerini öndürýän «Hasar» fabrigi Germaniýanyň tehnologik enjamlarynyň esasynda işleýär.

«Simens» telekommunikasiýalar, ýangyç-energetika toplumy, şol sanda döwrebap senagat we energetika enjamlaryny getirmek boýunça birnäçe taslamalary amala

aşyrdy. 2009-njy ýylyň 12-nji maýynda Aşgabatda «Simens» kompaniýasynyň Türkmenistan üçin häzirki zaman tehnologiýalary» atly biznes-forum geçirildi.

Türkmenistanyň barha çalt depgin bilen ösýän dokma toplumynyň kärhanalarynda belli nemes firmalarynyň tehnologik enjamlary oturdyldy. Häzirki wagtda dokma pudagyndaky tehnologik enjamlaryň umumy möçberiniň 25%-den gowragy german firmalarynyň paýyna düşýär. 2009-njy ýylyň ýanwar aýynda türkmen dokmaçylary Germaniýanyň Maýn boýundaky Frankfurt şäherinde geçirilen «Heimtekstil-2009» atly halkara söwda-satuw sergisine gatnaşdylar.

Ýurdumyzyň saglygy goraýyş edaralary Germaniýanyň kämil lukmançylyk enjamlary bilen enjamlaşdyrylýar. Germaniýanyň kompaniýalarynyň gatnaşmagynda Türkmenistanyň saglygy goraýyş ulgamynda iri taslamalar durmuşa geçirildi. «Simens» Aşgabat şäherinde S.A.Nyýazow adyndaky halkara medisina merkezini, 100 orunlyk Nefrologiýa merkezini gurdy we tehniki taýdan üpjün etdi, Aşgabat, Mary, Daşoguz, Balkanabat, Türkmenabat şäherlerindäki keselleri anyklaýyş merkezlerini we beýleki saglygy goraýyş maksatly binalaryň ençemesini medisina enjamlary bilen enjamlaşdyrdy.

**Sorag we ýumuşlar:**

1. G. Şrýoderiň içeri syýasatda geçiren çäreleriniň toplumy haýsy ady aldy?
2. A. Merkeliň Germaniýany mundan beýläk ösdürmekde durmuşa geçiren çäreleri barada aýdyp beriň.
3. Germaniýanyň daşary syýasatynyň esasy ugurlaryny kesgitläň.
4. Germaniýanyň Ýewropa Bileleşigindäki orny barada gürrüň beriň.
5. German-türkmen gatnaşyklarynyň soňky döwürde ösüşi barada metbugat täzelikleriniň esasynda aýdyp beriň.

Germaniýanyň çäklerinden Reýn, Dunaý, Elba, Wezer, Oder derýalary akyp geçýär.

**«Forbes» žurnaly** 2006, 2007, 2008-nji ýyllarda **Angela Merkeli dünýäniň iň täsirli zenany** diýip yglan etdi. «Time» žurnaly bolsa ony 2006 we 2007-nji ýyllarda Zeminiň iň täsirli adamlarynyň 100-lüginiň sanawyna goşdy.

Görnükli türkmen şahyry we akyldary **Döwletmämmet Azadynyň «Her kişi ot ýaksa – özi bişer. Gazsa her kim çah – oňa özi düşer»** diýen pähimi bütindünýä şöhratyň we hormatyň seýilgähi bolan **«Öňdengörüjileriň ýodasynda»** ýerleşdirildi. Ol Berliniň günorta künjegindäki esasy köçeleriň biri bolan Fridrihştrasse köçesindäki ÝUNESKO agza ýurtlaryň milli edebiýatlarynyň meşhur wekilleriniň setirleriniň toplumyny alamatlandyrýan açyk asmanyň astynda ýerleşdirilen sergide görnükli orny eýeleýär.

## §9. Gündogar Ýewropa ýurtlary

**Dargan Ýugoslawiýanyň çägindäki täze dörän döwletlerde etniki dawalar.** 10-njy synpda öwrenişiňiz ýaly, 23 million ilatly Ýugoslawiýa köpmilletli döwletdi. XX asyryň 90-njy ýyllarynyň başynda Ýugoslawiýa dargamaga başlapdy. Onuň düzüminde Serbiýa we Çernogoriýa galyp, galanlary özbaşdak döwlet boldular. 1992-nji ýylyň 14-nji martynda täze soýuz döwletiniň – Serbiýanyň we Çernogoriýanyň döredilýändigi baradaky ylalaşyga gol çekildi. Serbiýa we Çernogoriýa 1992-nji ýylyň 27-nji aprelinde Ýugoslawiýa Soýuz Respublikasyna (ÝSR) birleşdiler.

**Etniki dawalaryň ýitileşmegi.** Ýugoslawiýanyň dargamagynyň esasynda *serb meselesi* ýatyrdy. Ýugoslawiýa dargandan soňra emele gelen ähli täze döwletleriň düzüminde serb ilaty bardy. Serbiýa dargan Ýugoslawiýanyň çägindäki ähli serbleri bir döwlete birikdirip, Beýik Serbiýany döretmek isledi. Hut şol synanyşyk hem etniki, ýagny milletara çaknyşyklarynyň başlanmagyna getirdi. Serbiýa – Sloweniýanyň (1991ý., iýun); Horwatiýanyň (1991ý., sentýabr – dekabr); Bosniýa we Gersegowinanyň (1992ý., mart

– 1995 ý., dekabr) garşysyna uruş hereketlerini alyp bardy. 1993-nji ýylyň başyna çenli bu çaknyşykda 160 müň adam gyryldy. Ol Ýewropada Ikinji jahan urşundan soňky iň uly uruşdy. 1992-nji ýylyň maýynda BMG-niň Howpsuzlyk geňeşi Ýugoslawiýanyň garşysyna berk ykdysady sanksiýalary girizdi. Sentýabrda bolsa Baş Assambleýa ony BMG-niň hataryndan çykarmaklyga ses berdi. 1998-nji ýylda Serbiýada albanlar bilen serbleriň arasynda garşylyklaryň ýaragly çaknyşyklara ösüp geçendigini, Serbiýadaky ýagdaýy kadalaşdyrmak üçin 1999-njy ýylda NATO-nyň harby güýçleriniň ulanylandygyny 10-njy synpda öwrenipdik.

**Slowen-serb dawasy.** Sloweniýa ykdysadyýetiniň ösenligi sebäpli Ýewropa utgaşygyna basym goşulmaga ymtylýardy. Sloweniýa garaşsyzlygyny gazanan badyna Ýugoslawiýa bilen serhetýaka çaknyşmalary boldy. Ýewropa bileleşiginiň araçyllygynda geçirilen gepleşiklerde Belgrad öz goşunlaryny Sloweniýadan çykarmaly boldy.

**Serb-horwat dawasy.** Bu dawa iki döwletiň daşary syýasy ugry bilen baglydy hem-de dini-konfessional häsiýetlidi. Horwatiýa – german, Serbiýa – rus ugurly daşary syýasat ýöredipdi. Dini babatda serb prawoslawlary horwat katolikçiligi bilen oňuşmaýardy. Üstesine, Balkanlarda hojaýynçylyk etmek meselesinde olaryň arasynda taryhy basdaşlyk bardy.

Garaşsyz Horwatiýanyň ilkinji baştutany F.Tujman serblere garşy milletçilikli syýasat ýöretdi. Horwatiýanyň serb ilatly etraplary milli awtonomiýasyny döretmek ugrunda berk göreşe aýaga galdy. Serb ilaty referendum geçirip, 1990-njy ýylyň 21-nji dekabrynda Serb Kraýnasy (Serb ülkesi) atly awtonom oblasty döretdi. Resmi Zagreb ony ykrar etmedi. Taraplaryň arasynda ýaragly çaknyşyklar güýjedi. 1991-nji ýylyň 12-nji maýynda Serb Kraýnasynda ýene-de referendum geçirilip, onuň Serbiýa birigýändigi yglan edildi. Horwatiýanyň we Serb Kraýnasynyň serhedinde ýarag-

ly çaknyşyklara Ýugoslawiýadaky serb goşun birikmeleri goşuldy. Bu wakalar Günbatarda Horwatiýanyň arkasynyň alynmagyna, Serbiýanyň bolsa daşary syýasy babatda çetledilmegine getirdi. Çaknyşygyň gidýän ýerine BMG-niň parahatçylygy üpjün ediji güýçleri getirildi. Russiýanyň araçyllygynda 1994-nji ýylyň martynda Horwatiýa bilen Serb Kraýnasynyň arasynda resmi ýaraşyk gazanyldy. Emma gepleşikler petige diräp, ýene harby hereketlere başlandy. 1995-nji ýylyň maý we sentýabr aýlaryndaky «*Ýalpyldy*» we «*Tupan*» harby hereketleriniň netijesinde Horwatiýa serb goşunyny dargatdy. Ýugoslawiýa, Bosniýa we Gersegowina dawa goşulman saklandylar. Serb Kraýnasy dargadylandan soň dawalaryň merkezi Bosniýa we Gersegowina geçdi. Horwatiýa 1998-nji ýylda çäk bitewiligini doly dikeltdi.

**Bosniýa meselesi.** Bosniýa serbleriniň öňbaşçysy *Radowan Karajiç* Belgrady öňki Ýugoslawiýanyň çägindäki serb ilatyny birleşdirmäge başlamaga çagyrdy. 1992-nji ýylyň 9-njy ýanwarynda serb halkynyň Skupşinasy Ýugoslawiýa sosialistik federatiw respublikasynyň federatiw birligi hökmünde Serb Bosniýasy we Gersegowinasy respublikasyny jar etdi. 1-nji martda Bosniýa we Gersegowina doly garaşsyzlygyny yglan etdi. Respublikada musulman we serb goşun birikmeleri döredilip başlandy. Aprel aýynda serbler bilen musulmanlaryň arasynda açyk harby çaknyşyklar başlandy. ABŞ we ÝB dawany tutaşdyrmakda Serbiýany aýyppladylar. Dawa serbleriň, horwatlaryň, musulmanlaryň çaknyşygyna öwrüldi. Bu ýere girizilen BMG-niň «gök papaklylary» dawany kadalaşdyrmakdan ejiz geldiler. Hatda 1993-nji ýylyň sentýabryna çenli olara ýarag götermek gadagan edildi. NATO-nyň harby-howa güýçleri serb goşunlarynyň garşysyna «prewentiw» urgulary yzygider amala aşyrdy.

Rus diplomatiýasy dawalary kadalaşdyrmak isledi. Gazanylan ylalaşyga laýyklykda, serb goşunlarynyň çe-

5 Sargyt № 1576

kilen etraplaryna rus parahatçylygy üpjün ediji güýçleri ýerleşdirildi. 1994-nji ýylyň martynda ABŞ-nyň araçyllygynda Bosniýada we Gersegowinada horwat-musulman federasiýasyny döretmek ylalaşyldy. Emma bu ýagdaýy kadalaşdyrman, gaýtam ýitileşdirdi.

1995-nji ýylyň noýabrynda ABŞ-nyň Ogaýo ştatyndaky Deýton howa bazasynda horwatlaryň, serbleriň we bosniýa musulmanlarynyň öňbaşçylary (F. Tujman, S. Miloşewiç, A. Izetbegowiç) dawany düzgünleşdirmegiň ýörelgeleri barada ylalaşyga gol çekdiler. Onuň esasynda 15-nji dekabrda Parižde Bosniýa bilen Gersegowinanyň arasynda ýaraşyk barada ylalaşyga gol çekildi. Emma *Deýton ylalaşygy* milletara dawalarynyň soňuna çykyp bilmedi. Kosowodaky wakalar Ýugoslawiýadaky milletara dawalarynyň çürbaşy boldy.

**Kosowo wakalary.** Kosowo – Ýugoslawiýanyň günortasynda ýerleşen, Kosowo we Metohiýa ady bilen belli bolan awtonom ülke we taryhy etrap. Esasy şäheri – Priştina. Ülkäniň iri etniki topary albanlar bolup, 1991-nji ýylda olar ilatyň 77%-ini, serbler – 13%-ini, bosniýa musulmanlary – 4%-ini, syganlar – 2%-ini, çernogorlar – 2%-ini düzýärdi.

1945-nji ýylda Kosowo Serbiýanyň düzüminde awtonomiýa hukugyny alýar. Ýugoslawiýa 1974-nji ýylda Kosowo ülkesine federatiw respublikalar bilen deňeçer diýen ýaly hukuk berýär. Kosowarlara wyždan azatlygy kepillendirilipdir (Kosowonyň albanlarynyň 90%-i musulmanlardyr). 1989-njy ýylda Kosowoda albanlaryň nobatdaky tolgunyşygyndan soňra awtonomiýa hukugy çäklendirildi. 1992-nji ýylyň maýynda Kosowo Respublikasyny döretmek barada rugsat berilmedik referendum guralýar. Al-



**I. Rugowa**

banlar *Ibragim Rugowany* öz syýasy öňbaşçysy edip saýlaýarlar. Iş ýüzünde olar öz döwletini, saglygy goraýyş, bilim ulgamyny döredýärler.

1997-nji ýylda Albaniýada tutaşan raýatara urşy Kosowodaky ýagdaýa täsirini ýetirdi. Kosowodaky albanlaryň Beýik Albaniýany döretmek ugrundaky çykyşlary basylyp ýatyryldy. Kosowony azat ediş goşuny (KAEG) serb döwlet baştutanlaryna, howpsuzlyk güýçlerine garşy terrorçylykly hereketlere başladylar. Serbleriň howpsuzlyk güýçleri bolsa olary Albaniýa serhedine tarap gysyp çykardy.

1997-nji ýylda prezidentlige saýlanansoň, *Slobodan Miloşewiç* güýçli Ýugoslawiýany döretmek ugrundaky aýgytly hereketlere başlady. 1998-nji ýylyň martynda Kosowoda raýatara urşy başlandy. BMG we ÝHHG serbler bilen albanlaryň arasyndaky ýaragly çaknyşygy düzgünleşdirmäge synandy – Ýugoslawiýa Federatiw Respublikasyna üç ýyllyk şertnama baglaşmagy, şoňa laýyklykda NATO Kosowoda parahatçylygy we demokratik saýlawlary geçirmegi üpjün etmek maksady bilen 30 müň adamly goşun girizmegi teklip etdi. Ýugoslaw hökümeti muny özygtyýarly döwletiň içerki işlerine goşulmak hökmünde kabul etdi. Kosowonyň geljekki hukuk derejesi meselesi taraplaryň gatnaşyklaryny ýene-de dartgynlaşdyrdy. Serb tarapy ülkäniň özbaşdaklygynyň mundan beýläk artdyrylmagyna kes-kelläm garşy çykdy. Albanlar bolsa federasiýanyň düzüminden çykmagyna çenli öz ykbalyny özi kesgitlemek meselesini berk goýdular.

Günbataryň iri döwletleriniň we Russsiýanyň araçyllygynda 1999-njy ýylyň 7–23-nji fewraly aralygynda Rambuýada (Fransiýa) gepleşikler geçirildi. Emma ol puja çykdy. Ýaragly çaknyşyklar raýat ilatyň köpçülikleýin gyrylmagy bilen utgaşdy. Alban maşgalalary köpçülikleýin Albaniýa we

Makedoniýa bosgun bolup gaçdylar. Günbatar metbugaty serbleri albanlara garşy genosid syýasatyny alyp barmakda aýyplady. Arpel aýynda Kosowodan gaçan bosgunlaryň sany 780 müň adama ýetdi.

20-nji martda ÝHHG-niň missiýasy Kosowodan çykdy. 21-nji martda NATO Miloşewiçe talapnama ýollady – ABŞ Serbiýadan urşy bes etmegini, milletara dawasyny agyzdyryklamak üçin Kosowa BMG-niň goşunyny girizmäge rugsat bermegini talap etdi. Talap ýerine ýetirilmedi.

**Soraglar we ýumuş:**

1. Ýugoslawiýanyň dargamagynyň esasynda haýsy mesele ýatyryldy?
2. Serb-horwat dawasy nähili çözüldi?
3. Bosniýa dawasy hakda aýdyp beriň.
4. Kosowodaky alban-serb gapma-garşylygy nähili ýol bilen çözüldi?

Ýugoslawiýanyň häkimiýetine raýat boýun egmezlik hereketini gurandygy üçin **Ibragim Rugowa «Balkan Gandisi»** lakamyny aldy.

## §10. Gündogar Ýewropa ýurtlary (dowamy)

ABŞ, NATO boýunça, ýaranlary bilen Kosowoda uruş alyp bardy. «*Ýaranlyk güýçleri*» operasiýasynyň çäginde söweş hereketleri 1999-njy ýylyň 24-nji marty – 10-njy iýuny aralygynda 78 günläp dowam etdi. Ýaranlaryň maksady Kosowoda serb goşunynyň we polisiýasynyň alban musulmanlaryna garşy eden-etdiliklerini bes etmek hem-de Kosowonyň awtonomiýasyny dikeltmeklikdi. Urşuň netijesinde serb goşunlary Kosowodan çykaryldy. Kosowoda BMG-niň 50 müň adamdan ybarat halkara parahatçylygy goraýjy goşuny ýerleşdirildi. Şonuň 30 müňi NATO-nyň esgerleridi. Onuň düzüminde 3 müň adamly rus harby birikmeleri hem bardy.

NATO-nyň harby-howa güýçleri Serbiýanyň garşysyna 10 müňden gowrak bomba urgusyny etdi. Onuň ulag ulgamyny, nebiti gaýtadan işleýän zawodlaryny ýok etdi. Albanlar hem hasaba alnanda 5 müňden gowrak harby we raýat adamlar wepat boldy. Kosowodan 445 müň adam Makedoniýa, 70 müň adam Çernogoriýa, 250 müň adam Albaniýa, 75 müň adam Ýewropanyň beýleki ýurtlaryna bosgun bolup gitdiler. Bombalamalar netijesinde ýetirilen zyýan 100–130 mlrd dollar aralygyndadyr.

2000-nji ýylyň 28-nji sentýabrynda geçirilen ýerli saýlawlarda Ibragim Rugowanyň tarapdarlary ýeňiş gazandy. Emma Belgrad saýlawlaryň netijesini ykrar etmedi.

2001-nji ýyldan başlap Kosowo meselesini düzgünleşdirmekde ÝB-niň roly artýar. 2001-nji ýylyň baharynda KAEG-niň makedonlar bilen albanlaryň arasyndaky dawa goşulmagy netijesinde ýagdaý ýene ýitileşdi.

2001-nji ýylyň 17-nji noýabrynda Kosowonyň ýerli parlamentine saýlawlar geçirildi. Onuň netijesi 24-nji noýabrda BMG-niň Kosowodaky ýörite wekili tarapyndan ykrar edildi. Sesleriň köpüsini I. Rugowanyň ýolbaşçylygyndaky Demokratik liga aldy. 2002-nji ýylyň 4-nji martynda I. Rugowa Kosowonyň prezidentligine saýlandy.

2000-nji ýylyň sentýabrynda Ýugoslawiýada geçirilen saýlawlarda *Woislaw Koştunisa* prezidentlige saýlanyldy. Alban musulmanlaryny köpçülikleýin gyrmakda aýyplanyp, S. Miloşewiç 2001-nji ýylyň iýulynda Gaagadaky halkara tribunalyna berildi. 2002-nji ýylyň 14-nji martynda Ýugoslawiýanyň, Serbiýanyň we Çernogoriýanyň syýasy ýolbaşçylary Ýewropa Bileleşiginiň wekili Hawýer Solananyň araçyllygynda täze soýuz döwletiniň – Serbiýanyň we Çernogoriýanyň döredilýändigi baradaky ylalaşyga gol çekdiler. Şu uruşdan 9 ýyl geçensoň, ýagny 2008-nji ýylyň 17-nji fewralynda Kosowonyň parlamenti ýurduň döwlet



**Ý. Atifete**

garaşsyzlygy hakyndaky jarnamany kabul etdi. Kosowonyň özbaşdaklygyny 2014-nji ýylyň başyna çenli BMG-niň 108 agzasy (56%) ykrar etdi. 2010-njy ýylda BMG-niň Halkara kazyýeti Kosowonyň garaşsyzlygyny jar etmeginiň halkara hukugynyň kadalaryna ters gelmeýändigi barada maslahat beriş çözgüdini çykardy.

2011-nji ýylyň 7-nji aprelinden Kosowo Respublikasynyň prezidentligine hanym *Ýahýaga Atifete* girişdi.

Kosowo urşy milletara dawasyny güýç bilen ýok edip bolmajakdygyny görkezdi.

**Gündogar Ýewropa ýurtlarynda bazar ykdysadyýetine geçilmegi.** 10-njy synpda öwrenişiňiz ýaly, XX asyryň 80–90-njy ýyllarynyň sepgidinde Gündogar Ýewropada kommunistik ulgam dargapdy. Çünki ol SSSR-iň zory bilen döredilipdi. Başga döwletiň güýji bilen saklanan emeli jemgyýetçilik gurluşyň ir-u-giç dargamagy tebigy zat. Agdarylan sosialistik gurluşyň ornuna bazar ykdysadyýetli jemgyýetçilik gurluşyna geçildi. 1990–1991-nji ýyllarda geçen ählumumy saýlawlarda sebitiň ýurtlarynyň ählisinde diýen ýaly demokratik güýçler häkimiýete geldiler. Sebitden sowet goşunlary çykaryldy. «Şok terapiýasy» adyny alan liberal özgertmeler öňünden garaşylmadyk ýaramaz netijelere getirdi. Hususylaşdyrmagyň wauçer nusgasy ilatyň bähbidine bolmady. Jemi içerki önüm Bolgariýada we Rumyniýada 50%-e, Wengriýada we Çehoslowakiýada 25%-e, Polşada 20%-e çenli azaldy. Sebitde zähmete ukyply ilatyň 10%-i işsizdi.

Milli meseleler hem birneme dartgynlaşdy. Bolgariýadaky türk (10 mln gowrak), Albaniýadaky grek, Slowakiýadaky wenger, Wengriýadaky rumyn diasporasynyň syýasy we hukuk statusyny çözmek zerur boldy.

Bazar gatnaşyklaryna çalt geçilmegi bilen wagtlaýyn kynçylyklar döredi. Ol 1994-nji ýyldaky saýlawlarda käbir Gündogar Ýewropa döwletlerinde köne kommunistik garaýyşly güýçleriň häkimiýete dolanmagyna getirdi. Bu bolsa şol ýurtlardaky özgertmeleriň haýallamagyna sebäp boldy. 1996–1997-nji ýyllarda Polşada, Bolgariýada, Rumyniýada, Wengriýada kommunistik gurluşyň tarapdarlary häkimiýetden çetleşdirildi. Bazar ykdysadyýetiniň we demokratiýanyň tarapdarlary ýene dolandyryşa geldiler.

**Gündogar Ýewropanyň Ýewropa Bileleşigine integrasiýasy.** Ýewropa Bileleşigi garaşsyzlygyny dikelden Gündogar Ýewropa döwletleri bilen turuwbaşdan gyzyklandy. Brýussel maslahatynda (17.12.1997) Gündogar Ýewropada we SSSR-iň çäginde garaşsyzlygyny gazanan täze döwletleri ykrar etmegiň ölçegleri hakda Jarnama kabul etdi. ÝB Gündogar Ýewropa döwletleri babatda ilkibada olary assosirlenen agza hökmünde ÝB kabul etmek syýasatyny ýöretdi. 1991-nji ýylda şeýle şertnamalara Wengriýa, Polşa, Çehoslowakiýa gol çekdi. Soňra oňa Baltika ýurtlaryny hem goşmak bilen 10 ýurt goşuldy. 1993-nji ýylda ÝB Merkezi we Gündogar Ýewropa ýurtlarynyň Bileleşige agza bolmak mümkinçiligi barada möhüm syýasy çözgüt çykardy. 2004-nji ýylda ÝB Estoniýa, Litwa, Latwiýa, Polşa, Çehiýa, Slowakiýa, Sloweniýa, Wengriýa, Malta we Kipr girdi. 2007-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda bu guramanyň hataryna Bolgariýa bilen Rumyniýa hem girdi. 2007-nji ýylyň iýulyna çenli Bileleşigiň agzalarynyň sany 27-ä ýetdi. 2013-nji ýylyň 1-nji iýulynda oňa Horwatiýa girip, agzalaryň sany 28-e ýetdi.

**Gündogar Ýewropa ýurtlary bilen Türkmenistanyň dostlukly gatnaşyklary.** Türkmenistan Gündogar Ýewropa ýurtlary bilen dostlukly gatnaşyklary alyp barýar. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow

2008-nji ýylyň 16–17-nji iýulynda hem-de 2011-nji ýylyň 11–13-nji maýynda Rumyniýa Respublikasynda, 2009-njy ýylyň 26–29-njy iýuly aralygynda Horwatiýa Respublikasynda, 2009-njy ýylyň 26–27-nji awgustynda Bolgariýa Respublikasynda 2014-nji ýylyň 18–19-njy iýunynda Wengriýa Respublikasynda resmi saparlarda boldy.

2008-nji ýylyň 21–23-nji iýulynda Horwatiýanyň Prezidenti *Stepan Mesiç,* 2014-nji ýylyň 29–30-njy aprelinde Horwatiýanyň Prezidenti Iwo Ýosipowiç, 2008-nji ýylyň 18–20-nji dekabrynda Bolgariýa Respublikasynyň Prezidenti *Georgiý Pyrwanow,* 2009-njy ýylyň 21–22-nji iýulynda hem-de 2012-nji ýylyň 11–12-nji oktýabrynda Rumyniýanyň Prezidenti *Traýan Besesku,* 2011-nji ýylyň 8–10-njy noýabrynda Wengriýanyň Prezidenti Pall Şmitt, 2014-nji ýylyň 22–23-nji iýulynda Sloweniýanyň Prezidenti Borut Pahor resmi sapar bilen Türkmenistanda boldular.

**Rumyniýa** bilen Türkmenistanyň arasynda söwda-ykdysady, ýangyç-energetika, ulag we kommunikasiýa, gurluşyk, oba hojalygy hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlary hökmünde bellenildi. Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara topary hereket edýär. 2007-nji ýylda iki döwletiň arasyndaky haryt dolanyşygynyň möçberi üç esse artdy. 2008–2009-njy okuw ýylyndan bäri türkmen talyplarynyň bir topary Rumyniýanyň Ploýeşti şäherindäki nebit-gaz uniwersitetine okuwa ugradylýar. 2013-nji ýylda hormatly Prezidentimiziň «Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz» atly kitaby, Magtymgulynyň goşgular ýygyndysy rumyn dilinde neşir edildi.

2008-nji ýylyň 8–9-njy iýulynda **Wengriýa** Respublikasynyň Premýer-ministri Ferens Dýurçanyň Türkmenistana sapary boldy. Ýangyç-energetika ulgamyndaky hyzmatdaşlyk iki döwletiň arasyndaky hyzmatdaşlygyň esasyny düzýär. Wengriýa Russiýadan, Merkezi Aziýa respublikalaryndan we Azerbaýjandan gelýän nebit we

tebigy gaz marşrutlarynyň ugurlaryny köpeltmek bilen gyzyklanýar. 2010-njy ýylda Wengriýanyň «IKR Babolna» paýdarlar jemgyýeti Ýolöten etrabynda 50 müň tonna däne saklaýan elewatory gurup, ulanmaga berdi.

**Horwatiýa** Merkezi Aziýa sebitinde Türkmenistan bilen işjeň hyzmatdaşlygy giňeltmäge uly üns berýär. Öz gezeginde Türkmenistan Horwatiýa Respublikasyna Günorta-Gündogar Ýewropa we Balkan sebitinde möhüm hyzmatdaşy hökmünde garaýar. Taraplaryň hoşniýetli erk-islegleri we tagallalary arkaly soňky döwürde gatnaşyklar has konstruktiw we netijeli häsiýete eýe boldy. Ýangyç-energetika, telekommunikasiýalar, syýahatçylyk, senagat-raýat gurluşygy, farmasewtika, elektrotehnika, wagon gurluşygy iki döwletiň arasyndaky hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlary hasaplanýar. 2008-nji ýylda türkmen-horwat biznes forumy geçirildi.

Ýangyç-energetika toplumynda we ulag-kommunikasiýa pudagynda hyzmatdaşlyk **Bolgariýa** bilen Türkmenistany ýakynlaşdyrýar. Himiýa senagaty, syýahatçylyk we dynç alyş hem ileri tutulýan ugurlaryň hatarynda görkezildi. Bolgariýadan Türkmenistana azyk harytlary, metal önümleri, elektrik harytlary, dermanlar we beýleki önümler getirilýär. Bolgar maýasynyň gatnaşmagynda ýurdumyzda işleýän kärhanalar halk hojalygynyň desgalaryny gurýarlar, konsalting we marketing babatda ylmy barlaglary geçirýärler, lomaý söwdany guraýarlar, araçyllyk we daşary ykdysady işleri alyp barýarlar. Taraplar talyplary, aspirantlary we mugallymlary alyşmagy hem göz öňünde tutýarlar. Bolgariýanyň Prezidenti Georgiý Pyrwanowyň Türkmenistana resmi sapary mahalynda türkmen-bolgar hökümetara topary döredildi. Ilkinji türkmen-bolgar ykdysady forumy çözgütlerden anyk işlere geçmelidigini görkezdi.

2009-njy ýylyň 12–13-nji fewralynda Çehiýa Respublikasynyň hökümet baştutany Mirek Topolaneginiň ýolbaşçylygyndaky wekilçilikli topar Türkmenistanda saparda boldy.

**Soraglar we ýumuş:**

1. Gündogar Ýewropa ýurtlarynda bazar gatnaşyklaryna geçmegiň ilkinji tapgyrynda nähili ýalňyşlyklara ýol berildi?
2. Gündogar Ýewropa ýurtlary haçan Ýewropa Bileleşigine girdiler?
3. Gündogar Ýewropanyň haýsy döwletleriniň baştutanlary Türkmenistanda saparda boldular?
4. Gündogar Ýewropa ýurtlarynyň Türkmenistan bilen hyzmatdaşlygy hakda aýdyp beriň.

Dikuçar, otluçöp, şarikli ruçka, C witamini ýaly durmuşymyza mäkäm ornaşan zatlar wenger halkynyň wekilleriniň aň-zehininiň miwesidir.

Nobel baýragynyň dürli ugurlar boýunça eýeleriniň 13-si Wengriýandandyr.

Budapeşt dünýä paýtagtlarynyň arasynda kurort şäheri derejesine eýe bolan ýeke-täk şäherdir.

## §11. Russiýa



*Russiýa Federasiýasy gündogar Ýewropada we demirgazyk Aziýada ýerleşen döwlet. Ilaty – 2013-nji ýylyň başynda 143 million adamdy. Tutýan meýdany – 17 098 246 inedördül km. Tutýan meýdany boýunça dünýäde 1-nji ýerde durýar. Russiýa 18 sany ýurt bilen serhetleşýär. Paýtagty – Moskwa.*

**W.W. Putin. XXI asyryň başlarynda Russiýanyň ykdysadyýetiniň durnukly ösüşi.** 2000-nji ýylyň martynda *Wladimir Wladimirowiç Putin* Russiýanyň prezidentligine saýlandy.



**Wladimir Putin** – Russiýanyň ikinji Prezidenti. Ol 1952-nji ýylda Sankt-Peterburgda dogulýar. 1975-nji ýylda Leningrad uniwersitetiniň hukuk fakultetiniň halkara gatnaşyklary bölümini tamamlaýar. Döwlet howpsuzlyk komitetiniň düzüminde 1985–1990-njy ýyllarda Germaniýada harby gullukda bolýar. 1990-njy ýylda harby gullukdan meýletin aýrylýar. 1996–1997-nji ýyllarda Russiýanyň Prezidentiniň diwanynda işleýär. 1998–1999-njy ýyllarda Russiýanyň Federal howpsuzlyk gullugynyň başlygy, 1999-njy ýylda Howpsuzlyk Geňeşiniň başlygy wezipelerinde işleýär. 1999-njy ýylyň awgustynda ilki hökümetiň baştutanynyň wezipesini ýerine ýetiriji, soňra hökümet baştutany edilip bellenýär. B. Ýelsin iş başyndan meýletin aýrylandan soň, prezidentiň wezipesini ýerine ýetiriji bolýar. 2000-nji ýylyň martynda bolan saýlawlarda ýeňiş gazanyp, Russiýanyň ikinji Prezidenti boldy. 2004-nji ýylda ol bu wezipä ikinji gezek saýlandy. Dmitriý Medwedewiň prezidentligi döwründe «Bütewi Russiýa» partiýasynyň öňbaşçysy we ýurduň hökümet ýolbaşçysy boldy. 2012-nji ýylda Russiýanyň prezidentligine üçünji gezek saýlandy.

W. Putiniň prezidentliginiň birinji möhletinde *M. Kasýanow,* ikinjisinde *M. Fradkow,* soňragynda *W. Zubkow,* üçünjisinde *D. Medwedew* hökümete baştutanlyk etdiler. W. Putin Russiýanyň syýasy ulgamyny durnuklaşdyrmaga, ýurtda agzybirligi pugtalandyrmaga, demokratik özgertmelere gönükdirilen syýasaty alyp bardy. Hukuk özgertmesi geçirilip, kanunlar yzygider kämilleşdirildi.

Ykdysadyýetde salgyt we gümrük özgertmeleri geçirildi. Salgytlar 30%-den 13%-e çenli azaldyldy. Obada fermer hojalyklary döredildi. Ýere hususy eýeçilik girizildi. Daýhanlara ýeňillikli döwlet karz pullary berlip başlandy. Netijede, oba hojalygynda öňegidişlik başlandy. Hasyllylyk artdy.

W. Putiniň geçirýän özgertmeleriniň netijesinde Russiýada ykdysady galkynyş başlandy. Döwletiň daşary ýurtlara bergisi üzülip ugraldy. Sosial tölegler, aýlyk haklary, pensiýalar yzygider köpeldildi. Halkyň hal-ýagdaýy gowu-

landy. Geçirilen çäreleriň netijesinde Russiýanyň ykdysady kuwwatlylygy artdy.

XXI asyryň başlaryndan başlap Russiýanyň ykdysadyýeti durnuklaşyp, içerki önümiň öndürilişiniň ýyllyk ösüşi 6–7 %-e çenli ösdi. Beýle çalt depgin daşary ýurt maýadarlaryny gyzyklandyrdy. Olar Russiýanyň ykdysadyýetine uly maýa goýumlaryny goýup başladylar.

2005-nji ýylda bilim, ýaşaýyş jaý, agrosenagat toplumy, saglygy goraýyş babatda *milli maksatnamalara* badalga berildi. Bu pudaklara döwlet iri maýa goýumlaryny goýdy. 2007-nji ýylda nanotehnologiýalar boýunça korporasiýa döredildi. 2007-nji ýylyň güýzünde ýurdy ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli uzakmöhletleýin maksatnamasy işlenip düzüldi.

**D.Medwedewiň prezidentligi.** 2007-nji ýylyň 3-nji dekabrynda Russiýanyň döwlet Dumasyna saýlawlar geçirildi. Sesleriň köplügini «*Bütewi Russiýa*» partiýasy gazandy. Şol partiýanyň adyndan nobatdaky prezident saýlawlaryna dalaşgär hökmünde Dmitriý Medwedew hödürlenildi. Ony W.Putin hem goldady. 2008-nji ýylyň martynda Russiýada nobatdaky prezident saýlawlary geçirildi. Onda *Dmitriý Anatolýewiç Medwedew* Russiýanyň prezidentligine saýlandy.



**Dmitriý Medwedew** – Russiýanyň üçünji Prezidenti (2008–2012). 1965-nji ýylda Sankt--Peterburgda dogulýar. 1987-nji ýylda Leningrad döwlet uniwersitetiniň hukuk fakultetini tamamlap, hukukçy hünärini ele alýar. 1990-njy ýylda aspiranturany tamamlap, ýuridiki ylymlaryň kandidaty diýen alymlyk derejesini alýar. 1990–1999-njy ýyllarda öz tamamlan ýokary okuw mekdebinde mugallymçylyk edýär. Raýat hukugy boýunça ýazan okuw kitaby üçin 2001-nji ýylda Russiýa Federasiýasynyň hökümetiniň bilim boýunça baýragyna mynasyp bolýar. 1999–2003-nji ýyllarda Russiýanyň Prezidentiniň

administrasiýasynyň başlygynyň orunbasary wezipesinde işleýär. 2000-nji ýylyň iýunynda «Gazprom» açyk paýdarlar jemgyýetiniň direktorlar geňeşiniň başlygy bolýar. 2003–2005-nji ýyllarda Russiýanyň Prezidentiniň administrasiýasynyň başlygy bolup işleýär. D. Medwedew 2005-nji ýylyň 14-nji iýunynda hökümetiň başlygynyň orunbasary wezipesine bellenilýär. Prezidentlik möhleti tamamlanandan soň hökümet baştutany boldy.

---

D. Medwedew: «*Biziň ýurdumyz üçin esasy zat asuda we durnukly ösüşi üpjün etmekden ybaratdyr. Munuň üçin 10 ýyl durnukly ösüş zerur*» diýen sözleri öz syýasatynyň özenine öwürdi. Ol özgertmeleri başarjaňlyk bilen dowam etdirdi. Ilatyň ýaşaýyş derejesini we hilini ýokarlandyrmaga üns berdi. Milli taslamalar dowam etdirildi. Bilim ulgamy kämilleşdirildi. Döwlet telekeçilige goldaw bermegi üns merkezinde saklady. Russiýanyň ykdysadyýetine innowasion ösüş mahsus boldy.

**Putiniň üçünji möhletdäki prezidentligi.** 2012-nji ýylyň saýlawlarynda W. Putin ýeňiş gazanyp, üçünji möhletde Russiýanyň prezidenti wezipesine girişdi. Köpçülikleýin çäreler mahalynda düzgün bozmalar üçin jogapkärçilik güýçlendirildi. Ministrlere, Federasiýa Geňeşiniň we Döwlet dumasynyň agzalaryna, kazylara, harby gullukçylara, prokurorlara daşary ýurt banklarynda hasap açdyrmak gadagan edildi.

Russiýa tebigy baýlyklara baý döwletdir. Onuň ykdysady mümkinçilikleri hem ýokarydyr. Ol nebitiň we tebigy gazyň gorlary boýunça dünýä öňdeligini saklaýan döwletleriň biridir. Russiýa «*Demirgazyk akym*», «*Günorta akym*» taslamalary boýunça tebigy gazyny Ýewropa bazaryna eltmäge işjeň gyzyklanýar. 2014-nji ýylda W. Putiniň Hytaýa resmi sapary mahalynda Russiýa «*Gündogar akym*» taslamasy boýunça Hytaýa uzakmöhletleýin köp mukdarda öz tebigy gazyny satmak barada ägirt uly şertnama gol çekdi.

Russiýa 2008-nji ýylda başlanan dünýä ykdysady çökgünlikden çalt çykmagy başardy. 2010–2011-nji ýyllarda

ýurduň JIÖ-niň artyşy 8,7 % boldy. Halkara pul gaznasynyň maglumatlaryna görä, JIÖ-niň mukdary 2012-nji ýylda 2,463 trillion dollara deň boldy, bu görkeziji boýunça ol dünýäde 6-njy orny eýeledi.

Russiýa daşary ýurt maýa goýumlary üçin ygtybarly bazara öwrüldi. 2000–2010-njy ýyllar aralygynda bu ýurda maýa goýumlary 10 esseden gowrak (11–115 milliard dollar) artdy. 2011-nji ýylda bu görkeziji rekord derejä – ýylda 370 milliard dollara ýetdi. Munuň özi her günde rus ykdysadyýetine 1 milliard dollar maýa goýulýandygyny aňladýar. 2012-nji ýylda bu ýurduň ykdysadyýetine goýlan göni maýa goýumy 596,2 milliard dollar töweregi boldy. Şol ýyl Russiýanyň özi daşary ýurtlara 487 milliard dollar möçberinde maýa goýdy. Soňky 20 ýylyň dowamynda Russiýanyň ykdysadyýetine jemi 2,5 trillion dollar maýa goýumy goýlupdyr. 2012-nji ýyldaky ýagdaýa görä, Russiýanyň dünýä ykdysadyýetindäki paýy 4,1 %-e deň boldy.

Russiýa 2003-nji ýyldan başlap Braziliýa, Hindistan, Hytaý bilen bir hatarda dünýäniň çalt ösýän ykdysadyýetli döwletleriniň hataryna goşuldy. 2011-nji ýylda bu topara Günorta Afrika Respublikasynyň hem goşulmagy bilen onuň ady agza döwletleriň baş harplarynyň gysgaltmasynda BRICS diýlip üýtgedildi.

**Russiýa Federasiýasynyň daşary syýasaty.** Russiýa halkara terrorçylygyna garşy işjeň göreş alyp barýar. Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna girýän döwletler bilen hyzmatdaşlygy ösdürmäge aýratyn ähmiýet berýär.

Ýewropa Bileleşiginiň ýurtlary Russiýanyň esasy söwda-ykdysady hyzmatdaşlarydyr.

2001-nji ýylda Russiýanyň öňbaşçylygynda Russiýanyň, Hytaýyň, Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Täjigistanyň, Özbegistanyň gatnaşmagynda *Şanhaý hyzmatdaşlyk guramasy* döredildi. Russiýa Hytaýy we Hindistany stra-

tegik hyzmatdaşlary hasaplaýar. Russiýa Owganystanda talibanlaryň düzgünine garşy harby hereketlere ýakyndan kömek etdi. Ol Yrakda, Ýakyn Gündogarda milli ylalaşygyň gazanylmagy ugrunda çykyş edýär. Arap ýurtlary bilen Russiýanyň ýygjam ykdysady gatnaşyklary bar. Afrika, Latyn Amerikasy ýurtlary bilen hyzmatdaşlygyny berkidýär. Umuman, Russiýa halkara gatnaşyklarynda işjeň daşary syýasaty ýöredýär.

2012-nji ýylyň iýulynda Russiýa HHR bilen bilelikde BMG-niň Howpsuzlyk geňeşinde Siriýanyň garşysyna girizilen sanksiýalara garşy çykdy.

2012-nji ýylyň awgustynda Russiýanyň Bütindünýä söwda guramasyna girmegi tamamlandy.

2014-nji ýylyň 16-njy martynda geçirilen ählihalk sala salşygynyň netijesinde Ukrainanyň Krym awtonom ülkesiniň Russiýa Federasiýasynyň düzümine girýändigi karar edildi. 18-nji martda Krym Russiýa Federasiýasynyň täze subýektine öwrüldi. Bu halkara gatnaşyklarynyň dartgynlaşmagyna getirdi.

1997-nji ýylyň 2-nji aprelinde Belarus bilen Russiýanyň arasynda soýuz döwletini döretmek barada şertnama gol çekildi.

1994-nji ýylda Gazagystanyň Prezidenti Nursultan Nazarbaýew öňki SSSR-iň respublikalarynyň gatnaşmagynda bütewi gümrük we ykdysady giňişligini – *Ýewraziýa ykdysady bileleşigini* döretmek barada başlangyç bilen çykyş etdi. 2000-nji ýylda Astanada Ýewraziýa ykdysady bileleşigini döretmek barada Şertnama gol çekildi. 2006-njy ýylda Belarus, Russiýa, Gazagystan gümrük bileleşigini döretmek barada ylalaşdylar. Bu bileleşige beýleki döwletleriň hem goşulmak barada ymtylmalary bar.



**Russiýanyň Türkmenistan bilen gatnaşyklary.** Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Russiýanyň prezidentleri D. Medwedew we W. Putin bilen birnäçe gezek duşuşdy. Russiýa Federasiýasynyň, Gazagystanyň we Türkmenistanyň döwlet baştutanlarynyň 2007-nji ýylyň 12-nji maýynda Türkmenbaşy şäherinde geçen duşuşygynda Hazarýaka gaz geçirijisini gurmak meselesi ara alnyp maslahatlaşyldy. Şol ýylyň 20-nji dekabrynda Moskwada Hazarýaka gaz geçirijisini gurmakda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Türkmenistanyň, Russiýanyň, Gazagystanyň arasynda Ylalaşyga gol çekildi. Taraplar Nowyý Uzen (Gazagystan) – Bereket (Türkmenistan) – Gürgen (Eýran) demir ýoluny gurmaga gyzyklanma bildirdiler. Onuň gurluşygyna 2007-nji ýylyň 1-nji dekabrynda ak pata berildi. Bu ýol «Demirgazyk – Günorta» demir ýol taslamasynyň amala aşmagynda möhüm ädimdir. Ol sebitiň döwletlerine Pars aýlagyna göni çykmak mümkinçiligini döredýär. Ýoluň gazak-türkmen bölegi 2013-nji ýylyň maý aýynda ulanmaga berildi. Hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen Kazan–Aşgabat aralygynda «Ýüpek ýoly–2009» awtorallisi geçirildi.

2003-nji ýylda iki döwletiň arasynda gaz pudagynda işjeň hyzmatdaşlygy dowam etdirmek barada 25 ýyllyk döwletara ylalaşygyna gol çekildi. Russiýanyň «Stroýtransgaz» kompaniýasy Türkmenistan–Hytaý gaz geçirijisiniň türkmen bölegini – Malaý–Bagtyýarlyk aralygynda gaz geçirijini gurdy. Russiýanyň «Itera» kompaniýasy Hazar deňziniň türkmen böleginiň 21-nji blogunda önümi paýlaşmak hakyndaky Şertnama laýyklykda iş alyp barýar. Kompaniýa Merkezi Garagumuň iri gaz ýataklaryny Ýylanly gaz gysyjy desgasy bilen birleşdirýän uzynlygy 200 km bolan gaz geçirijini gurdy. «Itera» Balkan we Lebap welaýatlaryndaky häzirki zaman atçylyk aýlawlaryny gurup, ulanmaga berdi.

Russiýa 2008-nji ýylda Türkmenistanyň daşary söwdasynda 1-nji orny eýeledi. Şol ýylda iki döwletiň arasyndaky haryt dolanyşygy 6,9 mlrd amerikan dollaryna ýetdi. 2013-nji ýylda

iki ýurduň arasyndaky haryt dolanyşygynyň umumy möçberi 5,3 mlrd dollara deň boldy. Şol ýylda himiýa önümleri (esasan polipropilen) Russiýa iberilen harytlaryň 56,6%-ini, dokma önümleri bolsa 38,3%-ini düzdi. Munuň özi Russiýa iberilýän türkmen gazynyň mukdarynyň azalandygyny görkezýär.

Russiýa Federasiýasynyň 60 subýekti Türkmenistan bilen ysnyşykly hyzmatdaşlygy ýola goýdular.

2009-njy ýylyň aprelinde Türkmenistanda Russiýanyň, 2010-njy ýylyň iýunynda bolsa Russiýada Türkmenistanyň medeniýet günleri geçirildi. Türkmen ýaşlarynyň birnäçesi Russiýanyň ýokary okuw mekdeplerinde bilim alýarlar.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. W. Putin haýsy ugurlar boýunça milli maksatnamalara badalga berdi?
2. Russiýanyň ykdysadyýetine daşary ýurt maýadarlarynyň ünsi näme sebäpden artdy?
3. D. Medwedewiň prezidentlik döwründe Russiýada nähili öňegidişlikler boldy?
4. Sanlara salgylanyp, Russiýanyň ykdysady görkezijileri barada gürrüň beriň.
5. XXI asyryň başlarynda Russiýanyň daşary syýasatyndaky möhüm zatlary aýdyp beriň.
6. Mysallara ýüzlenip, Russiýanyň Türkmenistan bilen hyzmatdaşlygy hakda gürrüň beriň.

Žurnalist Mark Simpson «The Guardian» žurnalynda (25.04.2007) W.Putiniň Russiýanyň bähbitlerini goramakdan çekinmän, rus döwletliligini we rus kuwwatyny gaýtadan dikeldendigini ýazdy.

2010-njy ýylyň ýanwarynda awstraliýaly liberal syýasatçy Kemeron Ross W.Putini Pýotr I-niň zamanasyndan bäri Russiýanyň iň gowy öňbaşçysy diýip atlandyrdy.

W. Putin: «Ýelsin rewolýusiýalar döwründe işledi. Meniň pikirimçe, Russiýa üçin rewolýusiýalar ýeterlik boldy. Indi durmuşyň durnuklaşmak, kadalaşmak, döwlet düzümini berkitmek, raýat jemgyýetini we ykdysadyýeti berkitmek döwri gelip ýetdi». Russiýanyň Prezidentiniň bu sözleriniň manysyny düşündiriň!

6 Sargyt № 1576

## §12. Latyn Amerikasy





U. Çawes



E. Morales

**Latyn Amerikasy sebitinde demokratik özgerişler.** XXI asyryň başynda Günorta Amerikada çepçi güýçleriň täsiri artdy. 1998–2013-nji ýyllarda Wenesuelanyň Prezidenti bolan *Ugo Çawes* aradan çykýança ýurduny sosialistik ýol bilen ösdürmäge synanyşdy. Onuň syýasatyny *Nikolas Madura* dowam etdirýär. 2002, 2006-njy ýyllaryň saýlawlarynda Braziliýada garyp işçi maşgalasyndan gelip çykan *Lula de Silwa* prezident boldy. Ol durmuş ugurly bazar ykdysadyýetine geçmek, ABŞ-ny gatnaşdyrmazdan sebit integrasiýasyny güýçlendirmek syýasatyny alyp bardy.

2005-nji ýylda Boliwiýada ilkinji gezek indeý prezident – *Ewo Morales* häkimiýete geldi. Ol «Sosializme tarap öňe!» atly hereketiň öňbaşçysydyr. Argentina-

da, Ekwadorda, Nikaraguada, Çilide hem çepçileriň täsiri güýçlendi. Sebit döwletleriniň käbirinde (Çili, Braziliýa, Argentina, Kosta-Rika) zenanlar döwlet baştutanlygyna geldiler.

***Meksika*** *– Demirgazyk we Günorta Amerikany birleşdirýän çatrykda ýerleşýär. Bu ýerde Latyn Amerikasynyň ilatynyň bäşden biri ýaşaýar. Ilaty 2013-nji ýylyň maglumaty boýunça 116,2 mln adamdyr. Tutýan meýdany, 1 972 550 inedördül km. Paýtagty – Mehiko.*



2000–2012-nji ýyllarda Milli hereket partiýasy ýurdy dolandyrdy (Wisente Foks, Felipe Kalderon). 2012-nji ýylyň ahyrynda Institusion rewolýusion partiýa häkimiýete gaýdyp geldi. Ýurduň Prezidenti Enrike Penýa Nýeto boldy. Meksika – sebitde senagat we oba hojalygy taýdan ösen döwlet. Ol uglewodorod çig malynyň gorlary boýunça dünýäde 5-nji, çig nebit gazyp almakda 4-nji ýerde durýar.

***Braziliýa*** *– Latyn Amerikasynda meýdany we ilaty boýunça iň uly döwlet. Ol Amerikada portugal dilli ýeke-täk döwletdir. Ilaty – 2013-nji ýylyň maglumaty boýunça 203 million adamdyr. Tutýan meýdany – 8 547 404 inedördül km. Tutýan meýdany we ilaty boýunça dünýäde 5-nji ýerde durýar. Paýtagty – Brazilia.*



Iki asyryň sepgidinde brazil ykdysadyýeti agyr çökgünligi başdan geçiripdi. Ykdysadyýetde döwlet pudagynyň paýy azaldyldy. Bazar gatnaşyklaryna giňişleýin geçmek başlandy. Döwlet hususy pudaga ünsi güýçlendirdi.

2000-nji ýyldan başlap brazil ykdysadyýetinde ösüş depgini duýlup başlandy. 1991–2008-nji ýyllar aralygynda JIÖ 3 esse artdy. Himiýa we nebithimiýa pudaklary senagatyň çalt ösýän pudaklary hasaplanýar. Oba hojalyk önümçiliginiň möçberi boýunça Braziliýa dünýäde ABŞ-dan we Frans-

iýadan soň 3-nji ýerde durýar.Ol dünýä bazaryna kofäni iň köp iberiji ýurtdur (ýylda 1 mln tonnadan gowrak).



**Luis Inasiu Lula de Silwa**

*Luis Inasiu Lula de Silwanyň* (2003–2010) prezidentlik döwründe Braziliýanyň ykdysadyýeti çalt depginler bilen ösdi. Ol Zähmet partiýasynyň öňbaşçysydyr. Onuň özgertmeleri ilatyň ähli aşaky we orta gatlagyny goramaga gönükdirildi. Hökümet aýlyk haklarynyň köpeldilmegini berk gözegçilige aldy. Agrosenagat toplumyny goldamak üçin ýeňillikli şertlerde 10 milliard dollar döwlet karzy berildi. Ýurduň daşarky bergisi azalyp, maýa goýumlarynyň möçberi artdy. Býujet ýetmezçiligi azaldy. Braziliýa daşary ýurt maýadarlarynyň ünsüni çekýän döwlete öwrüldi. Hytaý, ABŞ-dan soň Braziliýa iň köp haryt iberiji ýurda öwrüldi. 2003-nji ýyldan başlap Braziliýa hytaý tehnologiýasy boýunça «Embraýer» kysymly uçarlary öndürmäge girişdi. Hytaý raketalary brazil hemrasyny älem giňişligine çykarýar.

Asyryň başynda ýurduň ilatynyň üçden biri doýa garna naharlanmaýardy. Oba ilatynyň ýarpysynyň gündelik girdejisi 1 dollara ýetmeýärdi. Lula «dünýä fermasyna» öwrülip, oba hojalyk harytlaryny köp öndürýän öz ýurdunda beýle ýagdaýyň masgaraçylykdygyny aýtdy. Onuň «*Açlyk ýok edilmelidir!*» atly sosial maksatnamasy hakykatdan hem taryhy ähmiýete eýedir. «Maşgala bukjasy» maksatnamasyna laýyklykda 12 million garyp brazil maşgalasyna aýlyk kömek pullary berildi. Ýöne munuň üçin olar çagalaryny hökmany ýagdaýda mekdebe gatnatmalydy, zerur sanjymlary almalydy. Lulanyň geçiren özgertmeleri oňyn netijesini hem berdi.

2010-njy ýylyň prezident saýlawlarynda braziliýalylar Zähmet partiýasyndan bolan zenana – *Dilma Rusefe* öz ses-

lerini berdiler. Braziliýa dünýäniň ösen döwletleriniň ilkinji onlugyna girýär. Ýurduň JIÖ-si 2 trillion dollardan geçýär. Ykdysadyýeti innowasion häsiýete eýedir. Braziliýa uçar gurluşygynda mynasyp orny eýeledi. Genetiki barlaglar ýurduň alymlaryna uly abraý getirdi. Braziliýa energetika döwletleriniň hataryna goşuldy.



**Dilma Rusef**

Braziliýanyň ykdysady üstünliginde hytaý tejribesiniň hem mynasyp paýy bar. Dünýä ykdysady çökgünligi şertlerinde Hytaý içerki bazaryna daýanmagy zerur hasaplady. Bu oňyn tejribäni Braziliýa hem özünde çalt ornaşdyrdy.

***Argentina*** *– Latyn Amerikasynda meýdany boýunça Braziliýadan soň ikinji ýerde durýan döwlet. Ilaty – 2012-nji ýylyň maglumatyna görä 42,1 million adam. Tutýan meýdany – 2780,4 müň inedördül km. Paýtagty – Buenos-Aýres.*



2001-nji ýylda Argentinany maliýe çökgünligi gurşap aldy. Prezident *Nestor Kirşner* (2003–2007) döwlet düzgünleşdirilişini güýçlendirmek syýasatyny alyp bardy. Ol ykdysadyýetde görnetin üstünlikleri gazanmagy başardy. 2007-nji ýylyň ahyrynda ýurduň prezidentligine onuň aýaly *Kristina Elizabet Fernandes de Kirşner* saýlandy (2011-nji ýylda ikinji möhlete saýlandy). Ol Argentinanyň taryhynda çepçi garaýyşly ilkinji zenan prezidentdir. Kristina millileşdirmek syýasatyna üns berdi. Dünýä ykdysady çökgünligine garşy çäreleriň toplumy işlenip



**Kristina Elizabet Fernandes de Kirşner**

düzüldi. Döwlet dürli pudaklara 3,9 milliard dollar karz berdi. Argentinanyň Kuba, Wenesuela, Çili bilen gatnaşyklary işjeňleşdi. Wenesuela Argentinany arzan bahadan nebit bilen üpjün edip başlady. Çili bilen And daglaryndan bahasy 3 milliard dollar bolan bilelikdäki ýerasty demirýol ötügini gurmak ylalaşyldy.

***Kuba** – Karib deňziniň demirgazygynda ýerleşen adalar döwleti. Ilaty – 2013-nji ýylyň başynda 11,2 million adamdan gowrakdy. Tutýan meýdany – 110 860 inedördül km. Paýtagty – Gawana.*

49 ýyllap döwlet başynda bolan Fidel Kastro 2008-nji ýylyň fewral aýynda wezipesinden meýletin aýryldy. Parlament Kubanyň döwlet baştutanlygyna onuň dogany *Raul Kastrony* saýlady. Ol 2011-nji ýylyň 19-njy aprelinden başlap Kuba Kompartiýasynyň Merkezi Komitetine hem ýolbaşçylyk edýär. Kommunistik ulgamyň dargamagyndan soň Kubanyň dünýä bazar hojalygyna ynamly goşulyşmagy hut Raul Kastronyň ady bilen baglydyr. Daşary ykdysady gabaw şertlerinde bazar ykdysadyýetine geçmäge gönükdirilen özgertmeler Kubany tozup gitmekden halas etdi. Raul Kastro dolandyryş özgertmesini geçirip, döwlet gullukçylaryny azaltdy. Ýurtda öýjükli telefonlary, mikrotolkunly peçleri ulanmaga girizilen gadagançylyk aýryldy. Ähli raýatlara Internetden peýdalanmaga rugsat berildi. Fermerlere nähili ekini, haýsy mukdarda ekmekde erkinlik berildi. Döwlet jaýlaryny soňra satmazlyk şerti bilen hususylaşdyrmaga rugsat berildi. Döwlet sargydyndan artykmaç öndürilen oba hojalyk önümlerini bazarlarda satmaga ygtyýar berildi. «*Ýurt üçin topdan hem çörek zerur*» diýen meşhur sözler R.Kastro degişlidir.

2010-njy ýylda hökümet hususyýetçilik bilen meşgullanmaga rugsat berlen işleriň görnüşini köpeltdi. Raul Kastro halka ýüzlenmesinde özüniň radikal özgertmelerini goldamaga çagyrdy. Şunlukda, ol edil Hytaýda bolşy ýaly, Kubanyň hem sosializmden ýüz öwürmeýändigine ähmiýet

berdi. Ol Kompartiýanyň ownuk hususyýetçilige inkär ediji garaýşynyň ýalňyşdygyny boýun aldy.

Agrosenagat toplumy Kubanyň ykdysadyýetiniň özenini düzýär. «*Gantsyz – Kuba ýok*» diýen halk pähimi bu ýurda ýöne ýere «*Süýjülik adasy*» diýilmeýändiginden habar berýär. Wenesuela Kubany arzan nebit, ol bolsa öz gezeginde arzan lukmançylyk hyzmaty bilen üpjün edýär.

Kuba daşary ýurtlar üçin özüne çekiji bazara öwrülip başlady. Kuba dünýäde nikel öndürmekde birinji ýerde durýar. HHR-iň Başlygy Hu Szintaonyň Kuba sapary mahalynda (2004) ýurduň nikel önümçiligine 500 million dollar möçberinde hytaý maýasyny goýmak barada ylalaşyk gazanyldy.

Kuba farmasewtika we biotehnologiýalar boýunça hem dünýä öňbaşçylarynyň hataryndadyr. Kuba bilim we saglygy goraýyş boýunça dünýäde ynsanperwerlik hereketlerini işjeň alyp barýar. Kuba 1992–2011-nji ýyllar aralygynda Çernobyl AES-indäki pajygada ejir çeken çagalaryň 24 müňüsine saglygyny mugtuna dikeltmäge ýardam berdi. Kuba «*Keramat operasiýasy*» maksatnamasyna laýyklykda gazanjy ýetmezçilik edýän agyr keselli adamlara kömek berýär. Şol maksatnama boýunça diňe Latyn Amerikasynda 2 milliondan gowrak adam operasiýa edildi.



***Çili*** *– Günorta Amerikanyň günorta-günbatarynda ýerleşen döwlet. Ilaty – 17,2 mln adam (2013). Tutýan meýdany – 756950 inedördül km. Onuň Ýuwaş we Atlantika ummanlarynyň ikisine hem çykalgasy bar. Paýtagty – Santýago.*

Çili sebitiň çalt ykdysady depgin bilen ösýän döwletine öwrüldi. Çilini «*Mis patyşalygy*» diýip hem atlandyrýarlar. Çünki ol bu metaly eksport etmekde dünýäde 1-nji ýerde durýar. Ol dünýä bazaryna selitrany we ýody köp iberiji



**Weronika Mişelle Baçelet**

ýurtdur. 2000-nji ýyldan bäri ýurdy sosialistler dolandyrýar. 2006–2010-njy ýyllarda şol partiýadan bolan *Weronika Mişelle Baçelet* Çilide ilkinji zenan prezident boldy. Ol 2014-nji ýylyň başynda bu wezipä ikinji gezek saýlandy. Ol ylym-bilim, adalat we salgyt pudaklarynda özgertmelere başlady.

**Sebitara integrasiýa.** Geçen asyryň ahyrynda sebitiň döwletleri utgaşykly ösüşiň tarapdary bolup çykyş etdiler. 2005-nji ýylda *Günorta Amerika bileleşigi* – sebitiň bitewi integrasion zolagy döredildi. Şol ýylda ABŞ-nyň baştutanlygynda tutuş Amerika sebitara utgaşygyny döretmek babatyndaky synanyşyk şowsuz tamamlandy. XXI asyryň başynda Braziliýanyň başlangyjy bilen UNASUR (*Günorta amerikan milletleriniň bileleşigi*) atly utgaşygy döredildi. Oňa daşary syýasatda ABŞ-ny goldaýan 12 sany latynamerikan döwleti girdi. 2008-nji ýylda wenesuela we brazil prezidentleri Ugo Çawesiň we Lula de Silwanyň başlangyjy bilen Günorta Amerika utgaşygyna girýän 12 döwlet harby-goranyş bileleşigini hem döretdiler. Braziliýanyň başlangyjy boýunça Latyn Amerikasy we Karib deňzi basseýniniň ýurtlarynyň bileleşigi (SELAK) hem döredildi. Ol Kubanyň gatnaşmagynda ABŞ-ny goşmazdan döredildi.

**Latyn Amerikasy ýurtlary bilen Türkmenistanyň hyzmatdaşlygy.** Dünýä syýasatynda we ykdysadyýetinde ähmiýeti barha artýan bu sebit bilen gatnaşyklar Türkmenistanyň daşary syýasatynda möhüm ähmiýete eýedir. Meksikada, Kubada, Braziliýada, Wenesuelada biziň ýurdumyzyň ilçileri bellendi. 2009-njy ýylyň 6–7-nji sentýabrynda Wenesuelanyň şol wagtky Prezidenti Ugo Çawes Türkmenistanda saparda boldy. 2012-nji ýylyň 20–21-nji iýu-

nynda hormatly Prezidentimiz Braziliýanyň Rio-de-Žaneýro şäherinde geçirilen durnukly ösüş boýunça «Rio+20» atly halkara maslahatyna gatnaşdy hem-de ekologiýa boýunça birnäçe başlangyçlary öňe sürdi.

**Soraglar we ýumuş:**

1. XXI asyryň başynda sebitdäki demokratik özgerişler barada gürrüň beriň.
2. Lula da Silwanyň döwründe Braziliýa nähili ykdysady üstünlikleri gazandy?
3. Sebitiň haýsy ýurtlarynda zenanlar döwlet baştutanlygyna geldiler?
4. Raul Kastro Kubany bazar gatnaşyklary ýoly bilen ösdürmek üçin nähili çäreleri durmuşa geçirdi?
5. Sebitde nähili integrasion bileleşikler bar?

**Braziliýa** – gymmatbaha gyzyl agajyň portugal dilindäki adyndan gelip çykandyr.

Ýazyjy Stefan Sweýg 1942-nji ýylda neşir etdiren «**Braziliýa – geljegiň ýurdy**» atly publisistiki kitabynda bu ýurduň beýik geljeginiň bardygyny öňünden çaklapdy.

**Rio-de-Žaneýro** – «**ýanwar derýasy**» diýen manyny berýär.

Braziliýa demir magdanlaryny, apatitleri gazyp almakda dünýäde 1-nji, berillini almakda – 2-nji, boksitleri öndürmekde 3-nji, altyny, asbesti, galaýyny gazyp almakda bolsa 4-nji ýerde durýar.

**«Hawa, men muny başararyn»** atly maksatnama sowatsyzlygy ýok etmeklige gönükdirilip, kubaly mugallymlar sebitiň 28 ýurdunda 5 milliondan gowrak adama okamagy we ýazmagy öwretdiler. Maksatnamanyň çäginde Boliwiýa, Wenesuela, Nikaragua sowatsyzlykdan azat sebitler diýlip yglan edildi.

## §13. Hytaý Halk Respublikasynyň ykdysady ösüşi



*Hytaýyň tutýan meýdany 9,6 mln inedördül km bolup, ol dünýäde Russiýadan we Kanadadan soň üçünji ýerde durýar. Ilaty 1 mlrd. 347 mln bolup, dünýäde birinji orunda durýar. Paýtagty – Pekin.*

**Hytaýda daşary ýurtlaryň maýa goýumlary.** Hytaýyň 1978-nji ýylda özgertmeler we aç-açanlyk syýasatyna geçmegi bilen, onuň daşarky dünýä bilen aragatnaşygy ýygjamlaşdy. Hytaýyň hökümeti daşary ýurt maýa goýumlaryny ýurduň ykdysadyýetine çekmek boýunça köp çäreleri amala aşyrdy. Netijede, daşary ýurt maýa goýumyny peýdalanmakda Hytaý ABŞ-dan soň dünýäde ikinji ýere geçdi. Daşary ýurt maýa goýumyny höweslendirmek üçin Hytaýda birnäçe *erkin ykdysady zolaklar* döredildi. Hytaýyň günorta-gündogar kenarýaka etraplarynda dört şäher – *Şençžen, Çžuhaý, Sýamyn, Şantou* erkin ykdysady zolaklar diýlip yglan edildi. Olara soňra Haýnan adasy hem goşuldy. Olaryň yzysüre Ýanszy we Çžusýan derýalarynyň aşak akymyndaky 14 sany deňiz ýakasyndaky şäher, Fuszýan welaýatynyň günorta-gündogary, Bahaý aýlagynyň sebiti erkin söwda zolaklary diýlip yglan edildi. Bu ýerlerde daşary ýurt maýasy üçin salgyt we beýleki ýeňillikler döredildi. Şençžen şäheri ilkinji (1980 ý.) erkin ykdysady zolak diýlip yglan edilipdi. Tizlikde Şençžen Hytaýyň iri ýokary tehnologiýa, senagat, syýahatçylyk merkezine öwrüldi.

Iki asyryň sepgidinde Hytaýda daşary ýurt maýa goýumlarynyň gatnaşmagyndaky kärhanalaryň sany 230 müňden geçdi. Bu bolsa XXI asyrda Hytaýyň ykdysady ösüşiniň ýokary bolmagyny üpjün etdi.

2003–2012-nji ýyllarda HHR-e *Hu Szintao* başlyk boldy.



**Hu Szintao** – 1942-nji ýylda doglan. 1959–1964-nji ýyllarda Pekiniň Sinhua politehniki institutynda okaýar. Hünäri boýunça gidrotehnik. Okuwyny tamamlansoň, institutda mugallymçylyk edýär. Ençeme ýyllap Hytaýyň ýaşlar guramasynda ýolbaşçy wezipelerde işleýär. 1988–1992-nji ýyllarda Tibet awtonom oblastynyň partiýa komitetiniň başlygy bolup işleýär. 2002-nji ýylda HKP MK-nyň Baş sekretary bolýar. 2003-nji ýylda Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy wezipesine saýlanýar. 2008-nji ýylyň martynda ol HHR-iň Başlygy wezipesine täze möhlete saýlanyp, 2012-nji ýylyň ahyrlaryna çenli bu wezipede işleýär.

Hu Szintaonyň dolandyran döwründe XX asyryň ahyrlarynda ykdysady ösüşi babatda haýallan Hytaý täzeden çalt depginler bilen ösüp başlady. Hu Szintao Hytaýda özgertmeler syýasatyny dowam etdirip, telekeçiligiň, hususy eýeçiligiň ösmegine üns berdi. Geçen asyryň ahyrlarynda hususy eýeçiligi dikeltmekde aýyplajak bolanlarynda, Den Sýaopin eýeçiligiň haýsy görnüşi bolsa-da, Hytaýy ösdürip biljek bolsa, ulanmalydygyny nygtapdyr. Şonda ol «*Pişigiň haýsy reňkdeliginde däl-de, syçan tutuşynda tapawut bolýar*» diýen meşhur sözlerini aýdypdyr.

XXI asyryň başlarynda Den Sýaopiniň telekeçiligi ösdürmek baradaky görkezmelerini Hu Szintao has ösdürýär. Onuň tagallasy bilen 2004-nji ýylda ýurduň konstitusiýasyna hususy eýeçiligi goramak hakynda goşmaçalar girizilýär. 2007-nji ýylda Hytaýda hususyýetçileriň öndürýän önüminiň jemi bahasy döwlet pudagynyň öndürýäni bilen deňleşen bolsa, 2013-nji ýylda hususy pudagyň paýy 60 %-e ýetýär.

**XXI asyryň başlarynda Hytaýyň durnukly ykdysady ösüşi.** Hytaý soňky 35 ýylyň içinde özgertmeler ýoly bilen ösüp, ykdysady ösüşiniň depgini boýunça dünýäniň ilkinji onlugyna goşuldy.

Hytaý Halk Respublikasy (HHR) döredilen mahaly oba hojalygy agdyklyk edýän döwletdi. XXI asyryň başynda Hytaý senagat taýdan ösen ýurda öwrüldi. 2001-nji ýylda Hytaý Bütindünýä söwda guramasyna girdi. Bu bolsa Hytaýyň ykdysady ösüşiniň has-da güýçlenmegine itergi berdi. 2004-nji ýylda ol ABŞ-dan, Ýaponiýadan soň dünýäniň 3-nji söwda merkezine öwrüldi. 2008-nji ýylda başlanan dünýä ykdysady çökgünligi Hytaýa güýçli zyýan etmedi. Hytaý gündelik sarp edilýän harytlary öndürmekde has okgunly ösdi. Hytaýy «*Dünýäniň fabrigi*» diýip ýöne ýere atlandyrmaýarlar.

**2010-njy ýylda dünýäde awtoulag öndürilişi**




2009-njy ýylda Hytaý awtoulag öndürmekde Ýaponiýadan öňe geçip, dünýäde bu ugurda hem birinjiligi eýeledi. Hytaýda 2013-nji ýylda 22 mln gowrak awtoulag öndürildi. Şeýlelikde, Hytaý 2009–2013-nji ýyllarda awtoulag öndürmek boýunça bäsdeşleri bolan Ýaponiýadan we ABŞ-dan has öňe saýlandy. Indi Hytaýyň bir özi olaryň ikisiniň öndürýän awtoulaglaryndan hem köp öndürýär.

Hytaý ylymda hem tehnikada birnäçe öňegidişlikleri gazandy. 2013-nji ýylyň ahyrynda onuň Aýa ugradan «Ýutu» atly emeli hemrasy bu ýerde düşürilen suratlary Ýere ugradyp başlady.

Hytaý galla, pagta, et, ösümlik ýagy, kömür, polat, sement, dürli süýümleri we telewizorlary, awtoulaglary öndürmekde dünýäde birinji ýere geçdi. Reňkli metallary eretmekde, himiýa süýümlerini, gämileri, mineral dökünleri, şekeri, elektrik energiýasyny öndürmekde hem Hytaý öňdebaryjy döwletleriň hataryna girýär. Häzirki wagtda Hytaý dünýäniň ähli döwletleri bilen diýen ýaly söwda-ykdysady gatnaşyklaryny alyp barýar.

Hytaý **oba hojalygy** babatda hem ösen döwletdir. Özgertmeler syýasaty yglan edilenden soň oba ýerlerindäki kärhanalaryň sany artyp, millionlarça adama iş ýeri döredildi. Emma, bu çärelere garamazdan, obalardan şäherlere göçmek güýçlenýär. Ýurduň şäherlerde ýaşaýan ilatynyň sany barha artýar. Bu ýagdaý XXI asyryň başlarynda has

hem güýçlendi. Netijede, öň Hytaýyň obalarynda ýaşaýan ilat köp bolan bolsa, indi olaryň sany deňleşip, hatda şäher ilatynyň sany artyp başlady. 2011-nji ýylda ilkinji gezek oba ilaty bilen şäher ilatynyň sany deňleşdi. Soňky ýyllarda bolsa şäher ilatynyň sany obanyňkydan artyp başlady.

**Hytaýyň ilaty.** Hytaý ilatynyň sany boýunça dünýäde 1-nji ýerde durýan döwletdir. 2010-njy ýylda ýurduň ilaty 1 mlrd 347 mln adama ýetdi. Başgaça aýdanda, dünýäniň ilatynyň 22%-i Hytaýda ýaşaýar. Hytaýda onlarça milletiň wekilleri ýaşaýarlar. Olaryň 56-sy öz milli egin-eşiklerini, däp-dessurlaryny saklan halklardyr. Olaryň biri salyr türkmenleridir. Azlyk milletler Hytaýyň ilatynyň bary-ýogy 7%-ni tutýar. Hytaýlar özlerini *han* milleti diýip atlandyrýarlar.

**Hytaýyň ykdysady kuwwatynyň artmagy.** Geçen asyryň ahyrynda Hytaý jemi içerki önüminiň möçberi boýunça dünýäde 7-nji orny eýeläpdi. 2011-nji ýylda Hytaýyň öndürýän jemi içerki önüminiň möçberi takmynan 11,2 trln dollara deň boldy. Ol bu babatda ABŞ-dan soň dünýäde 2-nji orny eýelemegi başardy (tablisa seret). Özgertmeleriň başlanandan bäri geçen 35 ýylynyň dowamyndaky Hytaýyň jemi içerki önüminiň ýyllyk ösüşini ortaça hasap edenimizde 10%-e golaý boldy.

2013-nji ýylyň martynda HHR-iň başlygy wezipesine *Si Szinpin* saýlandy. Ol bu wezipä Hytaý Kompartiýasynyň Baş sekretarlygyndan geldi.

**Dünýäniň iri döwletleriniň ykdysady kuwwaty (müň amerikan dollary, 2011)**




Çeşme: "Zaman", 30.04.2011



**Si Szinpin** – Hytaýyň görnükli döwlet we syýasy işgäri. 1953-nji ýylda doglan. Sinhua uniwersitetini hukukçy hünäri boýunça tamamlaýar. 2008–2013-nji ýyllarda HHR-iň Başlygynyň Orunbasary bolýar. 2012-nji ýylyň 15-nji noýabrynda Hu Szintao HKP-niň Baş sekretary wezipesini oňa tabşyrýar. 2013-nji ýylyň 14-nji martynda HHR-iň Başlygy wezipesine saýlanýar. Ol nobat boýunça bu wezipedäki 7-nji adamdyr. Ol hukuk ylymlarynyň doktorydyr.

Si Szinpin hem Den Sýaopin tarapyndan yglan edilen ykdysady özgertmeler syýasatyny dowam etdirýär. 2014-nji ýylda onuň ýolbaşçylygynda hususy banklary döretmek barada işler alnyp baryldy. 2014-nji ýylyň martynda 5 sany hususy banky döretmek barada karar kabul edildi. Bu bolsa Hytaýda hususy eýeçiligiň ösmeginiň ýolundan ähli böwetleriň aýrylýandygyndan habar berýär.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Erkin ykdysady zolaklar diýip näme aýdylýar?
2. XX asyrda Hytaýda kim tarapyndan özgertmeler syýasatynyň başlanandygyny ýadyňyza salyň.
3. Hytaýdaky erkin ykdysady zolaklary kartadan görkeziň.
4. Hytaý haýsy ýurdy ozup, jemi içerki önümiň möçberi boýunça dünýäde ikinji ýere geçdi?
5. Hytaýdaky salyr türkmenleriniň ýaşaýan ýerini kartadan görkeziň.
6. Internet ulgamynyň maglumatlaryna daýanyp, Hytaýyň häzirki ykdysady ösüş ýagdaýy hakda gürrüň beriň.

Hytaýlylar öz ýurduny Çžungo diýip atlandyrýarlar. *Çžungo – Ortadaky döwlet* manysyny berýär. Hytaý ady ýurduň demirgazygynda ýaşan kidan taýpasynyň adyndan galandyr diýlip çaklanylýar. Türkmenler kidanlara garahytaýlar diýipdirler.

Erkin ykdysady zolaklar dünýäniň ösen we ösýän ýurtlarynyň birnäçesinde döredildi. Erkin ykdysady zolaklar daşary ýurt we ýurduň içindäki maýadarlaryň maýa goýumlaryny çekmek üçin ýurduň daşary söwda üçin amatly ýerlerinde döredilýär. Ol ýerlerde ýurduň beýleki ýerlerinden tapawutlylykda hojalygy ýöretmek, daşary ykdysady gatnaşyklary alyp barmak we salgyt ba-

batda ýeňillikler döredilýär. Erkin söwda zolaklarynda gümrük paçlary has azaldylýar.

**«XXI asyr Hytaý siwilizasiýasynyň asyry bolar!»** – hytaýlylaryň özüniň bu çaklamasy nä-derejede hakykata laýyk gelýär. Ony mysallaryň üsti bilen delillendirmäge synanyşyň.

Salyrlar Hytaýa 1370-nji ýylda göçüp barypdyrlar. Olar Sinhaý welaýatynyň Günorta-Gündogar böleginde, Huanhe derýasynyň sag kenarynda ýaşaýarlar. Olaryň köpçülikleýin ýaşaýan ýerinde Salar awtonom uýezdi döredilipdir. Onuň merkezi şäheri Sýun-huadyr. Salyr awtonom uýezdinde 110 müň çemesi salyr türk-menleri ýaşaýarlar. Kartadan Hytaýdaky salyr türkmenleriniň ýaşaýan ýerini tapmaga synanyşyň.

## §14. Hytaýyň syýasy ösüşi we daşary syýasaty

**Hytaýyň daşary syýasatynyň esasy ýörelgeleri.** Hytaý garaşsyz, özbaşdak daşary syýasat ýöredýär. Onuň daşary syýasaty parahatçylykly ýaşaşmagyň bäş ýörelgesinden ugur alýar. Hytaý dünýädäki harby birleşiklere goşulmaýar. Ol halkara dawalaryna goşulmazlyk syýasatyny alyp barýar. Beýle diýildigi, Hytaý halkara meselelerinde işjeň däl diýmegi aňlatmaýar. Ol BMG-niň Howpsuzlyk geňeşiniň hemişelik agzasydyr. Hytaý halkara guramalarynyň üsti bilen işjeň daşary syýasat alyp barýar. Dünýäde haýsydyr bir döwletiň öňbaşçy bolmagyna, güýç ulanmak syýasatyna garşy çykýar. Hytaýyň daşary syýasatynyň esasy maksady öz ýurduny ösdürmek üçin halkara derejesinde parahatçylygy gorap saklamakdyr. Hytaý Taýwany özüniň bir welaýaty hasap edýär. Özi bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýan islendik ýurtdan Taýwan bilen resmi gatnaşyklary bes etmegi talap edýär. Taýwanyň Hytaýa degişlidigini ykrar eden döwletler bilen ysnyşykly gatnaşýar. Dünýäniň uly we kiçi döwletleri bilen deň derejede gatnaşmak Hytaýyň daşary syýasatynyň esasy ýörelgeleriniň biridir.

**Hytaýyň daşary syýasatynyň esasy ugurlary.** Hytaý ABŞ, Ýewrobileleşigiň ýurtlary bilen işjeň gatnaşýar. 2011-nji

ýylda HHR-iň başlygy Hu Szintao ABŞ-da saparda wagty «*Biz ýaraglanyşygy haýdatmaga goşulmaýarys. Dünýäniň hiç ýurduna harby howp salmaýarys*» diýipdi. Taýwan meselesinde Günbatar ýurtlary bilen gatnaşyklarynda döreýän düşünişmezlikleri diplomatik ýollar bilen çözmäge synanýar.

Hytaý *Şanhaý hyzmatdaşlygy guramasyna* agzadyr. Bu halkara guramasy 1996-njy ýylda Hytaý bilen Russiýanyň arasynda döräpdi. Şol ýyl oňa Täjigistan, Gyrgyzystan we Gazagystan goşulypdy. 2001-nji ýylda bolsa oňa Özbegistan hem agza bolupdy. Bu guramanyň agzalary ilkibaşda halkara howpsuzlygyny üpjün etmek meselesi boýunça hyzmatdaşlyk etmek barada ylalaşypdylar. Emma soňabaka Hytaý bu gurama girýän ýurtlar bilen halkara terrorizmine, neşe jisimleriniň ýaýradylmagyna garşy göreşmekde, aýratyn-da ykdysady gatnaşyklar meselelerinde hyzmatdaşlyk edip başlady. Merkezi Aziýanyň döwletleriniň arasynda Gazagystan bilen söwda ykdysady gatnaşyklaryny has-da artdyrýar.

Hytaýyň daşary syýasatynyň esasy ugry Latyn Amerikasynyň, Afrikanyň we Aziýanyň ösýän ýurtlary bilen gatnaşyklary ösdürmekdir. Hytaý özüni hem ösýän ýurtlaryň hataryna goşýar. Ol Afrikanyň we Latyn Amerikasynyň tebigy baýlyklaryny agtarmakda we özleşdirmekde esasy hyzmatdaş bolup durýar. Diňe 2011-nji ýylda Hytaý kompaniýalary Latyn Amerikasynyň ýurtlary bilen 54, Afrika döwletleri bilen 69 sany iri geleşige gol çekdiler. Hytaý 2010-njy ýylda Latyn Amerikasy bilen 163 mlrd, Afrika döwletleri bilen bolsa 69 mlrd ABŞ-nyň dollaryna barabar möçberde söwda etdi. Her ýyl Hytaý Latyn Amerikasynyň ykdysadyýetine 10 mlrd dollarlyk maýa goýumlaryny goýýar. Afrika döwletleriniň 33-siniň bergilerini geçmegi Hytaýyň bu sebitdäki abraýyny has hem ýokary galdyrdy.

Hytaý goňşy döwletleri bilen gatnaşyklaryna aýratyn ähmiýet berýär. 2010-njy ýylda Hytaý Ýaponiýa bilen 300

mlrd, Hindistan bilen 60 mlrd ABŞ-nyň dollaryna barabar söwda gatnaşyklaryny etdi. Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlary hem Hytaýyň ýakyn gatnaşyk saklaýan sebitidir.

Hytaý Koreýa ýarymadasynyň ýadro ýaragsyz sebit bolmagy ugrunda çykyş edýär. Ol Koreýa Halk Demokratik Respublikasynyň ýadro ýaragyny synag etmelerine garşy çykyş edýär. Hytaý Koreýanyň ýadro ýaragyny edinmegine garşy 2003-nji ýylda başlanan alty döwletiň gatnaşmagyndaky gepleşikleri täzeden dowam etdirmegi talap edýär. Bu gepleşiklere Hytaý, ABŞ, Russiýa, Ýaponiýa, Günorta Koreýa we KHDR gatnaşypdy. Gepleşikler Demirgazyk Koreýa tarapyndan 2004-nji ýylda bes edilipdi. Şol bir wagtyň özünde Hytaý Demirgazyk Koreýany dostlukly ýurt hasaplaýar. Oňa garşy güýç ulanylmagyna garşy çykyş edýär.

**Hytaý bilen Türkmenistanyň gatnaşyklary.** Hytaýyň daşary syýasatynda Garaşsyz Türkmenistan bilen gatnaşyklara aýratyn ähmiýet berilýär. Aýratyn-da, Türkmenistan bilen söwda, ykdysady gatnaşyklar çalt depginler bilen ösýär.

Hytaý hünärmenleri ýüpekçilik pudagyny döwrebaplaşdyrmakda türkmen kärdeşlerine ýakyndan ýardam berýärler. Hökümetara ylalaşyklaryna laýyklykda, 2001–2006-njy ýyllarda bu pudaga 125 mln hytaý ýuany (ABŞ-nyň 15 mln dollaryna golaý) bölünip berildi. Şonuň 70 milliony göterimsiz karz, 55 milliony gaýtaryp bermesiz grant görnüşindedir. Hytaýly hünärmenleriň kömegi bilen Maryda ýüpek gurçugynyň tohumyny taýýarlaýan zawod guruldy. Türkmenabadyň ýüpek önümçilik birleşigi we Aşgabadyň ýüpek kelepleýji fabrigi hytaý hünärmenleriniň gatnaşmagynda döwrebaplaşdyryldy.

Demir ýol ulgamynda hem Hytaý bilen Türkmenistanyň arasynda giň gerimli hyzmatdaşlyk alnyp barylýar. Hytaýdan teplowozlar, ýolagçy wagonlary, ýapynjalary ýuwýan tehnikalar satyn alynýar.

7 Sargyt № 1576

2007-nji ýylyň 17–18-nji iýulynda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Hytaýda döwlet saparynda boldy. Hytaýyň gülläp ösýändigini ýene bir gezek gören hormatly Prezidentimiz ýurduň ösüşi barada şeýle diýýär: «Men her gezek siziň ýurduňyza gelenimde, şäherleriň keşbinde ägirt uly özgertmeleri görýärin. Täze gurlan owadan, uly-uly ymaratlar, häzirki zaman transport ulgamy, dükanlar – bularyň barysy siziň halkyňyzyň hal-ýagdaýynyň, ýaşaýyş-durmuş derejesiniň örän çalt ösýändigine şaýatlyk edýär». Saparyň barşynda iki dost-dogan ýurduň döwlet ýolbaşçylary «Türkmenistan bilen Hytaýyň arasynda dostluk we hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny mundan beýläkde pugtalandyrmak we ösdürmek hakynda bilelikdäki Jarnama» gol çekdiler. Şol gezekki sapara hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň baştutanlygynda ýurdumyzyň döwlet ýolbaşçylarynyň uly topary gatnaşdy. Olaryň hersi öz ugrundan Hytaýyň tejribesini öwrendiler, degişli ylalaşyklar baglaşdylar. Iki dostlukly ýurduň döwlet ýolbaşçylary Türkmenistandan Hytaýa geçiriljek gaz geçirijisini gurmagyň anyk meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar. Söwda, ykdysady we gumanitar ugurlarda hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga degişli ylalaşyklary baglaşdylar.

2008-nji ýylyň 28–29-njy awgustynda HHR-iň şol wagtdaky Başlygy Hu Szintaonyň Türkmenistana resmi sapary hem ikitaraplaýyn hyzmatdaşlynyň mümkinçiligini artdyrmakda uly ähmiýete eýe boldy. Iki döwletiň arasyndaky syýasy, ykdysady we medeni gatnaşyklaryň ösdürilmegine goşan aýratyn goşandy üçin Hu Szintao Türkmenistanyň ýokary ordeni – «Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy» ordeni bilen sylaglanyldy.

Türkmenistan bilen Hytaý Halk Respublikasynyň arasyndaky hyzmatdaşlyk strategik ähmiýete eýe bolup, ol özüniň köp ugurlydygy bilen tapawutlanýar. 2012-nji ýylda

ikitaraplaýyn söwdanyň möçberi 10,3 mlrd amerikan dollaryna deň boldy. Ol soňky 7 ýyldakydan 100 esseden hem köpdür.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy bilen örän gysga wagtda – iki ýyldan sähel gowrak wagtda Türkmenistan–Hytaý gaz geçirijisi guruldy. Ol 2009-njy ýylyň 14-nji dekabrynda Özbegistanyň, Gazagystanyň, Hytaýyň döwlet baştutanlarynyň gatnaşmagynda ulanmaga berildi. 2011-nji ýylyň 22–25-nji noýabrynda HHR-e bolan döwlet saparynyň barşynda hormatly Prezidentimiz Şençžen şäherinde Hytaýyň 100 million ilatly günorta-gündogar welaýaty bolan Guanduna türkmen gazynyň berilmegine bagyşlanan çärä gatnaşdy. Şeýlelikde, türkmen mawy ýangyjy Amyderýanyň kenaryndan başlap, Hytaýyň 15 sany welaýatynyň üstünden 8700 kilometrden gowrak aralygy geçip, Ýuwaş ummanynyň kenaryna golaýlady. 2014-nji ýylyň 11–13-nji maýynda hormatly Prezidentimiziň Hytaýa döwlet sapary döwründe Hytaý bilen Türkmenistanyň arasynda kosmos, ulag-aragatnaşyk, nebit-gaz, oba hojalygy, ylym, medeniýet, hünärmenleri taýýarlamak boýunça hyzmatdaşlyk etmek barada ylalaşyldy. Iki dostlukly ýurtlaryň ýolbaşçylary halkara meselelerinde garaýyşlarynyň gabat gelýändigini nygtadylar. Sapar döwründe hormatly Prezidentimize Pekiniň Adaty lukmançylyk uniwersitetiniň Hormatly professory ady berildi.

Hytaý Türkmenistany özüniň ygtybarly hyzmatdaşy hasaplaýar we türkmen-hytaý dostlukly gatnaşyklary ýyl-ýyldan ösýär.

**Ýumuşlar:**

1. Hytaýyň daşary syýasatynyň esasy ýörelgelerini we ugurlaryny düşündiriň.
2. Hytaýyň goňşy ýurtlaryny kartadan görkeziň.

3. Hytaýyň Türkmenistan bilen gatnaşyklary barada gürrüň beriň.
4. Internet ulgamynyň maglumatlaryna daýanyp, Hytaýyň häzirki wagtdaky daşary syýasaty hakda gürrüň beriň.

## §15. Ýaponiýanyň syýasy we ykdysady ýagdaýy

*Ýaponiýa 6800 çemesi adalaryň üstünde ýerleşýär. Olaryň içinde dördüsi – Hokkaýdo, Honsýu, Sikoku we Kýusýu uly adalar hasaplanýar. Şu dört adanyň paýyna ýurduň 98 % meýdany düşýär. Adalaryň Aziýanyň gündogary boýunça, takmynan, 3500 km uzap gidýändigi üçin Ýaponiýany «Günüň dogýan ýurdy» diýip hem atlandyrýarlar. Ýaponiýanyň umumy meýdany 378 müň inedördül km, ilaty 2011-nji ýylyň maglumaty boýunça, tas 128 milliona barabardyr.*

**Ýaponiýanyň syýasy ýagdaýy.** Ýaponiýanyň häzirki konstitusiýasy 1947-nji ýylda kabul edilipdi. Ol boýunça ýurt konstitusion monarhiýa bolup, resmi imperator döwletiň ýolbaşçysy hasaplanýar. Emma imperator döwlet işlerine gatyşmaýar. 1989-njy ýyldan bäri Ýaponiýanyň imperatory Akihitodyr.



**Akihito** 1933-nji ýylda doglan. 1952-nji ýylda ol mirasdüşer şazada diýlip jar edilýär. 1956-njy ýylda uniwersitetiň syýasat bölümini tamamlaýar. 1989-njy ýylda kakasy Hirohito ýogalandan soň Ýaponiýanyň imperatory wezipesine geçýär. Ol biologiýa we taryh ylymlary bilen gyzyklanýar. Onuň iki ogly, bir gyzy bar. Akihito uly ogly Naruhitony (1960-njy ýylda doglan) mirasdüşer diýip jar etdi.

Ýaponiýada birnäçe syýasy partiýa bolup, olaryň arasynda has täsirlisi iki sanydyr. Olaryň birinjisi Liberal-demokratik partiýa, ikinjisi bolsa Demokratik partiýadyr. Partiýalaryň haýsysy parlamente saýlawlarda köp ses alsa, şol partiýanyň ýolbaşçysy ýurduň premýer-ministri bolýar we ol ministrleri belleýär.

**D. Koidzuminiň XXI asyryň başlaryndaky özgertmeleriniň esasy ugurlary.** «*Ýitirilen onýyllyk*» (ýaponlar XX asyryň soňky onýyllygyny şeýle atlandyrýarlar) ýapon jemgyýetinde düýpli özgertmeleriň geçirilmeginiň zerurdygyny görkezdi. 2001-nji ýylda häkimiýete gelen premýer-ministr *Dzýunitiro Koidzumi* düýpli özgertmeleri durmuşa geçirmäge başlady.

---

**Dzýunitiro Koidzumi** (1942-nji ýylda doglan) – Ýaponiýanyň premýer-ministri (2001–2006). Ýaponiýanyň Liberal-demokratik partiýasynyň öňbaşçysy. Keýo uniwersitetini ykdysatçy hünäri boýunça tamamlap, soňra Londonda bilim alýar. Ýaponiýanyň saglygy goraýyş we sosial üpjünçilik, aragatnaşyk we telekommunikasiýalar ministrleri wezipelerinde işledi. Üznüksiz özgertmeler syýasatyny öz hökümetiniň öňünde wezipe edip goýupdyr. «Biz LDP-ni üýtgederis. Biz Ýaponiýany üýtgederis» – onuň baş şygarydy.



---

Hökümet baradaky täze kanuna laýyklykda premýer-ministriň ygtyýarlyklary artdyryldy. Ol ýurduň syýasy ugruny kesgitlemekde giň hukuklar aldy. Ýerli häkimiýetiň ygtyýarlyklary artdyryldy. Kazyýet ulgamy kämilleşdirildi. Döwletiň hususy işewürligini çäklendirýän ençeme düzgünler aradan aýryldy. Kiçi kärhanalar döwlet goldawyny aldy. Salgytlar azaldylyp, salgyt ulgamy ýönekeýleşdirildi. Öňki «ömürlik hakynatutma» düzgüniniň ýerine wagtlaýyn düzgün girizildi. Bu bolsa ýaş hünärmenleri bir kärhana ömürlik «daňyp» goýman, iş saýlamak barada olaryň erkinligini artdyrdy. Pensiýalar işgäriň aýlyk hakynyň 50%-ne çenli artdyryldy. Ykdysadyýetde döwlet pudagyna degişli kärhanalar hususylaşdyryldy. Bu özgertmeleriň has düýplüligi üçin, ony *Meýdziniň özgertmeleri* bilen deňeşdirýärler.

Eýsem, ýapon jemgyýetinde şeýle düýpli özgertmeleriň zerurlygy nämededi? D. Koidzuminiň özi 2005-nji ýylyň aw-

gustynda ýapon halkyna ýüzlenip, ony şeýle düşündiripdi: «*Döwlet nirede nämäniň zerurdygyny kesgitläp bilmez, ony telekeçiler gowy biler. Döwlet telekeçilik bilen meşgullanyp bilmez. Sebäbi onuň bäsdeşi ýok. Bäsdeşlik bolmadyk ýerde, ösüş bolmaz*». 2003-nji ýyldan başlap ýapon ykdysadyýetinde ýene-de janlanyş başlandy. Emma Koidzumi birnäçe ýyl öňünden 2006-njy ýylda işden gitjekdigini aýtdy. 2005-nji ýylyň saýlawlarynda onuň partiýasy ýeňiş gazandy. Ýurduň içeri we daşary syýasatyny halk hem goldaýardy. Emma Koidzumi partiýa we hökümete ýolbaşçylyk etmekden 2006-njy ýylda meýletin ýüz öwürdi. Onuň öz öňe süren adamy *Sindzo Abe* 2006-njy ýylyň sentýabrynda onuň wezipelerini eýeledi. Ol 2007-nji ýylyň sentýabryna çenli hökümete baştutanlyk etdi.



**Sindzo Abe** 1954-nji ýylda syýasatçylaryň maşgalasynda dogulýar. Onuň kakasy LDP-niň ýolbaşçylarynyň biri bolup, ýurduň daşary işler ministri wezipesinde işläpdir. Atasy bolsa ýurduň premýer-ministri wezipesini eýeläpdir. Sindzo Abe Ýaponiýada syýasaty öwreniş hünäri boýunça ýokary bilim alýar, soňra ABŞ-da okuwyny dowam etdirýär. Ol partiýa we döwlet işlerinde ýokary wezipelerde işleýär. 2006-njy ýylda ýurduň premýer-ministri saýlanýar. Ol Ýaponiýanyň Ikinji jahan urşundan soň bolan hökümet baştutanlarynyň arasynda iň ýaş premýer-ministr bolupdy. Bir ýyldan soň oppozisiýanyň basyşlary hem-de terrorizme garşy göreşmek boýunça öz teklibi goldanylmandan soň wezipesinden gidýär. 2012-nji ýylyň dekabrynda ol ýene hökümet baştutany bolýar.

Onuň dolandyran döwründe halkara ýagdaýlary Abe üçin amatly bolmandy. Abe ABŞ bilen bilelikde halkara terrorizmine garşy göreşmegiň tarapyndady. Emma, ondan oppozisiýadaky partiýalar Owganystana ýollanan ýapon esgerlerini yzyna getirmegi talap edýärler. Abe Demirga-

zyk Koreýanyň atom ýaragyny edinmek ugrundaky işlerine garşy işjeň çykyş edýär. Emma Abe hökümet baştutany bolan dessine goňşusy KHDR 2006-njy ýylyň oktýabrynda atom ýaragyny synag edýär. Üstesine-de, onuň partiýasyndan bolan iki ministr dürli etmişleri üçin, oppozisiýanyň talaby boýunça işden gitmeli bolýarlar. Ýene bir ministr özüni öldürmäge mejbur bolýar. Bularyň ählisi onuň ýolbaşçylyk edýän partiýasy bolan LDP-niň abraýyny peseldýär. Netijede, 2007-nji ýyldaky parlamentiň ýokary palatasyna bolan saýlawlarda onuň partiýasy ýeňiş gazanyp bilmeýär. Parlamentde we ýurduň içinde syýasy garşydaşlarynyň sürünmesi netijesinde, Abe wezipesinden el çekýär. Şol wagtdan başlap Ýaponiýada syýasy dartgynlyk başlanýar. Dolandyryjy partiýa bolan LDP-niň düzüminden bolan premýer-ministrleriň birnäçesi gysga wagtdan soň wezipesinden gitmeli bolýarlar. Abeden soň 2007-nji ýylyň sentýabrynda *Ýasuo Fukuda* Ýaponiýada gysga wagtlyk premýer-ministr bolanlaryň birinjisidir.

**Ýasuo Fukuda** 1936-njy ýylda doglan. Ol syýasy-ykdysadyýet boýunça ýokary bilim alyp, ilki 17 ýyl çemesi nebit kompaniýasynda işleýär. Soňra hökümetde dürli wezipelerde işleýär. Onuň kakasy hem ýurduň premýer-ministri bolupdy. Täsin ýeri, olaryň ikisi hem bu wezipä 71 ýaşynda saýlanypdylar.



Ýasuo Fukudanyň häkimiýete gelen wagty Ýaponiýada syýasy dartgynlygyň güýçlenen döwrüdi. Oppozisiýa onuň hem hökümetden gitmegini talap edip başlaýar. Ýaponiýanyň halky hem Fukudanyň syýasatyndan närazy bolýar. Şeýle ýagdaýlarda Fukuda bir ýyl çemesi premýer-ministr bolup, wezipesinden gitmäge mejbur bolýar.

2008-nji ýylyň sentýabrynda premýer-ministr wezipesine *Taro Ase* geçýär. Ol öň hem bu wezipä geçmek üçin köp synanyşypdy. Onuň özi syýasatçylaryň maşgalasyndandy. Emma Aseni hem halk köpçülikleýin goldamaýardy. Ol öň daşary işler ministri bolup işlän döwründe-de, soň premýer-ministr bolan mahaly hem duýdansyz, garaşylmadyk, Ýaponiýanyň resmi garaýşyna gabat gelmeýän pikirleri aýdyp goýberýärdi. Onuň aýdan şol sözlerini oppozisiýadaky garşydaşlary toplap, soň olary Ase garşy ulanýardylar. Üstesine-de, 2008-nji ýylyň awgustynda başlanan dünýä ykdysady çökgünligi Ýaponiýany hem öz içine alypdy. 2009-njy ýylyň parlament saýlawlarynda LDP öz taryhynda ikinji gezek ýeňlişe sezewar bolýar. 2009-njy ýylyň sentýabrynda Ase wezipesinden gitmäge mejbur bolýar.

Saýlawlarda ýeňiş gazanyp, Ýaponiýanyň Demokratik partiýasy hökümet düzdi. Ol partiýadan *Ýukio Hatoýamo, Naoto Kan*, soňra *Ýosihiko Nado* premýer-ministr bolýarlar. Demokratik partiýanyň dolandyran 2009–2012-nji ýyllarynda ýurtda syýasy ýagdaý dartgynly bolmagynda galýar. Üstesine-de, 2011-nji ýylyň 11-nji martyndaky ýertitreme netijesinde başlanan sunami köp weýrançylyklara getirdi. Ýertitreme Fukusimo-1 atly atom elektrik stansiýasyny sandan çykarýar. Tebigy betbagtçylyklar zerarly wepat bolanlaryň we dereksiz ýitenleriň sany 20 müň çemesi bolýar. Ykdysady çökgünlik, syýasy dartgynlylyk, tebigy betbagtçylyk netijesinde dörän närazylyklar 2012-nji ýylyň dekabrynda demokratik partiýanyň wekillerini wezipesinden gitmäge mejbur edýär. Saýlawlar netijesinde ýene-de Liberal-demokratik partiýa häkimiýete gaýdyp gelýär. Onuň lideri *Sindzo Abe* premýer-ministr bolýar. XXI asyryň 14 ýylynyň dowamynda birnäçe adamlaryň Ýaponiýany dolandyrandygy ýurduň syýasy taryhyny öwrenmekde kynçylyk döredýär. Düşnükli bolsun diýip, biz olary tablisa salyp, görkezmek isledik.

| T/ № | Premýer-ministrleriň ady, familiýasy we doglan ýyly | Wezipä geçen wagty | Wezipeden aýrylan wagty | Partiýalylygy |
|---|---|---|---|---|
| 1 | Ýosiro Mori (1937) | 5 aprel 2000 | 26 aprel 2001 | Liberal-demokrat |
| 2 | Dzýunitiro Koidzumi (1942) | 26 aprel 2001 | 26 sentýabr 2006 | Liberal-demokrat |
| 3 | Sindzo Abe (1954) | 26 sentýabr 2006 | 26 sentýabr 2007 | Liberal-demokrat |
| 4 | Ýasuo Fukuda (1936) | 26 sentýabr 2007 | 24 sentýabr 2008 | Liberal-demokrat |
| 5 | Taro Ase (1940) | 24 sentýabr 2008 | 19 sentýabr 2009 | Liberal-demokrat |
| 6 | Ýukio Hatoýamo (1947) | 16 sentýabr 2009 | 8 iýun 2010 | Demokrat |
| 7 | Naoto Kan (1946) | 8 iýun 2010 | 29 awgust 2011 | Demokrat |
| 8 | Ýosihiko Noda (1957) | 30 awgust 2011 | 26 dekabr 2012 | Demokrat |
| 9 | Sindzo Abe (1954) | 26 dekabr 2012 | - | Liberal-demokrat |

Tablisadan görnüşi ýaly, XXI asyrda esasy dolandyryjy partiýa bolan Ýaponiýanyň Liberal-demokratik partiýasydyr. Ýaponiýada syýasy ýagdaýyň çylşyrymly bolmagynyň hem esasy sebäbi ýurduň ykdysady ýagdaýy bilen baglydyr.

**Ýaponiýanyň ykdysady ýagdaýy.** XX asyryň ahyryndaky ýurduň ösüşiniň görnetin haýallamagyna garamazdan, 2000-nji ýylda Ýaponiýanyň umumy milli girdejisi 4 trln amerikan dollaryna barabar bolýar. Bu Germaniýanyňkydan iki esse, Beýik Britaniýanyňkydan we Fransiýanyňkydan 3 esse köp diýildigidir. Şol ýyl dünýäde öndürilen önümleriň 12%-i Ýaponiýada öndürildi diýildigidir. Dzýunitiro Koidzuminiň özgertmeleriniň netijesinde 2003-nji ýyldan başlap ýurt täzeden janlanyp başlaýar. 2005-nji ýylda Ýaponiýada ilatyň jan başyna öndürilýän

önüm 38,9 müň amerikan dollaryndan geçýär. Jemi öndürilen milli önüm 4,96 trln amerikan dollaryna ýetýär. Emma 2008–2009-njy ýyllaryň dünýä maliýe-ykdysady çökgünligi, ýurtdaky syýasy dartgynlylyk we tebigy betbagtlyklar zerarly Ýaponiýanyň ykdysady ösüşi haýallaýar. Ol dünýä ýurtlarynyň arasynda ykdysady kuwwatlylygy boýunça ikinji döwlet bolandygyndan üçünji ýere geçýär.



Ýaponiýa wagtlaýyn kynçylyklara garamazdan, dünýäniň iň bir ösen ýurtlarynyň biri hasaplanýar. Awtoulaglary öndürmek, robot tehnologiýasy, elektrotehniki enjamlary öndürmek, nanotehnologiýa boýunça Ýaponiýa dünýäde öňdäki orunlary eýeleýär. XXI asyryň başlarynda awtoulaglary öndürýän kärhanalarda 8 mln işçiniň zähmet çekmegi, bu pudagyň ýurduň ykdysadyýetindäki ornunyň derejesini görkezýär. «Toyoto», «Nissan», «Mazda», «Misubishi» kysymly ýapon awtoulaglary dünýäde, şol sanda Türkmenistanda hem abraý gazandylar. Tebigy baýlyklara garyp ýurt bolmagyna garamazdan, ylmyň we tehnikanyň ösdürilmeginiň hasabyna Ýaponiýa dünýädäki öňdebaryjy ýurtlaryň biri bolmagy gazandy.

Ýaponiýada ýurduň ilatynyň esasy bölegi şäherlerde ýaşaýar. Onuň iri şäherleriniň we paýtagtynyň ýollary birnäçe gatdan ybarat edilip gurlupdyr. Ýaponiýada 2013-nji ýyldan ykdysady ösüş täzeden bat alyp başlady.

**Ýumuşlar:**

1. XXI asyrda Ýaponiýanyň dolandyryjy partiýalaryny aýdyp beriň.
2. D.Koidzuminiň geçiren özgertmeleri barada gürrüň beriň.
3. XXI asyrda Ýaponiýanyň syýasy ýagdaýy, ýurdy dolandyran premýer-ministrler barada gürrüň beriň.
4. Internetiň maglumatlarynyň esasynda häzirki wagtda Ýaponiýanyň ykdysady ösüşi barada aýdyp beriň.

## §16. Ýaponiýanyň daşary syýasaty

**Ýaponiýanyň ABŞ bilen gatnaşyklary.** Ýaponiýa 1947-nji ýylyň konstitusiýasy bilen ýaşaýar. Ol boýunça ýurduň milli girdejisiniň 1%-den artygyny harby çykdajy etmek gadagandyr. Şonuň üçin Ýaponiýa Aziýada harby babatda lider bolmaga çalyşmaýar. Ýaponiýa Gündogar ýurdy bolmagyna seretmezden, daşary syýasatynda ABŞ we Günbatar döwletleri bilen gatnaşyklara aýratyn ähmiýet berilýär. «Sowuk uruş» döwründen bäri Ýaponiýanyň ABŞ bilen halkara gatnaşyklarynda bilelikde çykyş etmegi ýurduň daşary syýasatynda öz yzlaryny galdyrypdyr. Premýer-ministrler häkimiýete gelenlerinde, adatça, daşary syýasatda ABŞ bilen ýakyn gatnaşyk saklajakdyklaryny aýdýarlar. Ýaponiýada ABŞ-nyň harby bazalary saklanýar. ABŞ bilen harby ýaranlygy saklap, onuň goragy astynda Ýaponiýa ýurduň ykdysady, durmuş meselelerini çözmegi amatly hasaplaýar. Ikinji tarapdan, soňky döwürlerde Ýaponiýa bilen ABŞ-nyň arasynda dünýäniň bazarlarynyň üstünde bäsdeşlik güýçlenýär.

Ýaponiýa halkara dawalaryna soňky döwürlerde az-da-kände goşulýar. Ilki Pars aýlagy sebitindäki Yraga garşy

uruşda Günbatar ýurtlaryna 13 mlrd dollar pul kömegini berdi. Owganystanda ABŞ-nyň ýolbaşçylygyndaky talibanlara garşy söweş hereketlerine bolsa ýapon esgerleri gönüden-göni gatnaşdy. Bu Ýaponiýanyň Ikinji jahan urşundan soňky taryhynda başga ýerlerdäki harby hereketlere ilkinji gezek gatnaşyşydy. 2014-nji ýylda ýurduň Konstitusiýasyndaky urşy gadagan edýän madda üýtgetme girizildi.

**Ýaponiýanyň daşary syýasatyndaky möhüm meseleler.** Ýaponiýa BMG-niň, «Uly 7-ligiň», «Uly 20-ligiň» agzasy hökmünde dünýä syýasatyna täsirini ýetirýän döwletdir. Ýaponiýanyň daşary syýasatynda çözülmän galan iki meseläni mahal-mahal gozgaýarlar. Olaryň *birinjisi* Ýaponiýany BMG-niň Howpsuzlyk geňeşiniň hemişelik agzasy etmek meselesi. Ykdysady kuwwaty boýunça dünýäde öňdäki orunlara çykmagy bilen Ýaponiýa Howpsuzlyk geňeşiniň hemişelik agzasy bolmak baradaky göreşini has-da güýçlendirýär. Bu maksada ýetmek üçin BMG-niň agzalarynyň arasynda halkara guramasynyň hasabyna iň köp töleg töleýän 3 ýurduň biriniň Ýaponiýadygyny hem ýatladýar. BMG-niň häzirki wagtdaky Howpsuzlyk geňeşiniň hemişelik agzalary bolan ABŞ, Hytaý, Russiýa, Angliýa, Fransiýa ýaly ýurtlaryň soňky üçüsinden Ýaponiýanyň ykdysady kuwwatynyň has ýokarydygyny ýatladýar. Ýaponiýa olardan haýsydyr birini geňeşden çykarmagy teklip etmeýär. Ýöne ol Howpsuzlyk geňeşiniň hemişelik agzalarynyň hem, wagtlaýyn agzalarynyň hem sanyny artdyrmagy teklip edýär. Sany artdyrylan Howpsuzlyk geňeşiniň hemişelik agzalarynyň biriniň Ýaponiýa bolmalydygyny nygtaýar. Beýleki agzalaryny hem dünýä ykdysadyýetinde uly orun eýeleýän döwletleriň tutmalydygyny aýdýar.

Daşary syýasatda çözmesi kyn bolan meseleleriň *ikinjisi* bolsa Russiýa bilen Ikinji jahan urşunyň jemlerini jemleýän parahatçylykly şertnamanyň häli-häzire çenli baglaşylmandygydyr. Iki ýurduň arasynda parahatçylyk şertnamasynyň

ýokdugynyň esasy sebäpleriniň biri bolsa Russiýa bilen Ýaponiýanyň arasyndaky dört sany maýda adalaryň üstündäki dawalardyr. Aslynda, Kurill adalarynyň günortasynda ýerleşýän şol dört adany SSSR-iň ýolbaşçysy Nikita Hruşýow yzyna gaýtaryp bermäge söz beripdi. Ýaponiýa mahal-mahal şol adalary yzyna almak üçin gepleşiklere başlamagy Russiýa teklip edýär. Adalar yzyna gaýtarylsa, parahatçylykly şertnamany hem baglaşjakdygyny aýdýar. Sindzo Abeniň hökümeti bu meseläni öňem gozgapdy, ýene-de gozgaýar.

**Ýaponiýanyň goňşulary bilen gatnaşyklary.** Ýaponiýa Hytaýa ykdysady gatnaşyklarda we harby-deňiz ýaraglanyşygynda bäsdeş hökmünde garaýar. Emma Ýaponiýa goňşulary Hytaý we Günorta Koreýa bilen söwda-ykdysady gatnaşyklaryny has-da ösdürmegiň tarapdary hökmünde çykyş edýär. Ýaponiýa goňşulary bilen özara söwdada gümrük paçlaryny azaltmak barada gepleşikleri geçirýär. 2014-nji ýylyň martynda Hytaýda Ýaponiýanyň, Hytaýyň, Günorta Koreýanyň gatnaşmagynda öz aralarynda harytlaryna gümrük paçlaryny azaltmak barada gepleşikleriň dördünji tapgyryny geçirdiler. Emma gepleşiklerde bu mesele boýunça häzirlikçe belli bir karara gelinmedi. Taraplar gepleşikleri dowam etdirmek barada ylalaşdylar.

Ýaponiýanyň Demirgazyk Koreýa bilen gatnaşyklary çylşyrymly bolmagynda galýar. Demirgazyk Koreýanyň ýadro ýaragyny ýaýratmazlyk baradaky halkara şertnamanyň düzüminden çykmagy we soňra atom bombasyny edinmegi Ýaponiýanyň onuň bilen gatnaşyklarynyň çylşyrymlaşmagyna getirdi. Ýaponiýada KHDR-den goranmak maksady bilen ýaraglanyşygy güýçlendirmek, konstitusiýanyň harby çykdajylary çäklendirmek hakyndaky maddalaryna üýtgetmeler girizmek, atom ýaragyny edinmek barada cykyşlar hem boldy. Ýapon hökümeti bu çykyşlary goldamady. Ýaponiýa daşary syýasatynda KHDR-iň ýadro ýaragy meselesini gepleşikler arkaly, diplomatik ýol bilen

çözmegiň amatlydygyndan ugur alýar. Ýaponiýa Merkezi Aziýa döwletleri bilen gatnaşyklara aýratyn ähmiýet berýär. Olaryň arasynda Türkmenistan bilen gatnaşyklar aýratyn bellenmäge mynasypdyr.

**Ýapon-türkmen gatnaşyklary.** 2009-njy ýylyň 16–18-nji dekabrynda hormatly Prezidentimiziň Ýaponiýa ilkinji resmi sapary boldy. Hormatly Prezidentimiz Tokioda Ýaponiýanyň şol wagtky premýer-ministri Ýukio Hatoýama bilen geçiren gepleşiklerinde türkmen-ýapon gatnaşyklarynyň ýokarlanýan depginini kanagatlanmak bilen belläp, Türkmenistanyň şol hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmäge üýtgewsiz taýýardygyny tassyklady. 17-nji dekabrda hormatly Prezidentimiz Ýaponiýanyň imperatory Akihito tarapyndan mähirli kabul edildi. Hormatly Prezidentimiziň Ýaponiýa resmi saparynyň dowamynda iki döwletiň arasynda hyzmatdaşlygyň berk hukuk binýadyny döretjek ylalaşyklaryň toplumyna gol çekildi.

Hormatly Prezidentimiz «Komasu» kompaniýasynyň Osaka şäherindäki maşyngurluşyk zawodyna baryp, onuň tehnikalary bilen içgin tanyşdy. Ýeri gelende ýatlasak, Ýaponiýanyň «Komasu» kompaniýasynyň tehnikalary ýurdumyzda ýol gurluşygynda, Altyn asyr Türkmen kölüniň gurluşygynda giňden ulanylýar. Olar bilen baglaşylan ylalaşyga laýyklykda ýurdumyz her ýylda bu tehnikalaryň täze tapgyryny satyn alýar.

Hormatly Prezidentimiziň 2013-nji ýylyň 11–13-nji sentýabrynda Ýaponiýa ikinji gezek resmi sapary guraldy. Saparyň barşynda we soňky gepleşiklerde ýapon kompaniýalarynyň gatnaşmagynda umumy bahasy 20 milliard amerikan dollaryna barabar taslamalaryň amala aşyryljakdygy barada ylalaşyk gazanyldy.

«Merkezi Aziýa+Ýaponiýa» gatnaşygynyň çäklerinde hyzmatdaşlyk etmek Türkmenistanyň we Ýaponiýanyň energetika strategiýalaryndan gelip çykýar. Bilşimiz ýaly,

Ýaponiýa çig mal we energiýa çeşmelerine mätäç ýurtdur. Şol sebäpli Ýaponiýa energetika çeşmelerine baý döwletler bilen ýakyn hyzmatdaşlygy ýola goýmaga artykmaçlyk berýär. Munda Merkezi Aziýa sebitine, aýratyn-da Türkmenistana uly orun degişli.

Ýangyç-energetika, ulag-kommunikasiýa, suw hojalygy pudaklary türkmen-ýapon hyzmatdaşlygynda ileri tutulýan ugurlar bolmagynda galýar. Ýaponiýanyň belli «Itochu» kompaniýasy Türkmenbaşy şäherindäki nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň abatlanylmagyna we döwrebaplaşdyrylmagyna işjeň gatnaşdy. Ýapon işewür adamlary Türkmenistanda gazy arassalaýjy desgalaryň gurluşygyna işjeň gatnaşdylar. Ýapon kompaniýalarynyň gatnaşmagynda Mary şäherinde ammiak we karbamid öndürýän zawod gurulýar.

2014-nji ýylyň 22-nji aprelinde hormatly Prezidentimiz Gyýanlyda ýapon we koreý hünärmenleriniň tagallasy bilen guruljak sebitiň iri Gaz-himiýa toplumynyň gurluşygyna ak pata berdi.

Türkmen–ýapon gatnaşyklary medeni-gumanitar ugurda hem ösdürilýär. Birnäçe ýyldan bäri Ýaponiýanyň Türkmenistanda, Türkmenistanyň Ýaponiýada medeniýet günleri geçirilýär.

Hormatly Prezidentimiziň tagallasy netijesinde ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamyna ýapon kompaniýalarynyň lukmançylyk enjamlary yzygider ornaşdyrylýar. «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri», «Ata arzuwyny amala aşyrýan Agtyk» atly kitaplaryň ýapon diline terjime edilmegi Ýaponiýanyň Türkmenistana we onuň Liderine hormatyndan nyşandyr.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Ýaponiýanyň ABŞ bilen gatnaşyklary barada gürrüň beriň.
2. Ýaponiýanyň daşary syýasatynda haýsy meseleler çözülmän galan hasaplanýar?

3. Türkmen-ýapon gatnaşyklary haýsy ugurlarda dowam etdirilýär?
4. Internetiň maglumatlarynyň esasynda häzirki wagtda Ýaponiýanyň daşary syýasaty barada aýdyp beriň.

## Gündogar we Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlary

**Aziýa «gaplaňlary».** Ýadyňyzda bolsa, biz siziň bilen 10-njy synpda Günorta Koreýa, Tailand, Singapur, Malaýziýa ýaly döwletleriň ABŞ-nyň we Ýaponiýanyň goldawy bilen ösüp, XX asyryň ahyrynda özüniň ösüş depgini boýunça has öňe saýlanandygyny öwrenipdik. Olar dünýäniň ösen, täze tehnologiýalaryna patentleri satyn alyp, öz ýurtlaryndaky arzan işçi güýji bilen ýokary hilli, arzan önümleri öndürip, dünýä bazarlarynda satmagyň hasabyna baýadylar. Şonuň üçin olara *Aziýa «gaplaňlary»* ýa-da «*Täze senagatlaşan döwletler*» hem diýilýär. Agzalan döwletler XXI asyryň başynda has güýçli depginlerde ösdüler. Olaryň öňbaşçysy Günorta Koreýadyr.

## §17. Koreýa Respublikasy




*Koreýa Gündogar Aziýada, adybir ýarymadada ýerleşip, oňa 3200-den gowrak kenarýaka adalary ýanaşýar. Tutuş ýarymadanyň tutýan meýdany 223,170 müň inedördül kilometr bolup, şonuň 100,32 inedördül kilometri Günorta Koreýa degişlidir. 2013-nji ýylyň maglumatlaryna görä, ýurduň ilaty 48,9 mln adam. Paýtagty – Seul.*

**Günorta Koreýanyň syýasy taryhy.** Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlarynyň iň ösenleriniň biri Günorta Koreýadyr. Onuň resmi ady Koreýa Respublikasydyr. Häzirki döwürde Koreýa Respublikasynda prezident 5 ýyl möhlet bilen diňe bir gezek saýlanylýar.

XX–XXI asyrlaryň sepgidinde, 1998–2003-nji ýyllarda Koreýa Respublikasynda *Kim De Çžun* Prezident bolýar. Ol demokratik özgerdişleri amala aşyrýar. Prezident wezipesine geçen güni sözlän sözünde ol şeýle diýýär: «*Demokratiýa we ykdysadyýet ikisi ugurdaş ösmelidir. Çünki demokratiýa we ykdysadyýet bir medalyň iki ýüzüdir*». Kim De Çžun geçirimliligi, demokratlygy, ynsanperwerligi bilen halkyň göwnünden turýar. Ol häkimiýete gelenden soň ýurduň öňki prezidentleri Çon Du Hwan (1980–1988 ý.ý.) we Ro De U (1988–1993 ý.ý.) dagylary tussaglykdan boşadýar. Bu ýagdaý ýurduň ilatyny jebisleşdirýär, Prezidente halkyň hormatyny has-da artdyrýar. Kim De Çžun halkara derejesinde demokratiýany ösdürmekde, parahatçylygy gorap saklamakda bitiren hyzmatlary üçin 2000-nji ýylda Nobel baýragyna mynasyp bolýar.

2002-nji ýylyň dekabrynda bolan prezident saýlawlarynda 1946-njy ýylda doglan *No Mu Hýon* ýeňiş gazandy. Ol 2003–2008-nji ýyllarda prezident boldy. Ol saýlawçylara ýerine ýetirip bolmajak wadalary köp beripdir. No Mu Hýon KHDR bilen gatnaşyklary sazlamagy, hepdede 5 günlük iş düzgünini girizmegi, paýtagty Seuldan özüniň kazy bolup işlän şäherine – Tedžona geçirmegi wada beripdir. Onuň döwründe ýurduň ykdysady ýagdaýy gowulanýar. Emma No Mu Hýonyň dolandyran döwründe syýasy garşylyklar ýitileşýär. Onuň kömekçilerini parahorlykda aýyplaýarlar. Ýurduň parlamenti onuň prezidentlik wezipesine laýyk däldigi barada karar kabul edýär. Emma bu karary Konstitusion kazyýet yzyna gaýtarýar. 2008-nji ýylyň fewralynda No Mu Hýon işden aýrylandan soň, para meselesi boýunça derňew dowam etdirilýär. 2009-njy ýylda ol özüniň janyna kast edip, ýogalýar.

2007-nji ýylyň ahyrynda geçen prezident saýlawlarynda *Li Mýon Bak* ýeňiş gazanyp, 2008–2013-nji ýyllarda Prezident bolýar.

8 Sargyt № 1576



**Li Mýon Bak** 1941-nji ýylyň 19-njy dekabrynda Ýaponiýada dogulýar. Çagalyk we ýetginjeklik ýyllary köp azap görýär. Ýaponiýadan watanyna gaýdyp gelýärkä, olaryň maşgalasynyň münen gämisi heläkçilige uçraýar. Maşgalasy Ýaponiýada toplan ähli pullaryny suwa aldyryp, hiç zatsyz ýurduna gelýär. Li Mýon Bak diňe tutanýerliligiň, zähmetsöýerligiň hasabyna durmuşda öz ornuny tapýar. Ýokary okuw mekdebiniň «Biznesiň administratory» hünärini tamamlap, «Hyundai» kompaniýasynda ýönekeý işgärden direktora çenli 27 ýyl dürli wezipelerde işleýär. Parlamentiň deputaty bolýar, ABŞ-nyň ýokary okuw mekdepleriniň birinde ylym bilen meşgullanýar. ABŞ-dan gelenden soň Seul şäheriniň meri bolýar. 2008-nji ýylda onuň doglan güni geçen prezident saýlawlarynda ýeňiş gazanyp, 2008–2013-nji ýyllarda Koreýa Respublikasynyň Prezidenti bolýar.

Li Mýon Bakyň özi garyplygyň güzabyny gerdeninde çeken adam bolandygy sebäpli, ilkinji nobatda, halkyň hal-ýagdaýynyň gowulanmagyna üns berýär. Ilatyň jan başyna düşýän milli girdejini artdyrmagyň aladasyny edýär. Ol özüniň ýatlama kitabynda «*Durmuşda meniň mugallymym garyplyk we ejem bolupdy*» diýip ýazýar. Onuň bu kitabyny okanyňda diňe bir geljekki Prezidentiň başdan geçirmelerini däl, eýsem, tutuş ýurduň taryhyny, halkyň başyndan geçiren kynçylyklaryny, daşary döwletleriň günäsi bilen ikä bölünen halkyň gören azaplaryny duýmak bolýar. Iki Koreýanyň arasyndaky urşuň, uruşdan soňky garşylyklaryň halka ýetiren zyýanlaryny göz öňüne getirmek bolýar. Şol kynçylyklary gören Prezident iki Koreýanyň halklarynyň ýakynlaşmaklary, geljekde bir döwlete birleşip, koreý halkynyň abadan, bolçulykda ýaşamagy üçin alada edýär. Onuň tagallasy bilen dünýä maliýe-ykdysady çökgünliginiň Günorta Koreýa eden ýaramaz täsirlerinden ýurdy alyp çykmak başardýar.

**«Hangan derýasynyň boýundaky gudrat».** Koreýa respublikasy soňky 50 ýylyň içinde tanalmaz ýaly özgerdi.

1962-nji ýyl bilen deňeşdirsek, jemi içerki önümiň möçberi 2,3 mlrd bolanlygyndan 2007-nji ýylda 1 trln amerikan dollaryndan geçdi. Ilatyň jan başyna düşýän girdeji şol ýyllarda 87 dollar bolanlygyndan 20 müň amerikan dollaryndan geçdi. Gadymy Hangan derýasynyň boýlary tanalmaz ýaly özgerdi. Halkyň ýaşaýşy düýbünden gowulaşdy. Dünýä metbugatynda gysga wagtdaky bu ösüşi «*Hangan derýasynyň boýundaky gudrat*» diýip atlandyrdylar.

2008–2009-njy ýyllaryň dünýä ykdysady çökgünligi, ilkinji nobatda, has ösen ýurtlaryň ykdysadyýetine zyýan berdi. Günorta Koreýa hem şeýle ösen ýurtlaryň birine öwrülipdi. Dünýä ykdysady çökgünligi döwründe düýpli bolmasa-da, Koreýa Respublikasynyň ykdysadyýeti hem ejir çekdi. Ony jemi içerki önümiň möçberiniň azalandygyndan hem görmek bolýar. Emma Koreýa Respublikasynda 2010-njy ýyldan ykdysadyýet çalt ösüp başlady. Ýurt dünýäde ykdysady kuwwatlylygy boýunça 13-nji ýere geçdi. Häzirki wagtda Koreýa Respublikasy dünýäde ykdysady kuwwatlylygy boýunça ilkinji onluga goşulmak ugrunda göreşýär.

Koreýa Respublikasynyň ykdysadyýeti daşary söwda gönükdirilendir. Onuň «Samsung», «LC», «Hyundai» kompaniýalarynyň önümleri dünýä bazarlarynda ymykly ornaşdy. Daşary söwdasynyň möçberi boýunça Koreýa Respublikasy dünýäde öňdebaryjy on döwletiň biridir. Koreýa Respublikasy gämi gurluşyk, elektronika we durmuş-tehniki önümleri, awtoulaglary we ş.m. dünýä bazarlaryna çykarýar. Onuň paýyna dünýäde öndürilýän gämileriň 40%-i düşýär. Koreýanyň çalt ösmegine sebäp bolan ýagdaýlar barada aýdylanda, ilkinji nobatda, koreý halkynyň zähmetsöýerliginiň, watançylygynyň uly täsiriniň bolandygyny aýtmalydyrys. Galyberse-de, ABŞ-nyň goldamagynda ýurduň ýolbaşçylary tarapyndan ylmyň, tehnikanyň gazananlarynyň öz wagtynda önümçilige ornaşdyrylmagynyň, daşary ýurtlardan ylmy-tehniki açyşlaryň patentlerini satyn almagyň, ykdysadyýetiň dünýä bazarlaryna ýokary hilli önümle-

ri çykarmaklyga gönükdirilmeginiň, täze tehnologiýadan başy çykýan degişli hünärmenleriň artygy bilen taýýarlanylmagynyň täsiri uludyr. Koreýa Respublikasynda 500-den gowrak ýokary okuw mekdebi bolup, şonuň 400 çemesi hususy okuw mekdepleridir. Daşary ýurt maýadarlarynyň çekinmän onuň ykdysadyýetine maýa goýmagyna ýokary hünärli hünärmenleriň köp bolmagy hem oňyn täsir edýär.

2012-nji ýylyň ahyrynda geçirilen Prezident saýlawlarynda Koreýa Respublikasynyň taryhynda ilkinji gezek zenan maşgala bolan *Pak Gyn He* ýeňiş gazandy.




**Pak Gyn He** – Koreýa Respublikasynyň 11-nji Prezidenti. 1952-nji ýylyň 2-nji fewralynda Pak Çžon Hiniň maşgalasynda doguldy. 2004–2006 we 2011–2012-nji ýyllarda Beýik ýurt partiýasynyň öňbaşçysy. 2012-nji ýylda partiýa adyny «Senuri» («Täze gözýetimleriň partiýasy») diýip üýtgetdi. 2007-nji ýylyň saýlawlarynda ýeňlen Pak Gyn He 2012-nji ýylyň saýlawlarynda öňe saýlanmagy başardy. 2013-nji ýylyň 25-nji fewralynda Prezidentiň wezipesine girişdi.

Pak Gyn He işe girişen badyna: «*Men biziň ykdysady ösüşimiziň miweleriniň diňe iri korporasiýalara däl-de, hemmämize ýetmegini gazanmaga çalşaryn*» diýdi. Ömrüni syýasata bagyşlan bu zenan hiç haçan durmuşa çykmady. Ol degşip: «*Men öz Watanyma adagly*» diýip jogap berýär. Pak Kyn He ýurdy 1963–1979-njy ýyllarda dolandyran general Pak Çžon Hiniň gyzydyr. Pak Çžon Hi ýurdy diktatorçylyk usullary bilen dolandyran hem bolsa, hut onuň döwründe häzirki ösen Koreýanyň düýbi tutulypdy. Onuň döwründe ýurt gülläp ösüpdi. Muňa garamazdan, Pak Gyn He kakasynyň etmişleri üçin halkyndan ötünç sorady. Bu bolsa koreý halkynyň jebisleşmegine ýardam edýär.

**Daşary syýasat we koreýara gepleşikleri.** Koreýa Respublikasy Kim De Çžun prezident bolan döwründe işjeň

daşary syýasat ýöretdi. Kim De Çžun daşary syýasatda, ilkinji nobatda, KHDR bilen gatnaşyklaryny kadalaşdyrmakda köp işler etdi. 2000-nji ýylda Phenýanda KHDR-iň döwlet ýolbaşçysy Kim Çen Ir bilen duşuşyk geçirdi. Bu iki koreý döwletiniň taryhyndaky ilkinji duşuşykdyr. Gazanylan ylalaşyga laýyklykda, Demirgazyga azyk önümlerini ibermek görnüşinde ynsanperwer kömegi berlip başlandy. Bölünen, garyndaş maşgalalaryň duşuşygy ençeme tapgyrda geçirildi. Iki ýurduň awtoulag we gara ýollary gaýtadan birleşdirildi. Günortanyň maýa goýumynyň, Demirgazygyň bolsa işçi güýjüniň gatnaşmagynda demarkasion çägiň zolagynda 2007-nji ýylda Keson senagat toplumy guruldy.

No Mu Hýonyň döwründe (2003–2008 ý.ý.) ABŞ we Ýaponiýa bilen yakynlaşmak has güýçlenýär. KHDR-iň lideri Kim Çen Ir bilen öňki prezidentiň başlan gepleşiklerini dowam etdirýär. Emma 2006-njy ýylda Demirgazyk Koreýanyň ýadro ýaragyny synag etmegi ýene koreýara gepleşiklerini sowaşdyrdy. Şonuň üçin 2007-nji ýylyň oktýabrynda ýokary derejedäki ikinji duşuşyk känbir netije bermedi. No Mu Hýon Aziýa sebitiniň döwletleri bilen gatnaşyklary gowulaşdyrmaga synanýar. Li Mýon Bak dolandyran döwründe Merkezi Aziýanyň döwletleri, şol sanda Türkmenistan bilen gatnaşyklary ösdürýär.

**Koreýa Respublikasynyň Türkmenistan bilen gatnaşyklary.** Koreýa Respublikasy bilen Türkmenistanyň arasyndaky gatnaşyklar ýygjamlaşýar. 2008-nji ýylyň noýabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Koreýa Respublikasyna ilkinji resmi sapary boldy. Hormatly Prezidentimiz Koreýa Respublikasyna resmi sapary mahalynda «Hyundai Motors Company» zawodyna, «Hyundai Heawy Industris» gämi gurluşyk zawodyna, Koreýanyň deňiz derwezesi hasaplanýan Pusan portuna, Ulsan şäherindäki «SK» kompaniýasyna degişli nebiti gaýtadan işleýän topluma hem baryp gördi. Hormatly Prezidentimiziň

tagallasy bilen Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda Koreýa Respublikasynyň kompaniýalary täze desgalary gurýarlar. Bu desgalar 2012–2015-nji ýyllarda gurulýar. Koreý kompaniýalary Ýolöten etrabyndaky «Galkynyş» gaz känini senagat taýdan işlemäge işjeň gatnaşdylar. Türkmenistanda 2014-nji ýylyň aprelinde Günorta Koreýanyň kompaniýalarynyň gatnaşmagynda Gaz-himiýa toplumynyň gurluşygyna başlanyldy. 2014-nji ýylyň 20–21-nji iýunynda Koreýa Respublikasynyň Prezidenti hanym Pak Gyn Heniň Türkmenistana döwlet sapary boldy. Oňa gabatlanyp Aşgabatda «KIA-HYUNDAI» söwda-hyzmat ediş merkezi açyldy. Birnäçe ýyllaryň dowamynda Koreýanyň kompaniýalary Türkmenistanda bahasy 5,5 mlrd dollar bolan taslamalary üstünlikli amala aşyrdylar. Agzalan sapar mahalynda nebitgaz toplumynda 4 mlrd dollar möçberinde taslamalary durmuşa geçirmek boýunça ýene iki ylalaşyga gol çekildi.

**Sorag we ýumuşlar:**

1. Aziýa «gaplaňlary» adyny alan döwletleri kartadan görkeziň.
2. Günorta Koreýada häzir näçenji Respublika dowam edýär?
3. Li Mýon Bakyň Koreýa Respublikasyny ösdürmek boýunça geçiren çärelerini düşündiriň.
4. Koreýanyň ikä bölünmeginiň haçan we nähili bolandygyny ýatlaň.
5. Koreýa Respublikasynyň çalt ösmeginiň sebäplerini düşündiriň.
6. Internet maglumatlary esasynda Koreýa Respublikasynyň şu günki ösüşi barada gürrüň beriň.
7. Koreýa Respublikasynyň daşary syýasaty we Türkmenistan bilen gatnaşyklary barada gürrüň beriň.

## §18.Tailand, Singapur, Malaýziýa, Indoneziýa



***Tailand.*** *Günorta-Gündogar Aziýada, Malakka we Hindi-Hytaý ýarymadasynda ýerleşýär. Tutýan meýdany – 513,1 müň inedördül km, ilaty – 67 mln adam (2013 ý). Paýtagty – Bangkok.*

*Ýurduň Tailand ady ýewropalylaryň dakan ady. Ol «Taýlaryň ýurdy»* diýmegi aňladýar. «*Taý*» diýmek «*erkin*», «*azat*» diýmegi aňladýar. Tailand ýewropalylaryň baknasy bolmandygy üçin ony «*Erkinleriň ýurdy*» diýip atlandyrypdyrlar. Taýlaryň özleri ýurduny «*Mýangtaý*» diýip atlandyrýarlar.

Tailand konstitusion monarhiýa bolup, ýurduň başynda patyşa durýar. Emma ol döwlet işlerine goşulmaýar. Häzirki patyşa *Pumipon Adylýadetdir*.



**Pumipon Adylýadet** – Tailandyň patyşasy. Ol 1927-nji ýylda dogulýar. Iki ýaşynda wagty onuň kakasy ýogalýar. Ol başlangyç mekdebi Tailandda, orta mekdebi Şweýsariýada okaýar. Kakasy ýogalandan soň uly dogany tagta geçýär. Pumipon Adylýadet 1946-njy ýylda dogany ýogalandan soň tagta geçýär. Ol Çakriler nesilşalygynyň 9-njy hökümdarydyr. Şonuň üçin oňa Rama IX hem diýilýär. Ol nesilşalygyň taryhynda iň uzak patyşa bolanydyr, dünýäniň häzirki monarhlarynyň arasynda hem iň uzak wagt tagtda oturanydyr. 2016-njy ýylda onuň tagta geçenine 70 ýyl bolýar. Ol milliarder, baýlygyndan 3000 çemesi (aýratyn-da oba hojalygyny ösdürmäge gönükdirilen) dürli taslamalara maýa goýýar. Pumipon Adylýadet halkyň arasynda uly hormata eýedir. Ol döwlet işlerine goşulmazlyga çalyşýar. Emma ýurtda adatdan daşary ýagdaýlar, tolgunyşyklar, hökümetden närazylyklar dörände, ýagdaýy kadalaşdyrmak üçin oňyn täsirini ýetirmegi başarýar.

Tailandy premýer-ministr dolandyrýar. Adatça, saýlawlarda ýeňen partiýanyň ýolbaşçysy premýer-ministr wezipesine geçýär. 2001-nji ýylyň saýlawlarynda ýeňiji partiýanyň ýolbaşçysy *Taksin Çinawat* premýer-ministr wezipesine geçýär. Ol asyl gelip çykyşy boýunça hytaýlydyr. Taksin Çinawat ilkibaşda polisiýada işläpdir. Soňra telekeçilik bilen meşgullanyp, gaty baýapdyr. Onuň kompaniýasy el telefonlaryndan başlap uçarlara çenli dürli harytlary öndürýär.

2001-nji ýylda premýer-ministr bolandan soň parahorlyga, neşe söwdasyna garşy berk göreşýär. 2004-nji ýylyň sunamisiniň ýetiren zyýanlaryny ýok etmekde köp işler edýär.

Emma ol terroristleriň eden-etdiliklerini basyp ýatyryp bilmeýär. Şol hem onuň häkimiýetden çetleşdirilmegine sebäp bolýar.

2006-njy ýylda hökümet ýurtda terrorçylyga garşy durmagy başarmandan soň, harbylar onuň hökümetini agdarýar. Tailandy wagtlaýynça harbylar dolandyrýar. 2007-nji ýylda harbylar meýletin häkimiýetden el çekýärler. 2007-nji ýylda parlamente saýlawlar geçirilýär. Onda asly hytaýly, Taksiniň tarapdarlaryndan bolan Samak Suntharawet ýeňiş gazanyp, premýer-ministr bolýar. Ol bir ýyldan soň kazyýet tarapyndan wezipesinden daşlaşdyrylýar. Soň Taksiniň giýewsi premýer-ministr bolýar. Ony hem birnäçe aýdan soň kazyýet aýyrýar. Soňra öňki saýlawlarda az ses alan demokratik partiýa 3 ýyl ýurdy dolandyrýar. Taksiniň tarapdarlary gyzyl köýnek, demokratik partiýanyň tarapdarlary sary köýnek geýip, biri-birine garşy göreşe başlaýarlar. Gyzylköýnekliler saýlawlarda ýeňlen saryköýneklileriň ýurdy dolandyrmaga hukuklarynyň ýokdugyny aýdyp, köçä çykýarlar. 2010-njy ýylda bu garşylyklar has ýitileşip, paýtagtdaky çaknyşyklarda 87 adam öldürilýär, 1000-den gowragy ýaralanýar. 2011-nji ýylda täze saýlawlar geçirilip, gyzylköýnekliler ýeňiş gazanýarlar. Gyzylköýneklilerden *Ýinglak Çinawat* premýer-ministr bolýar. Ol Taksiniň aýal doganydyr. 2013–2014-nji ýyllarda saryköýneklileriň tarapdarlary Çinawata garşy köçelere çykdylar. Olar Ýinglak Çinawaty daşary ýurtda ýaşaýan dogany Taksiniň diýeni boýunça ýurdy dolandyrmakda aýyplaýarlar. Çinawatdan häkimiýetden aýrylmagy talap edýärler. Ahyrsoňy, 2014-nji ýylyň maýynda Ýinglak Çinawaty ýurduň ýokary kazyýeti wezipesinden aýyrmak hakynda höküm çykarýar. Bu bolsa Çinawatyň tarapdarlarynyň ony goldap köçelere çykmagyna getirýär. 22-nji maýda Tailandda nobatdaky harby agdarylyşyk guralyp, Çinawat hökümet başyndan aýryldy. Harbylar häkimiýete geldiler.

**Tailandyň ykdysady ösüşi.** Tailand 1997-nji ýylda düýpli maliýe çökgünligini başdan geçiripdi. Maliýe çökgünligi ýurduň ykdysadyýetine gaty ýaramaz täsir etdi. Ýurt diňe 2002-nji ýylda çökgünlikden öňki ýagdaýyna gelmegi başardy.

Tailandyň ykdysadyýeti eksporta gönükdirilendir. Ýurduň girdejisiniň üçden ikisi daşary söwdadan gelýär. Onuň esasy gatnaşyk edýän ýurtlary ABŞ, Ýaponiýa, Hytaýdyr. Tailand egin-eşikleri, kompýuterleri, elektron önümlerini eksport edýär. Tailand dünýä bazaryna iň köp tüwi çykarýan döwletdir. Tailand syýahatçylykdan hem köp girdeji alýar.

Tailandyň ykdysady ösüşi 2006-njy ýyla çenli durnukly ösmegini dowam etdi. 2006-njy ýyldan başlap ykdysady ösüşiň bady gowşady. Syýasy dartgynlyk, 2008–2009-njy ýyllaryň maliýe-ykdysady çökgünligi, 2011-nji ýylda suwuň basmagy ýurduň ösüşini haýallatdy.

**Singapur** *Günorta-Gündogar Aziýada ýerleşýär. Onuň tutýan meýdany – 647,5 inedördül km, ilaty – 2012-nji ýylyň maglumaty boýunça 5,3 mln adam. Resmi ady Singapur Respublikasy bolup, paýtagty Singapur şäheri.*



Singapur ykdysady babatda ösen ýurt hasaplanýar. Kompýuterleşdirmegiň we robotlary önümçilige ornaşdyrmagyň derejesi boýunça Ýaponiýadan soňra ikinji ýerde durýar. Ýurtda nebiti gaýtadan işlemek ösendir. Deňiz ýalpaklygynda nebit agtarmakda baý tejribeleri bar. Ýük dolanyşygy boýunça Singapuryň deňiz porty dünýäde ikinji ýerde durýar. Ol günde 150 gämini kabul edýär. Singapuryň aeroporty dünýäde halkara gatnawlarynyň iň iri çatrygy bolup, ol islendik howa şertlerinde uçuşlary amala aşyrmaga ukyply, ýokary amatlyklary bolan howa menzilidir. Singapura ýylda 6–8 mln syýahatçy gelýär.

Singapur dünýäde iri maliýe we söwda merkezidir. Ol walýuta biržasynyň dolanyşygy boýunça öňdebaryjylaryň biridir. Bu görkeziji boýunça ol diňe Londondan, Nýu-Ýorkdan we Tokiodan yza galýar. Daşary döwletleriň maýadarlary Singapuryň ykdysadyýetine maýa goýumyny goýmaga gyzyklanýarlar. 1999-njy ýyldan başlap ABŞ-nyň maliýe ýardamy bilen hökümet informatika we biotehnologiýalar babatda ýokary hünärli hünärmenleri taýýarlamak işine üns berýär. 2030-njy ýyla çenli Singapur «beýik kiçi millete» öwrülmek maksadyny goýýar.

Singapur Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlary üçin özboluşly «bazar meýdançasydyr». Bu ýere Malaýziýadan kauçuk, galaýy, Tailanddan tüwi getirilip, beýleki ýurtlara eksport edilýär. Bu ýere ABŞ-dan, Ýaponiýadan, Ýewropadan gelen harytlar hem goňşy ýurtlara paýlanýar. Goňşy döwletleriň deňiz portlaryny gurmagy Singapuryň sebitde söwda araçysynyň roluny birneme peseldenem bolsa, ýurt onuň öwezini hususy senagatyny ösdürmek bilen dolmagy başardy. Tebigy baýlyklara känbir baý bolmadyk Singapur daşary döwletleriň maýa goýumlaryny çekmek bilen himiýa, nebiti gaýtadan işleýän, elektron we elektrotehnika önümlerini ýygnaýjy, gämi senagatlaryny ösdürdi.

Galaýy we kauçugy gaýtadan işleýän senagaty sebitde has ösendir. Ylma üns bermegi netijesinde, Singapur goňşy döwletler üçin tehniki we söwda maglumatlary çeşmesine öwrüldi. Malakka ýarymadasynyň ýalpaklygynda nebitiň we tebigy gazyň gorlary tapylansoň, Singapurda dünýäniň meşhur energetika kompaniýalarynyň ştab-kwartiralary ýerleşdi.

**Malaýziýa** *Günorta-Gündogar Aziýada ýerleşen döwlet. Tutýan meýdany 336,7 müň inedördül km. Ilaty – 2013-njy ýylyň maglumaty boýunça 29,6 million adam. Ilatyň 60,4%-i musulman, 19,2% buddist, galanlary beýleki dinlere uýýarlar. Paýtagty – Kuala-Lumpur.*




13 ştatyň 9-sy nesilden-nesle geçýän soltanlyklardyr. Soltanlar öz arasyndan birini 5 ýyllyk Patyşa saýlaýarlar. Saýlawly diýsek-de, 9 soltanyň hersi öz gezeginde saýlanylýar. Patyşa, köplenç, dürli resmi dabaralary geçirmäge gatnaşýar. Döwlet işlerine işjeň gatyşmasa-da, din meselelerine


**Sultan Mahmud al--Muktafi Billah şa**

içgin gatnaşýar. Malaýziýanyň häzirki patyşasy *Sultan Mahmud al-Muktafi Billah şadyr.*

Malaýziýada birnäçe syýasy partiýalar bolup, parlamente geçirilýän saýlawlarda haýsy partiýa ýeňiş gazansa, Beýik Hökümdaryň tabşyrmasy boýunça, şol partiýanyň öňbaşçysy hökümet düzýär. Iş ýüzünde premýer-ministr ýurdy dolandyrýar. 1981–2003-nji ýyllarda 22 ýylyň dowamynda Birleşen Malaý milli partiýasynyň başlygy (BMMP) Mohathir Mohammad ýurdy dolandyrdy. 2003-nji ýyldan 2009-njy ýyla çenli onuň orunbasary bolup işlän *Abdullah bin Ahmad* Badawi premýer-ministr boldy. Ol hem BMMP-niň wekilidi. Ol işden gidenden soň, 2009-njy ýylyň 3-nji aprelinde *Najib Tun Razzak* premýer-ministr bolýar.



**Najib Razzak** – Malaýziýanyň premýer-ministri, 1953-nji ýylda doglan. Birleşen Malaý milli partiýasynyň agzasy, başlygy bolýar. Ol 2004–2008-nji ýyllarda maliýe ministri, 2008–2009-njy ýyllarda goranmak ministri wezipelerinde işleýär. 2009-njy ýylda premýer-ministr bolýar. 2013-nji ýylyň saýlawlarynda hem ýeňiş gazanyp, täze möhlete hökümet baştutany bolýar.

Malaýziýa çalt ösýän senagatly, oba hojalykly ýurt hasaplanýar. «Perspektiwa – 2020» maksatnamasyna laýyklykda, Malaýziýa ýurtda ösen senagaty döretmegi maksat edinýär. Ykdysadyýetiniň esasyny senagat (jemi milli önüminiň 46 %) we hyzmatlar pudagy (41 %), oba hojalygy (13 %) düzýär. Nebiti gaýtadan işleýän, elektronika we elektrotehnika senagatlary has ösendir. Hemra enjamlaryny

öndürýär, özüniň hususy kosmodromyny gurmaga taýýarlanýar. Malaýziýa elektron çipleri we durmuşda ulanylýan kondisionerleri öndürmekde dünýäde 1-nji ýerde durýar. «Proton» markaly milli awtoulaglary öndürýär. Malaýziýa dünýäde galaýyny we tebigy kauçugy köp öndürýän ýurtdur. Dünýäde öndürilýän kauçugyň 20%-e golaýy bu ýerde öndürilýär.

Malaýziýa – nebiti we gazy gaýtadan işlemekde öňdebaryjy ýurtlaryň biri. Ol gysylan gazy öndürmekde dünýäde 3-nji ýeri eýeleýär. Malaýziýanyň nebiti az kükürtli bolup, ol hili boýunça iň oňat hasaplanýar. Gazylyp alynýan nebitiniň ýarysyny eksport edýär. Ýurduň bir gije-gündiziň dowamynda 500 müň barrel nebiti gaýtadan işlemäge ukyply nebiti gaýtadan işleýän toplumlary bar.

**Indoneziýa Respublikasy** *Günorta–Gündogar Aziýada ýerleşen döwlet. Onuň düzümine 13,6 müň (käbir maglumatlara görä, 17,5 müň) ada girýär. Şolaryň 1000-e golaýynda ilat ýaşaýar. Ýurduň esasy çägi Ýawa, Sumatra, Kalimantan, Sulawesi, Täze Gwineýa adalarynda ýerleşendir. Tutýan meýdany – 1919,4 inedördül km. Ilaty – 251,1 million adam. Paýtagty – Jakarta.*



Ýurduň ykdysadyýetine 1997–1998-nji ýyllardaky sebit ykdysady çökgünligi agyr täsir etdi. Onuň hut Indoneziýadan başlanandygyny ýatlamalydyrys. Ykdysady ösüş gaty haýallady. Milli puluň hümmeti 6 esse aşak gaçdy. Indoneziýanyň daşary ýurtlara bergisi 117 mlrd dollara ýetdi. Ilat garyplaşyp ugrady. Şeýle şertlerde ýurtda syýasy çökgünlig başlandy. Suhartonyň häkimiýet başyndan aýrylmagyny talap edýänler köpeldi. 1998-nji ýylyň ma-



**Megawati Sukarnoputri**

ýynda Suharto häkimiýetden gitmeli boldy. Häkimiýetde gysga wagtlap harbylaryň wekili A. Habibi boldy. 1999-njy ýylyň saýlawlarynda onuň ornuna asly Ýawa adasynyň gündogaryndan bolan *Abdyrahman Wahyd* geldi. Ol ýurtda demokratik özgertmelere başlady. Ýurduň birinji prezidenti Sukarnonyň gyzy *Megawati Sukarnoputri* saýlawlarda ikinji netijäni görkezdi we ýurduň wise-prezidenti wezipesine geçdi. 2001-nji ýylyň saýlawlarynda *Sukarnoputri* ýeňiş gazandy. Onuň tagallasy netijesinde Indoneziýa Günbatar ýurtlarynyň giň goldawyny aldy. Parahorçylyga garşy göreş, 40 milliondan gowrak işsizlere täze iş ýerlerini döretmek onuň syýasatynyň esasy ugruny düzdi.



*Susilo Bambang Ýudhoýono*

2001-nji ýylda uzaga çeken göreşden soň Indoneziýa Gündogar Timoryň garaşsyzlygyny ykrar etdi. 2004-nji ýylda halk taryhda ilkinji gezek ýurduň prezidentini göni saýlawlar arkaly saýlamak hukugyny aldy. Şeýle usulda geçirilen saýlawlarda Demokratik partiýadan bolan dynç alyşdaky general *Susilo Bambang Ýudhoýono* prezidentlige geçdi.

Indoneziýa Aziýa «gaplaňlaryna» degişli bolmasa-da, şolar ýaly, ykdysady babatda uly ösüşlere eýedir. Indoneziýa tebigy kauçugy we palma ýagyny öndürmekde dünýäde ikinji ýerde durýar. Ol kofäni, temmäkini hem köp öndürýär.

**Sebitiň döwletleriniň Türkmenistan bilen gatnaşyklary.** Günorta–Gündogar Aziýa sebitiniň döwletleri Türkmenistan bilen işjeň gatnaşyklary alyp barýarlar. Indoneziýanyň we Malaýziýanyň döwlet baştutanlary Türkmenistanda resmi saparlarda boldular. Agzalan döwletler Türkmenistanyň Bitaraplyk derejesini almagynda goldaw berdiler. Malaýziýanyň kompaniýalary Türkmenistanyň ne-

bit-gaz ulgamynda hyzmatdaşlyk edýär. Bu döwlet Türkmenistana dürli ugurlar boýunça ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamaga hem kömek edýär.

Malaýziýanyň premýer-ministrleri Mahathir Mohammad 1994-nji ýylda, Abdulla Ahmad Badawi 2008-nji ýylda Türkmenistanda resmi saparda boldular. 2008-nji ýylyň 19–20-nji noýabrynda iki gezek salgyt salynmagyny aradan aýyrmak we girdeji üçin salgytlary tölemekden ýüz dönderilmeginiň öňüni almak hakynda hökümetara Ylalaşygyna gol çekildi. 2011-nji ýylyň iýulynda Malaýziýanyň premýer-ministri Najib Razzagyň saparyna gabatlanyp, «Petronas» kompaniýasynyň Gyýanly şäherçesinde guran, ýyllyk kuwwaty 10 mlrd kubmetr gazy arassalamaga niýetlenen gaz arassalaýjy desga açyldy. 2011-nji ýylyň 1-nji oktýabryndaky ýagdaýa görä, Türkmenistanda Malaýziýanyň maýasynyň gatnaşmagynda 13 sany kärhana hasaba alyndy. 2011-nji ýylyň 6–8-nji dekabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Malaýziýada ilkinji döwlet saparynda boldy. Malaýziýanyň patyşasy Sultan Mahmud al-Muktafi Billah şa, premýer-ministri Najib Razzak bilen gepleşikleri geçirdi.

Malaýziýanyň hökümet Baştutany 2014-nji ýylyň iýun aýynda Türkmenistanda resmi saparda boldy. Saparyň jemleri boýunça hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek hakyndaky ylalaşyklara gol çekildi.

**Ýumuşlar:**

1. Tailandyň patyşasy barada gürrüň beriň.
2. Tailandyň premýer-ministrleri barada gürrüň beriň.
3. Malaýziýanyň we Tailandyň patyşalarynyň umumy we aýratyn taraplary barada gürrüň beriň.
4. Indoneziýanyň syýasy taryhy barada gürrüň beriň.
5. Sebitiň döwletleriniň Türkmenistan bilen hyzmatdaşlygy barada aýdyp beriň.

## §19. Hindistan



*Hindistan Respublikasy Günorta Aziýada ýerleşen döwletdir. Tutýan meýdany 3,2 mln inedördül km-e golaý. Ýurduň ilaty 1 milliard 288 mln adam bolup, ol Hytaýdan soň dünýäde iň köp ilatly ýurtdur. Ýurduň paýtagty – Nýu-Deli.*

**Hindistan Respublikasy iki asyryň sepgidinde.** 2004-nji ýylyň saýlawlarynda Hindi Milli Kongresi ýeňiş gazandy. *Manmohan Singh* hökümete ýolbaşçylyk etdi. Ol premýer-ministr Narasimho Raonyň döwründe ykdysadyýeti çökgünlikden çykarmagyň maksatnamasyny işläp düzmek üçin hökümete çagyrylypdy.



**Manmohan Singh** (1932-nji ýylda doglan). Hindistanyň 13-nji premýer-ministri. Günbatar Penjapda dogulýar. Ol Hindistanyň taryhynda ilkinji gezek indus bolmadyk (ol sikh) premýer-ministrdir. Penjap, Kembrij, Oksford uniwersitetlerinde oňat bilim alýar. Ol ylymlaryň doktory, ykdysadyýet babatda abraýly dünýä baýraklarynyň, şol sanda Kembrij uniwersitetiniň Adam Smit adyndaky baýragynyň eýesidir. 1966–1969-njy ýyllarda BMG-niň söwda we ösüş baradaky konferensiýasynda (UNCTAD) işleýär. Watanyna gaýdyp gelensoň, Deliniň ykdysadyýet mekdebinde mugallymçylyk edýär. Halkara pul gaznasynyň we Aziýa ösüş bankynyň dolandyryjylar geňeşiniň düzümine girýär. Hindistanyň Merkezi bankyna ýolbaşçylyk edýär. 1991–1996-njy ýyllarda maliýe ministri boldy. 2004-nji ýyldan 2014-nji ýyllar aralygynda 10 ýyllap Hindistanda premýer-ministr boldy.

Manmohan Singh 2014-nji ýylda 82 ýaşaýar. Ol ýaşynyň birçene barandygyna garamazdan, Hindistany ösdürmekde köp işleri bitirdi. Hut onuň ýolbaşçylygynda ýurt dünýäde çalt ösýän ýurtlaryň birine öwrüldi. Manmohan Singh 2014-nji ýylyň maýyndaky parlamente saýlawlardan soň işden gitjekdigini aýtdy. Ol özüniň ýolbaşçylyk edýän Hindi Milli

Kongresinde Hindistana we partiýa gowy ýolbaşçylyk edip biljek ýaşlaryň ösüp kemala gelendigini aýtdy. Ol 2014-nji ýylyň ýanwarynda Milli Kongresiň ýygnagynda şeýle ýaşlaryň biri hökmünde gandileriň maşgalasyndan bolan Rahul Gandiniň kandidaturasyny partiýa ýolbaşçy edip saýlamagy teklip etdi. Bu saýlawlaryň netijesinde oppozisiýadaky Bharatiýa Janata partiýasy ýeňiş gazanyp, maý aýynda hökümete *Narendra Modi* geldi. Manmohan Singh 2004–2014-nji ýyllarda özgertmeleri dowam etdirdi. Sosial meseleleri çözmäge üns berdi. Hökümet sebitleriň yzagalaklygyny, garyplygy, sowatsyzlygy ýok etmäge synanyşyk etdi.



**N. Modi**

XXI asyrda Hindistan sosial-ykdysady ösüşde uly üstünlikleri gazandy. Ýurt senagat önüminiň möçberi boýunça dünýä döwletleriniň ilkinji onlugyna girýär. Ol dänäniň ýygnalyşyny üç esse artdyrdy. Hindistan bugdaý öndürmekde dünýäde Hytaýdan soň 2-nji ýerde durýar. Oba hojalygy ilatyň ýarpysyny iş bilen üpjün edip, JIÖ-de onuň paýy 20% töweregidir. Hindistan – dünýäniň çaý plantasiýasy. Ol ýylda bu şypaly içginiň 470 mln tonnasyny öndürip, şonuň 200 müň tonnasyny daşarky bazara çykarýar.

Gatyşyk ykdysadyýet ýurtda ösen infrastrukturany döretmäge ýardam etdi. Hindistan dünýäniň iň özüne çekiji bazarlarynyň birine öwrüldi. XXI asyryň birinji onýyllygynda ýurt ortaça 6% ýyllyk ösüş depginini saklamagy başardy. Emma Hindistan milli girdejiniň ilatyň jan başyna düşüşi boýunça dünýäde yzdaky ýurtlaryň hataryndadyr.

**Hindistanda çözmesi kyn bolan meseleler.** Hindistanda çözmesi kyn bolan birnäçe mesele bar. Olaryň *ilkinjisi* demografik meseledir. Entek asyr çalyşmanka, Hindistanyň ilaty 1 milliard adamdan geçdi. Onuň ilaty Afrikanyň tutuş ilatyndan hem köpdür. Hindistan milli girdejiniň ilatyň jan

9 Sargyt № 1576

başyna düşüşi boýunça Afrikanyň yzagalak ýurtlaryndan hem yzda barýar. Şeýlelikde, Hindistanda ilkinji çözmesi kyn mesele garyplaryň sanynyň köp bolmagydyr, garyplyga garşy göreş hökümetiň esasy aladasydyr.

*Ikinji* kynçylyk döredýän mesele hem ilatyň köp bolmagy bilen baglanyşykly bolup, ýurtda işsizleriň sanynyň köp bolmagydyr. Dünýäniň garyplarynyň üçden ikisi Hindistanda ýaşaýar. *Üçünji* çözmesi kyn mesele hasaplanylýany sowatsyzlaryň sanynyň köpdügidir. Hindistanda ilatyň 30%-i sowatsyz hasaplanylýar.

**Hindistanda ylmyň we tehnikanyň ösüşi.** Halkynyň intellektual goruna daýanyp, Hindistan ösen himiýa-farmasewtika pudagyny döretdi, kompýuter we nanotehnologiýalarda öňegidişlikleri gazandy. «Bolliwud» dünýä kinoindustriýasynda öz mynasyp ornuny tapdy. Hindistan kosmosy özleşdirmekde dünýäniň öňdebaryjy 10 döwletiniň biridir. Hindistan demir ýollarynyň uzynlygy boýunça dünýäde 4-nji orna geçdi. Ýokary bilimde uly öňegidişlikler gazanyldy. Ýokary bilimli hünärmenleriň sany boýunça ýurt dünýäde ilkinji orunlaryň birini eýeleýär.

**Hindistanyň daşary syýasaty.** Hindistan özbaşdak döwlet hökmünde dörän gününden başlap parahatçylyk söýüji daşary syýasat ýöredýär. 1998-nji ýylda atom bombasyny synag etdi we ýadro ýaragyny edindi. Hindistanyň parahatçylyk söýüjiligi halkyň milli aňyýetinden gelip çykýar. Hindi halky öz tebigaty, dini-ygtykady boýunça zorlugy, urşy halamaýan halk. Emma dünýädäki çylşyrymly syýasy wakalary hasaba alyp, Hindistan XXI asyryň başlarynda işjeň daşary syýasat ýöredýär. Hindistanyň dünýäniň ykdysady ýagdaýyna täsiriniň artmagy bilen bir wagtda ol BMG-de we beýleki halkara guramalarynda täsirli ýurda öwrülýär. Hindistan daşary syýasatynda özüne BMG-niň Howpsuzlyk geňeşiniň hemişelik agzasy derejesiniň berilmegini talap edýär. Hindistan daşary syýasatynda Russiýa, ABŞ, Ýewropa bileleşigi, ASEAN-niň ýurtlary we goňşulary

bilen gatnaşyklary ileri tutýar. Onuň Afrika we Latyn Amerikasynyň ýurtlary bilen gatnaşyklary ösýär. Hindistan aýratyn-da ASEAN-niň agzalary bilen gatnaşyklaryny ösdürmäge synanýar. Bu guramanyň häzirki wagtda 10 sany agzasy bar. Hindistan goňşusy Päkistan bilen dawalaryny parahatçylykly çözmäge synanýar.

**Türkmen-hindi hyzmatdaşlygy.** Hindistan özüniň daşary syýasatynda Merkezi Aziýa sebitiniň garaşsyz döwletlerine, aýratyn-da Türkmenistan bilen däp bolan, gadymdan gelýän gatnaşyklary ösdürmäge üns berýär. Döwlet ýolbaşçylarynyň birek-biregiňkä resmi saparlary mahalynda özara bähbitli döwletara hyzmatdaşlygynyň hukuk binýady goýuldy. Iki döwletiň arasynda ykdysady, ylmy-tehniki we medeni babatda ýygjam gatnaşyklar däbe öwrüldi. Hindistana türkmen gazyny eltmegiň taslamasy iki ýurduň arasyndaky uzakmöhletleýin hyzmatdaşlygyň aýdyň şaýadydyr. Aşgabatda bilelikdäki «Ajanta-farma» derman kärhanasy işleýär. Iki halkyň hem göz guwanjyna öwrülen Baýram han Türkmeniň 500 ýyllyk ýubileýi 2000-nji ýylda ýurtlaryň ikisinde-de dabaraly bellenip geçildi.

2007-nji ýylda hindi-türkmen gatnaşyklaryny has-da ösdürmek üçin hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň tagallasy bilen hökümetara döwlet topary döredildi. 2010-njy ýylyň 24–26-njy maýynda hormatly Prezidentimiziň Hindistan Respublikasyna ilkinji döwlet sapary boldy. Saparyň barşynda Delide Abdyrahym hanyň kümmedine zyýarat etmegi onuň ata-baba mukaddesliklerimize goýýan sarpasynyň çäksizdiginiň subutnamasy boldy. Hormatly Prezidentimiz Nýu-Delide Hindistanyň Premýer-ministri Manmohan Singh we Hindistanyň Prezidenti hanym Pratibha Dewising Patil bilen geçiren gepleşiklerinde türkmen-hindi gatnaşyklarynyň ýokarlanýan depginini kanagatlanmak bilen belläp, ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň potensialyna ýokary baha berdi we Türkmenistanyň şol hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmäge üýtgewsiz taýýardygyny tassyklady.

**Ýumuşlar:**

1. Halkara Internet ulgamynyň maglumatlaryndan peýdalanyp, Hindistanyň ykdysady ösüşi hakda gürrüň beriň.

| Premýer-ministriň ady, familiýasy | Premýer-ministr bolan wagty | Partiýasy |
|---|---|---|
| Jawaharlal Neru | 15 awgust 1947 – 27 maý 1964 | Hindi Milli Kongresi (HMK) |
| Lal Bahadur Şastri | 9 iýun1964 – 11 ýanwar 1966 | HMK |
| Indira Gandi | 19 ýanwar 1966 – 21 mart 1977 | HMK |
| Morarji Desai | 24 mart 1977 – 15 iýul 1979 | Janata parti |
| Çoudhari Singh | 28 iýul 1979 – 14 ýanwar 1980 | Samajwadi Janata parti |
| Indira Gandi | 14 ýanwar 1980 – 31 oktýabr 1984 | HMK |
| Rajiw Gandi | 31 oktýabr 1984 – 2 dekabr 1989 | HMK |
| Wişwanat Pratap Singh | 2 dekabr 1989 – 7 noýabr 1990 | Janata Dal |
| Çandra Singh | 10 noýabr 1990 – 25 maý 1991 | Samajwadi Janata parti |
| Narasimha Rao | 20 iýun 1991 – 10 maý 1996 | HMK |
| Atal Bihari Wajpai | 16 maý 1996 – 1 iýun 1996 | Bharatiýa Janata parti |
| H. D. Dewe Gowda | 5 iýun 1996 – 12 aprel 1997 | Janata Dal |
| Inder Kumar Gujral | 21 aprel 1997 – 19 mart 1998 | Janata Dal |
| Atal Bihari Wajpai | 19 mart 1998 – 22 maý 2004 | Bharatiýa Janata parti |
| Manmohan Singh | 22 maý 2004 – maý 2014 | HMK |
| Narendra Modi | 22 maý 2014 | Bharatiýa Janata parti |

2. Tablisa seredip we 10-njy synpda öwrenenleriňize daýanyp, Hindi Milli Kongresiniň we Janata partiniň ýurduň syýasy durmuşyndaky orny barada gürrüň beriň.
3. Manmohan Singhiň geçiren özgertmeleri barada gürrüň beriň.
4. Hindistanyň parahatçylyk söýüji daşary syýasat ýörelgesi barada aýdyp beriň.
5. Türkmen-hindi dostlugy hakda gürrüň beriň.

**Sikhler –** XVI asyrda Penjapda dörän dini sekta. XVII asyrda ol Beýik Mogollaryň, XVIII asyrda Dürranylaryň häkimligine garşy giň halk hereketine öwrülipdir. Ahmet Dürranynyň agtygy Zaman şa (1793–1801) 1799-njy ýylda ýaş sikh serdary Ranjit Singhe Lahory dolandyrmaga berýär. Ranjit Singh Demirgazyk-Günbatar Hindistandaky owgan mülklerini özüne tabyn edip, 1849-njy ýyla çenli dowam eden güýçli döwleti döretdi.

## §20. Pakistan

*Pakistanyň resmi ady – Pakistan Yslam Respublikasy. Aziýada ýerleşýän döwlet. Onuň tutýan meýdany tas – 796,1 müň inedördül kilometre barabar. Ilatynyň sany boýunça anyk maglumat aýtmak kyn. Çünki Pakistanda 1998-nji ýyldan bäri ilat ýazuwy geçirilmedi. Emma 2013-nji ýylda berlen resmi däl maglumata görä, takmynan 184 mln adam (dünýäde 6-njy orun) ýaşaýar.*



**Perwez Muşarrafyň dolandyryşy.** Pakistanyň taryhynda syýasy durnuksyzlyk zerarly harby öwrülişikler köp boldy. Şu wagta çenli 4 gezek harbylar häkimiýeti basyp aldylar. Birinji gezek general Muhammet Eýýub Hanyň ýolbaşçylygynda häkimiýeti zor bilen alyp, harbylar 1958–1969-njy ýyllarda ýurdy dolandyrypdylar. Ikinji gezek general Aga Muhammet Ýahýa hanyň baştutanlygynda 1969–1971-nji ýyllarda, üçünji gezek general Ziýa ul-Hakyň ýolbaşçylygynda 1978–1988-nji ýyllarda harbylar ýurdy dolandyrypdylar. Dördünji gezek harbylar Perwez Muşarrafyň baştutanlygynda 1999-njy ýylda häkimiýete geldiler

we 2008-nji ýylyň awgustyna çenli dolandyrdylar. Harby düzgünleriň ýolbaşçylarynyň ählisi generallardy. Perwez Muşerref öňki harby düzgünleriňki ýaly berk harby düzgüni dikeltmedi.

Perwez Muşarraf ýurduň premýer-ministri Mian Nawaz Şarifi agdaryp, 1999-njy ýylda onuň ýerine özi geçdi. Ol 2001-nji ýylyň iýunyndan Pakistanyň prezidenti boldy. 2007-nji ýylyň noýabrynda ol ikinji möhlete saýlanjak bolanda, oppozisiýadaky syýasy güýçler harby adamlaryň prezident saýlawlaryna gatnaşmaga Konstitusiýa boýunça hukugy ýok diýip çykyş etdiler. Olar meselä Konstitusion kazyýetiň seretmegini gazandylar. Kazyýet eger Muşarraf ýeňse, saýlawdan soň Ýaragly güýçleriň Baş serkerdebaşysy wezipesinden aýrylmalydygy barada karar çykardy. Muşarraf 2007-nji ýylyň prezident saýlawlarynda ýeňip, soň Ýaragly güýçleriň baş serkerdebaşysy wezipesinden el çekýär. Emma halk hereketi dowam edýär. Muňa jogap edip, Muşerref 2007-nji ýylyň 3-nji noýabrynda ýurtda adatdan daşary ýagdaý girizýär, Konstitusiýany ýatyrýar.

Daşary ýurtdan watanyna gaýdyp gelen öňki premýer-ministr *Benazir Bhutto* Perwez Muşarrafyň adatdan daşary ýagdaý girizmegine garşy göreşe başlaýar. Ony öý tussagy edýärler. Emma ol çykyşlaryny bes etmeýär. Benazir Bhutto öldürilýär. Oppozisiýa onuň ölmeginde Perwez Muşarrafy günäkärledi. Halk çykyşlary has-da güýçlendi. 2008-nji ýylyň awgustynda ýurduň parlamentinde Muşerrefiň prezidentlige mynasyp däldigine (impiçment) serediljekdi. Emma Muşarraf şol gün meýletin işden gidýändigini jar etdi.

**Pakistan Asif Aly Zardarynyň prezidentlik döwründe.** 2008-nji ýylyň sentýabrynda Pakistanda prezident saýlawlary geçirildi. Ýurduň prezidentligine geljekki 5 ýyl möhlete *Asif Aly Zardary* saýlanyldy.

**Asif Aly Zardary** 1955-nji ýylda doglan. 1987-nji ýylda Benazir Bhutto öýlenýär. 1990–1992-nji ýyllarda tussaglykda bolýar. 1993–1996-njy ýyllarda hökümetde ministr bolýar. 1996-njy ýylda dürli bahanalar bilen ýene tussag edilýär. 2008-nji ýylda ondan ähli aýyplamalar aýrylýar. Bhutto öldürilenden soň, Pakistanyň Halk partiýasyna ýolbaşçylyk edýär. 2008–2013-nji ýyllarda Pakistanyň Prezidenti bolýar.



Asif Aly Zardary Pakistanda baý adamlaryň biri. Ol häkimiýete gelen dessine prezidentiň hukuklaryny çäklendirmegi teklip etdi. 2010-njy ýylda ýurtda parlament respublikasy döwlet dolandyrylyşy dikeldildi. Indi häkimiýetde esasy orun prezidente däl-de, premýer-ministre degişli boldy. Prezidentiň indi parlamenti dargatmaga, premýer-ministri wezipesinden boşatmaga, baş harby ýolbaşçylary bellemäge hukugy ýokdy.

Zardarynyň eglişikler etmegine seretmezden, onuň dolandyran döwri hem asudalyk bolmady. 2010-njy ýylda ýurduň birnäçe ýerlerini suw aldy. 2011-nji ýylda ABŞ dünýäde birinji terrorist Usama ben Ladeni Pakistanda ýok etdi. ABŞ-nyň Pakistanyň ýolbaşçylaryna duýdurman, ony ýok etmegini äsgermezlik hasaplap, halk çykyşlary başlandy. Emma näme-de bolsa, Zardary möhletiniň ahyryna çenli ýurdy dolandyrmagy başaran seýrek ýolbaşçylaryň biridir.

2013-nji ýylyň 11-nji maýynda parlamente saýlawlar geçirildi. Saýlawlarda dolandyryjy Pakistanyň Halk Partiýasy ýeňlişe sezewar boldy. Musulman Ligasy atly partiýa ýeňiş gazanyp, onuň lideri *Mian Muhammet Nawaz Şarif* ýurduň premýer-ministri boldy.



**Mian Muhammet Nawaz Şarif** 1949-njy ýylda Lahorda doglan. Uniwersitetiň hukuk hünärini tamamlap, dürli wezipelerde işleýär. 1990–1993-nji we 1997–1999-njy ýyllarda ýurduň premýer-ministri bolýar. 1999-njy ýylda general Perwez Muşarrafy daşary ýurtda wagty Ýaragly güýçleriň serkerdebaşysy wezipesinden aýyrmak barada perman çykarýar. Emma Muşarraf oňa boýun egmän, ýurduna gaýdyp gelýär we harby agdarylyşyk gurap, Nawaz Şarifiň hökümetini agdarýar. 2000-nji ýylda Nawaz Şarifi we onuň maşgalasyny ýurtdan çykaryp kowýar. 2013-nji ýylda 3-nji gezek premýer-ministr bolýar.

Nawaz Şarifiň ýolbaşçylyk edýän Musulman Ligasy partiýasy 2013-nji ýylyň 30-njy iýulynda geçen Prezident saýlawlarynda hem üstünlikli çykyş edýär. Nawaz Şarif ýurduň prezidentligine dalaşgär hökmünde öz partiýasynda ikinji adam bolan *Mamnun Hüseýini* teklip edýär. Onuň öňe süren dalaşgäri saýlawlarda ýeňiş gazanýar.



**Mamnun Hüseýin** 1940-njy ýylda senagatçylaryň maşgalasynda Agra şäherinde doglan. 1970-nji ýylda Musulman Ligasy partiýasyna girýär. 1999-njy ýylyň iýun-oktýabr aýlarynda Sind welaýatynyň gubernatory bolýar. Perwez Muşarrafyň harby agdarylyşygyndan soň wezipesinden aýrylýar. Karaçi şäherinde ýaşap, dokma senagaty boýunça telekeçilik edýär. 2013-nji ýylyň sentýabrynda Prezident wezipesine girişýär.

Pakistanda Prezident saýlawlary 2013-nji ýylyň 30-njy iýulynda bolsa-da, öňki Prezident möhleti doly tamamlanýança – 2013-nji ýylyň 9-njy sentýabryna çenli öz wezipesinde işledi. Bu ýagdaý bolsa Pakistanyň taryhynda ilkinji gezekdir.

**Pakistanyň ykdysadyýeti.** Pakistan — oba hojalyk-senagat ýurdy. Dokma senagaty Pakistanyň ykdysadyýetiniň iň esasy pudagy hasaplanýar. Ýurt dünýä bazaryna dokma önümlerini, azyk harytlaryny, sport harytlaryny we enjamlaryny eksport edýär. Karaçi ýurduň esasy deňiz portudyr. Farmasewtika pudagy ösendir. Habibi, Saýgoly, Daudy, Fansi ýaly iri kompaniýalar ykdysadyýete uly täsir edýärler. Päkistanly alymlaryň bellemegine görä, ýurtda ykdysady häkimligi 20 maşgala öz elinde jemleýär. Beýleki yslam ýurtlarynda bolşy ýaly, ýurduň ykdysady-syýasy durmuşy yslamyň ýörelgeleri boýunça alnyp barylýar.

**Pakistanyň daşary syýasaty.** Pakistan daşary syýasatynda Hindistan bilen gatnaşyklary kadalaşdyrmak ugrunda göreşýär. Pakistan EKO guramasynyň çäklerinde Türkiýe, Owganystan, Eýran hem-de Merkezi Aziýanyň garaşsyz döwletleri bilen işjeň gatnaşyklaryny ýola goýdy. 2001-nji ýylyň 11-nji sentýabr wakalaryndan soň Pakistan terrorçylyga garşy bütindünýä bileleşigine işjeň goşuldy. 2003–2005-nji ýyllarda Pakistanyň goşuny ABŞ-nyň ýardam bermeginde Owganystan bilen serhetýaka etraplarda talibanlara garşy harby hereketleri alyp bardy. Pakistan Goşulmazlyk hereketiniň, Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasynyň, Günorta Aziýa sebitleýin hyzmatdaşlyk guramasynyň agzasydyr. Ol 2005-nji ýyldan Şanhaý hyzmatdaşlyk guramasyna agza boldy.

**Türkmen-pakistan hyzmatdaşlygy.** 2009-njy ýylyň martynda Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasyna girýän döwletleriň döwlet we hökümet baştutanlarynyň Tähranda geçirilen 10-njy ýubileý duşuşygynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Pakistanyň Prezidenti Asif Aly Zardary bilen duşuşdy. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 15 ýyllyk baýramçylygynyň öňüsyrasynda Pakistanyň Prezidenti Asif Aly Zardariniň Aşgabada bolan iş sapary iki döwletiň gatnaşyklarynda

möhüm sahypa boldy. Dostlukly döwletiň baştutany ýokary derejedäki Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan duşuşygyna gatnaşdy. Onda Owganystanyň Prezidenti Hamid Karzaýyň, Hindistan Respublikasynyň nebit-gaz ministriniň gatnaşmagynda agzalan ugur boýunça gaz geçirijisiniň (TOPH) gurluşygyna badalga bermek barada dörttaraplaýyn Ylalaşyga gol çekildi. Ýeri gelende ýatlasak, ykdysadyýeti çalt depginler bilen ösýän, ýangyç-energetika çeşmelerine mätäçlik çekýän Pakistan üçin bu taslamanyň ähmiýeti örän uludyr.

2010-njy ýylyň tomsunda Pakistanyň halkynyň 20 milliondan gowragy güýçli çabgalar zerarly dörän suw joşmasyndan ejir çekdi. Hormatly Prezidentimiziň ýörite karary bilen, türkmen halkynyň adyndan bu ýurda gyssagly ynsanperwer kömegi ugradyldy. Bu ýere gowşan 40 tonna ýük – çaga iýmiti, goýaldylan süýt, arassa agyz suwy, derman serişdeleri we ilkinji lukmançylyk kömegini etmek üçin zerur serişdeler iki halkyň kyn günde özara arkalaşýandygynyň subutnamasynyň aýdyň ýüze çykmasy boldy.

2011-nji ýylyň 14-nji noýabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Pakistana ilkinji resmi sapary boldy. Hormatly Prezidentimiz Pakistanyň Prezidenti Asif Aly Zardary, Premýer-ministri Ýusuf Raza Gilani bilen gepleşikleri geçirdi. Iki ýurduň baştutanlary bilelikdäki türkmen–pakistan jarnamasyna gol çekdiler. Saparyň jemleri boýunça iki döwletiň daşary syýasat edaralarynyň arasynda Özara düşünişmek boýunça Ähtnama; 2012–2014-nji ýyllarda medeni hyzmatdaşlygyň maksatnamasyna; Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň we Pakistan Yslam Respublikasynyň Täjirçilik ministrliginiň arasynda hyzmatdaşlyk hakyndaky Ähtnama; Hyzmatdaşlyk etmek hakynda Türkmen döwlet habarlar gullugy we «Associated Press of Pakistan» korporasiýasynyň (Pakistan Yslam Respublikasy) arasynda Ylalaşyga. TOPH gaz geçirijisiniň taslamasyna

degişli gazy satyn almak-satmak barada Ylalaşyk boýunça bilelikdäki Jarnama gol çekildi.

**Sorag we ýumuşlar:**

1. Pakistanda harbylaryň dolandyran döwürlerini aýdyp beriň.
2. Perwez Muşarrafyň dolandyran döwrüni beýleki harby düzgünler bilen deňeşdiriň.
3. Asif Aly Zardarynyň döwri barada gürrüň beriň.
4. Musulman Ligasy partiýasy barada 10-njy synpda öwrenenleriňizi ýatlap, gürrüň beriň.
5. 2013-nji ýylyň parlament we Prezident saýlawlary barada aýdyp beriň. Prezident respublikasy parlament respublikasyndan nähili tapawutlanýar?
6. Metbugat habarlaryny ulanyp, Türkmen-pakistan-gatnaşyklary barada aýdyp beriň.

## §21. Türkiýe

*Ýurduň resmi ady Türkiýe jumhuryýeti (respublikasy) bolup, onuň tutýan meýdany – 779, 5 müň inedördül km. Ýurduň 97%-i Aziýada, 3%-i Ýewropada ýerleşýär. 2013-nji ýylda onuň ilaty 75,8 mln adama ýetdi. Paýtagty – Ankara.*




2000–2007-nji ýyllarda Ahmet Neždet Sezer Türkiýäniň Prezidenti bolan döwri syýasy ýagdaý durnuklaşyp başlady. Ol hiç partiýa hem girmän, ýurtda partiýalaryň özära dawalaryna goşulmaýardy.

**Türkiýäni «Adalat we galkynyş» partiýasynyň dolandyrmagy.** «Adalat we galkynyş» partiýasy *Rejep Taýyp Ärdoganyň* ýolbaşçylygynda 2001-nji ýylda döredilýär. 2002-nji ýylyň parlament saýlawlarynda «Adalat we galkynyş» partiýasy ýeňiş gazanýar. Düzgün boýunça, Rejep Taýyp Ärdogan ýurduň premýer-ministri bolmalydy. Emma ol 1998–1999-njy ýyllarda kazyýet jogapkärçiligine çekilendi-



A. N. Sezer

gi üçin premýer-ministr bolup bilmeýärdi. Şonuň üçin ol öz partiýasynda ikinji adam bolan Abdulla Güli premýer-ministrlige hödürleýär. Abdulla Gül 2002-nji ýylyň noýabryndan 2003-nji ýylyň martyna çenli premýer-ministr bolýar. Ol dessine ýurduň Konstitusiýasyna üýtgetmeler girizip, Ärdoganyň wezipä geçmegine şert döredýär. Şundan soň Ärdogan 2003-nji ýylyň martynda premýer-ministr bolýar. Abdulla Gül bolsa onuň orunbasary we daşary işler ministri bolýar. 2007-nji ýylda ýurduň 11-nji prezidentiniň saýlawlary bolup geçýär. Onda Ärdoganyň ýolbaşçylygyndaky «Adalat we galkynyş» partiýasy ýeňiş gazanyp, indiki ýediýyllyk möhlete *Abdulla Gül* prezident saýlanýar.



**Abdulla Gül** (1950-nji ýylda Kaýseride doglan). Stambul uniwersitetini ykdysadyýet ugry boýunça tamamlaýar. Londonda, Ekseterde hünär tejribeligini geçýär. 1983–1991-nji ýyllarda Yslam ösüş bankynda işleýär. 1991-nji ýylda halkara menejmenti boýunça mugallymçylyk edýär. Şol ýylda Refah partiýasyndan parlamente deputat saýlanýar. 1991–1995-nji ýyllarda býujet we meýilnamalaşdyryş, 1995–2001-nji ýyllarda halkara syýasaty boýunça parlament toparynyň agzasy. 2003-nji ýylda Ärdoganyň ilkinji hökümetinde onuň birinji orunbasary, daşary işler ministri wezipelerinde işledi. Türkiýäniň Ýewropa Bileleşigine işjeň goşulyşmagyna gönükdirilen syýasaty ýöredýär.

Türkiýede 2007-nji ýylda Konstitusiýa üýtgetme girizip, Prezidenti soňky gezekler 5 ýyllyk möhlet bilen saýlamak barada kanun kabul edilýär. Eger öň Prezidenti parlament saýlaýan bolsa, indi göni ses bermek arkaly halkyň saýlamalydygy kanunda aýdylýar. Şol täze kanun boýunça 2014-nji ýylyň 10-njy awgustynda Türkiýäniň taryhynda il-

kinji gezek göni halkyň saýlamagynda prezident saýlawlary geçirildi. Onda sesleriň 51,8%-i alyp, *Rejep Taýyp Ärdogan* ýurduň 12-nji prezidenti boldy. Türkiýede parlament respublikasy bilen prezident respublikasynyň gatyşan ýagdaýynda ýurt dolandyrylýar.

2007-nji ýylyň iýulynda Türkiýede parlament saýlawlary geçdi. Saýlawlarda Rejep Taýyp Ärdoganyň baştutanlygyndaky «Adalat we galkynyş» partiýasy ýene-de ýeňiş gazandy. Ol Türkiýe Respublikasynyň taryhynda 59-njy hökümeti düzdi.



**Rejep Taýyp Ärdogan** (1954-nji ýylda doglan). Stambulyň Mermer uniwersitetini menejment hünäri boýunça tamamlaýar. Nejmeddin Erbakan bilen tanşyp, yslam hereketine goşulýar. 1994-nji ýylda Stambulyň häkimi bolýar. Şäheri abadanlaşdyrmak we arassaçylyk işleri bilen giň meşhurlyk gazanýar. 1998-nji ýylda iş başyndan aýrylmaga mejbur bolýar. Ol 2001-nji ýylda «Adalat we galkynyş» partiýasyny döredýär. Bu partiýa 2002-nji ýylyň parlament saýlawlarynda ýeňiş gazanýar. 2003–2014-nji ýyllar aralygynda üç gezek Türkiýäniň premýer-ministri boldy.

Rejep Taýyp Ärdoganyň ýolbaşçylygynda Türkiýäniň hökümeti Ýewropa Bileleşiginiň düzümine goşulmak üçin birnäçe özgertmeler geçirdi. Emma oňa girmek 2014-nji ýyla çenli başartmady.

2011-nji ýylyň 12-nji iýunynda Türkiýede nobatdaky parlament saýlawlary bolup geçdi. Bu gezek hem Rejep Taýybyň ýolbaşçylygyndaky «Adalat we galkynyş» partiýasy ýeňiş gazandy we onuň ýolbaşçylygynda hökümet düzüldi. Bu saýlawlar oňa gatnaşan partiýalaryň köplügi bilen tapawutlanýar. Bu gezek saýlawlara 27 partiýanyň wekilleri gatnaşdylar.

**Türkiýäniň ykdysady ösüşi.** 2001-nji ýylda Türkiýe çuň ykdysady çökgünligi başdan geçirdi. Şol ýyl onuň ykdy-

sady ýagdaýy tas 10% pese düşdi. Bu çökgünlikden tiz çykmak oňa başartdy. 2002-nji ýyldan başlap ýurduň ykdysadyýeti çalt ösüp başlady. Ykdysady ösüşi boýunça XXI asyrda Türkiýe dünýäniň iň öňdebaryjy ýurtlarynyň biri boldy.

Öndürilýän jemi milli önüm 2010-njy ýylda 800 mlrd amerikan dollaryna deň boldy. 2010-njy ýylda bu görkezi-ji boýunça ol dünýä döwletleriniň arasynda 17-nji ýerde durýardy. Şol ýylda ýurduň eksporty 115 mlrd dollara ýetdi. Türkiýe syýahatçylyk pudagyndan uly girdeji gazanýar. 2011-nji ýylda ýurda 39 mln syýahatçy gelip görüp, bu pudakdan 25 mlrd dollar girdeji gazanyldy. Türkiýe senagat-agrar ýurdudyr. Azyk, dokma, awtoulag, himiýa, elektrotehnika senagatlary ösendir.

**Türkiýäniň daşary syýasaty.** Türkiýäniň daşary syýasatynda Günbatar döwletleri bilen gatnaşyklara aýratyn ähmiýet berilýär. Ol NATO-nyň agzasy. Emma oňa seretmezden, özbaşdak daşary syýasat ýöredýär. Muňa mysal edip, 2003-nji ýylda Yraga garşy göreşde ABŞ-nyň goşunlaryny Türkiýä goýbermändigini aýtmak bolar. Türkiýäniň Ýewrobileleşigiň ýurtlary bilen gatnaşyklary gowulaşýar. Türkiýe indi köp ýyllaryň dowamynda oňa agza bolup girjek bolýar. Türkiýäniň daşary syýasatynda Kipr meselesi doly çözülmedik meseleleriň biridir. Kipr adasynyň bir böleginde grek, bir böleginde türk döwletleri bar. Şonuň grek döwletini dünýä döwletleriniň birnäçesi ykrar etdi. Emma Türkiýe ony ykrar etmeýär. Kipr meselesi Türkiýäniň Ýewrobileleşige tarap barýan ýolunda hem esasy böwetleriň biridir. Türkiýäniň daşary syýasatynda musulman ýurtlary bilen, aýratyn-da goňşy arap döwletleri bilen gatnaşyklara üns berilýär. Türkiýe Siriýada parahatçylygyň dikeldilmegi ugrunda alada edýär.

Ermenistan bilen Türkiýäniň gatnaşyklarynda köpden bäri çylşyrymly ýagdaý saklanyp gelýär. Türkiýe Ermenistan bilen gatnaşyklaryny kadalaşdyrmak ugrunda göreşýär.

Türkiýe Russiýa, Hytaý ýaly ýurtlar bilen dostlukly gatnaşyklar saklaýar. Hytaý bilen söwda gatnaşyklaryny has ösdürip, olaryň möçberini 2020-nji ýyla çenli 100 mlrd amerikan dollaryna ýetirmek barada şertnama baglaşdy. Türkiýe Merkezi Aziýada SSSR dargandan soň emele gelen döwletler bilen ýakyn gatnaşyklary saklaýar. Olaryň arasynda Garaşsyz Türkmenistan bilen doganlyk gatnaşyklaryň ösdürilmegine gönükdirilen syýasat alyp barýar.

**Türkmen-Türk hyzmatdaşlygynyň ösmegi.** Türkiýe Türkmenistana, garaşsyzlygyny gazanandan soň, doganlyk goluny uzadan ilkinji döwletdir.

Türkiýäniň Prezidenti Abdulla Gül daşary ýurt saparlarynyň ilkinjileriniň birini 2007-nji ýylyň dekabrynda ata mekanyna – Türkmenistana amala aşyrdy. Ol türkmen we türk halklarynyň umumy mukaddesligi bolan Nejmeddin Kubranyň kümmedine zyýarat etdi.

2008-nji ýylyň mart aýynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkiýe Respublikasyna resmi sapary boldy. Saparyň dowamynda ol Türkiýäniň Prezidenti Abdulla Gül, premýer-ministr Rejep Taýyp Ärdogan bilen duşuşdy. Saparyň jemleri boýunça bilelikdäki beýanata gol çekildi. Türkmen-türk hökümetara topary döredildi.

2009-njy ýylyň 27–28-nji awgustynda hormatly Prezidentimiz Türkiýe Respublikasynda ikinji resmi saparda boldy. Türkiýäniň Prezidenti Abdulla Gülüň 2010-njy ýylyň 11–12-nji noýabrynda resmi hem-de 2011-nji ýylyň 30-njy maýynda bolan iş saparynyň dowamynda dostlukly döwletiň Baştutany Türkmenbaşy şäherinde hormatly Prezidentimiz bilen hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de öňe ilerletmegiň mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşdy. 2013-nji ýylyň 15-nji awgustynda Türkiýäniň Premýer-ministri Rejep Taýyp Ärdoganyň we Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda Türk-

menbaşy şäheriniň halkara deňiz portunyň durkunyň täzelenmegine badalga berildi.

2012-nji ýylyň fewralynda-martynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Türkiýe Respublikasyna nobatdaky döwlet sapary boldy. Hormatly Prezidentimize Türkiýäniň ýokary döwlet sylagy bolan «Döwlet nyşany» gowşuryldy hem-de Fatih uniwersitetiniň lukmançylyk ugrunyň hormatly doktory ady berildi. 2014-nji ýylyň 2–4-nji iýunynda hormatly Prezidentimiziň Türkiýä nobatdaky resmi sapary wagtynda möhüm resminamalaryň birnäçesine gol çekildi.

2008-nji ýyldan bäri ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça Hökümetara türkmen-türk topary işleýär. Iki döwletiň arasynda söwda gatnaşyklarynyň möçberi yzygiderli artýar. Türkmenistanyň umumy haryt dolanyşygynda Türkiýe öňdäki orunlary eýeleýär. Eger 2005-nji ýylda iki ýurduň arasyndaky söwda dolanyşygy 341 mln dollara barabar bolan bolsa, 2010-njy ýylyň ahyrynda ol 3 mlrd amerikan dollaryna çenli ýokarlandy. Türkiýe türkmen ykdysadyýetine köp mukdarda maýa goýýan döwletdir. Ýurdumyzyň paýtagty Aşgabadyň tanalmaz ýaly özgermeginde türk gurluşykçylarynyň mynasyp paýy bar.

Türkiýe Respublikasynda Türkmenistan üçin müňlerçe hünärmen ýetişdirilýär. Bilim babatdaky hyzmatdaşlygyň gerimi barha giňelýär. 1994-nji ýyldan bäri Aşgabatda Halkara türkmen-türk uniwersiteti işleýär.

Medeniýet – türkmen we türk halklaryny özara baglanyşdyrýan köpri. Togrul beg, Alp Arslan, Mälik şa, Ärtogrul gazy, Garajaoglan, Ýunus Emre... iki halky ruhy taýdan biri-birine berk jebisleşdirýän ruhy sütünler. Hut şonuň üçin hem iki ýurduň arasynda umumy mirasymyzy, taryhymyzy öwrenmekde uly tagallalar edilýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda türkmen alymlarynyň topary Türkiýäniň kitaphanalarynda bolup, türkmen taryhyna dahylly golýazmalaryň we kitaplaryň uly tapgyryny ata Watanymyza getirdiler.

Milli medeniýetimize wekilçilik edýän toparlar Türkiýede yzygiderli bolup, ol ýerdäki dürli bäsleşiklere, festiwallara gatnaşýarlar. 2012-nji ýyldaky döwlet saparynyň dowamynda Ankarada «Türkmenistan» seýilgähi hem-de onuň merkezinde türkmeniň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragynyň ýadygärligi açyldy. Ýeri gelende ýatlasak, Aşgabadyň merkezinde Türkiýe Respublikasyny esaslandyryjy Atatürküň heýkeli, Ankara köçesi bar.

**Ýumuşlar:**

1. Türkiýäniň serhetlerini kartadan görkeziň.
2. Rejep Taýyp Ärdoganyň ýolbaşçylygynda Adalat we galkynyş partiýasynyň döreýşini we häkimiýete gelşini gürrüň beriň.
3. Abdulla Gülüň prezidentlik döwri barada gürrüň beriň.
4. Türkiýäniň daşary syýasatynyň esasy ugurlaryny gürrüň beriň.
5. Türkmen-türk hyzmatdaşlygynyň ösýändigi barada mysallara ýüzlenip gürrüň beriň.

## §22. Eýran Yslam Respublikasy

*Eýran – (1935-nji ýyla çenli Persiýa) Günorta-Günbatar Aziýada ýerleşen döwlet. Tutýan meýdany – 1 648 000 inedördül km. Ilaty – 2011-nji ýylyň maglumaty boýunça 78,8 mln adam. Paýtagty – Tähran.*




Eýran Yslam Respublikasynyň Ýokary ýolbaşçysy – *Rahbar* dindarlardan düzülen geňeş tarapyndan saýlanylýar we şoňa hasabat berýär. Ýurduň häzirki Rahbary Aýatolla *Seýid Ali Hameneidir*. Ol 1989-njy ýylda Aýatolla Homeýni ýogalandan soň Rahbar saýlanypdy. Ol ýurduň ösüş ýoluny kesgitleýär, ýurduň möhüm meseleleri onuň bilen maslahatlaşylyp, onuň tassyklamagy bilen alnyp barylýar. Rahbardan soň döwletde ikinji derejeli wezipeli adam Prezidentdir. Ol ýerine ýetiriji hökümetiň ýolbaşçysydyr.

10 Sargyt № 1576

**Muhammet Hateminiň özgertmeleriniň netijeleri.** Muhammet Hatemi 1997-nji ýylda birinji, 2001-nji ýylda ikinji möhlete prezident saýlandy. Ol Eýranda özgertmeleriň tarapdary bolan öňki prezident Haşemi Rafsanjanynyň tarapdarlarynyň biridi. Ol özgertmeler syýasatyny dowam etdirdi. Netijede, 2000–2004-nji ýyllarda jemi milli önümiň ösüşi ýylda ortaça 5,6 %-e deň boldy.

**Eýran Mahmud Ahmadinejadyň prezidentlik döwründe.** 2005-nji ýylyň prezident saýlawlarynda öň Tähranyň häkimi bolan *Mahmud Ahmadinejad* ýeňiş gazandy. Ol özgertmeleriň tarapdarlaryndan däldi.



**Mahmud Ahmadinejad** 1956-njy ýylda doglan. Ol Tähranyň Ylym we tehnologiýa uniwersitetiniň Ulag inženeri hünärini tamamlaýar. 1980-nji ýyldan meýletin Eýran-Yrak urşuna gatnaşýar. Uruşdan soň döwletde dürli wezipelerde işleýär. 2003-nji ýylda Tähran şäheriniň meri wezipesine saýlanýar. 2005-nji ýylyň saýlawlarynda ýeňiş gazanyp, Eýranyň taryhynda 6-njy Prezident bolýar.

Mahmud Ahmadinejad Eýranyň goranmak kuwwatyny berkitmäge gönükdirilen syýasaty alyp bardy. Ol Eýrana Günbatar medeniýetiniň täsiriniň aralaşmagynyň tarapdary däldi. Daşary syýasatynda hem ABŞ we Ysraýyl bilen ýakynlaşmaga garşy ugry alyp bardy.

Ol jemi iki möhlet Eýrana prezident bolup, ýurdy 2005–2013-nji ýyllarda dolandyrdy. Onuň dolandyran döwründe Eýranyň ýadro energetikasy güýçli ösdürildi. Bu meselede oňa Russiýa ýardam berdi. Günbatar döwletleri Eýrany ýadro ýaragyny döretmäge synanmakda aýypladylar. Eýrana garşy çäklendirmeler syýasatyny ulandylar. Netijede, Eýranyň dünýä bazarlaryna çykarýan nebitiniň möçberi azaldy. Eýran girdejiniň esasy bölegini bolsa nebit satmakdan alýardy. Halkara çäklendirmeleriniň girizilmegi

bilen Eýrana daşary ýurtlardan getirilýän harytlar azaldy. Halkyň isleg bildirýän harytlarynyň ählisi diýen ýaly Eýranyň özünde öndürilip başlandy. Bu bolsa, bir tarapdan, harytlaryň bahasynyň gymmatlamagyna getirse, ikinji tarapdan Eýranyň içki, milli önümçiliginiň ösmegine getirdi. Emma tutuşlygyna alanymyzda, halkara çäklendirmeleri Eýranyň ykdysadyýetine ýaramaz täsir etdi.

**2013-nji ýylyň prezident saýlawlary.** 2013-nji ýylda geçirilen saýlawlarda *Hasan Rouhani* «*Meniň maksadym – ykdysadyýeti dikeltmek, tertip-düzgüni ýola goýmak we beýleki ýurtlar bilen özara gatnaşyklary dikeltmek bolar*» diýip söz berdi. Halk saýlawlarda ony goldady. Özgertmeleriň tarapdarlaryndan bolan Hasan Rouhani 2013-nji ýylyň saýlawlarynda ýeňiş gazanyp, Eýranyň taryhynda 7-nji Prezident boldy.

---



**Hasan Rouhani** (1948-nji ýylda doglan), dini derejesi boýunça Hüjet-ül-yslam. Hukuk ugrundan 1972-nji ýylda Tähran uniwersitetini, soňra Beýik Britaniýanyň Glazgo şäherindäki Kaledon uniwersitetini tamamlaýar. Ol ylymlaryň doktory, professor, dilleri öwrenmegi gowy görýär. Hasan Rouhani arap, nemes, rus, iňlis, fransuz dillerini bilýär. 1980–2000-nji ýyllar aralygynda ýurduň mejlisinde dürli wezipeleri eýeleýär. Özünden öňki iki prezidentiň milli howpsuzlyk boýunça geňeşçisi boldy. 2013-nji ýylyň 4-nji awgustynda ol prezidentlik wezipesine girişdi.

---

Täze saýlanan Prezidentiň wezipesine girişmegi bilen baglanyşykly geçirilen dabara Eýran Yslam Respublikasynyň 35 ýyllyk taryhynda ilkinji gezek daşary ýurt döwletleriniň ýolbaşçylary gatnaşdylar. Prezident saýlawlary mahaly beren sözünde durup, Hasan Rouhani Günbatar döwletleri bilen gatnaşyklary kadalaşdyrmak ugrunda çykyş edýär. Onuň bu syýasatyny Günbatar döwletleri hem goldaýarlar. Olar Eýrana garşy halkara çäklendirmelerini bes etmek ba-

rada gepleşiklere başladylar. Bu bolsa Eýranyň ykdysady taýdan täzeden galkynmagyna getirýär.

**Daşary ykdysady aragatnaşyklary.** Eýran sebitde baý ýangyç gorlaryna eýe bolan döwlet hasaplanýar. Eýran nebitiň dünýä gorlarynyň 10%-ne, tebigy gaz gorlarynyň 16%-ne eýedir. Ol nebiti eksport etmekde dünýäde 4-nji ýerde durýar. Ýurduň býujetiniň girdejisiniň 45%-i nebitden we tebigy gazdan gelýär. Eýran sebitiň energetika diplomatiýasyna öz goşandyny goşýan döwlet. Eýran soňky döwürlerde dünýä bazarlarynda gaz satmagyny güýçlendirdi. 2005-nji ýylda Eýran–Ermenistan gaz geçirijisi ulanmaga berildi. Şol ýylda Eýran Türkiýä hem 7 mlrd kubmetr gaz satdy. Eýran–Pakistan–Hindistan gaz geçirijisini gurmagyň meselesi ara alnyp maslahatlaşylýar.

Eýranyň konstitusiýasyna laýyklykda, milli nebit gazyp alýan kärhanalaryň paýnamalaryny daşary ýurt kompaniýalaryna satmak ýa-da olara nebit gazyp almaga bermek gadagandyr. Bu işler bilen Eýranyň milli nebit kompaniýasy meşgullanýar. Emma geçen asyryň ahyrynda bu düzgüne birneme üýtgetmeler girizildi. Netijede, Hytaýyň, Fransiýanyň, Malaýziýanyň, Italiýanyň nebit kompaniýalaryna Eýranyň energetika bazarynda işjeň hereket etmäge rugsat berildi. Olar ylalaşyga laýyklykda, gazylan nebitiň bir bölegini almak, şertnamanyň möhleti dolansoň, özleşdiren ýataklaryny Eýrana tabşyrmak şerti bilen bu ýerde işlediler.

**Eýran-türkmen hyzmatdaşlygy.** Iki goňşy döwletiň gatnaşyklarynyň ösmeginde iki ýurduň döwlet ýolbaşçylarynyň hyzmatlary uludyr. 2007-nji ýylyň iýunynda milli Liderimiziň Eýrana ilkinji resmi sapary bolupdy. Şonda hormatly Prezidentimiz Eýrana Türkmenbaşy–Gürgen aralygynda täze demir ýoly gurmak teklibi bilen ýüzlenipdi. Bu Demirgazyk–Günorta ulag geçelgesiniň möhüm halkasydyr. Ol Russiýanyň, Gazagystanyň, Türkmenistanyň Pars aýlagyna çykmagyna giň mümkinçilik berýär.

2007-nji ýylyň awgustynda Eýranyň Prezidenti Mahmud Ahmadinejad resmi jogap sapary bilen Türkmenistanda boldy. Saparyň netijesinde, iki döwletiň arasynda teleradioýaýlymlar, söwda babatda hyzmatdaşlyk hakyndaky şertnamalara, Şirdepe ilatly sebitinde Tejen (Gerirud) deryasynda suw paýlaýjyny gurmak barada ylalaşyga, «Dostluk» suw howdany bendiniň ulanylmagyny guramak hakynda ylalaşyga gol çekildi. Eýranyň gatnaşmagynda 2009-njy ýylda Gyýanly şäherçesinde suwuklandyrylan gazy saklamak we ýüklemek boýunça terminal gurlup ulanmaga berildi. 2010-njy ýylyň başynda Eýrana tarap Döwletabat–Sarahs–Hangeran gaz geçirijisi açyldy. Ol «Günorta akymy» diýlip atlandyrylyp, tebigy gazyň her ýylda 12,5 milliard kubmetrini ibermäge mümkinçilik berýär.

2007-nji ýylyň oktýabrynda Hazarýaka döwletleriniň Tähranda geçirilen II Sammitinde Türkmenistanyň, Gazagystanyň we Eýranyň Prezidentleri Gazagystan–Türkmenistan–Eýran demir ýolunyň gurluşygynyň taslamasy barada resminama gol çekdiler. Bu demir ýoluň gurluşygy giň gerimde alnyp baryldy. Eýýäm 2014-nji ýylda Gazagystan–Türkmenistan–Eýran demir ýolunyň türkmen-eýran bölegi ulanmaga berler.

Eýran-türkmen hyzmatdaşlygy, esasan, söwda-ykdysady, ylmy-tehniki we medeni ugurlarda alnyp barylýar. 1997-nji ýylyň dowamynda iki ýurduň arasyndaky söwda dolanyşygy 150 mln dollara barabar boldy. 2008-nji ýylda iki döwletiň arasyndaky söwda dolanyşygy 2 mlrd 972,5 mln dollara ýetirildi. 2009-njy ýylyň dowamynda söwda dolanyşygy 1,5 esseden hem artdy. 2013-nji ýylda Eýran Türkmenistanyň eksport görkezijisinde ikinji ýeri eýeledi.

Gumanitar ulgamda hem ikitaraplaýyn gatnaşyklar üstünlikli ösdürilýär. Iki ýurduň arasynda ysnyşykly medeni we ylmy gatnaşyklar ýola goýuldy.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Seýit Muhammet Hatemi we Mahmut Ahmadinejadyň alyp baran syýasatlaryny düşündiriň.
2. Hasan Rouhani we onuň alyp barýan syýasaty barada gürrüň beriň.
3. Eýranyň daşary ykdysady aragatnaşyklary barada näme bilýärsiňiz?
4. Eýranyň ykdysadyýetinde nebit-gaz pudagynyň ähmiýetini düşündiriň.
5. Türkmen-eýran hyzmatdaşlygy haýsy ugurlarda alnyp barylýar?

Ýurduň häzirki Eýran diýen ady Awestadaky Airyāna adyndan gaýdýar. Ol «Ariýleriň ýurdy» diýmegi aňladýar.

## §23. Owganystan Yslam Respublikasy




**Owganystan Yslam Respublikasy** – *Orta Gündogarda ýerleşen döwlet. Tutýan meýdany – 647,5 müň inedördül km. Ilaty – 2013-nji ýylyň anyk däl maglumatlaryna görä, 31,1 mln adam. Paýtagty – Kabul.*

XX asyryň ahyrlarynda Owganystanyň esasy bölegini talibanlar basyp alypdy. 2001-nji ýylyň 11-nji sentýabrynda ABŞ-da bolup geçen weýrançylykly wakalardan soň, Usama ben Laden we ony goldan talibanlara garşy ABŞ dünýä döwletleriniň birnäçesiniň goldamagynda uruş alyp bardy. 2001-nji ýylyň 7-nji oktýabrynda başlanan bu harby hereket «*Synmajak erkinlik*» adyny aldy. Olara bu uruşda talibanlara garşy bolan Owganystanyň *Demirgazyk birleşigi* ýardam berdi. Netijede, Owganystanyň esasy bölegini öz içine alan talibanlaryň ýolbaşçylygyndaky 1996–2001-nji ýyllarda dowam eden *Owganystan yslam emirligi* syndyryldy.

**Hamid Karzaýyň prezidentlige saýlanmagy.** Owgan syýasy öňbaşçylarynyň 2001-nji ýylyň ahyrynda Bonnda bolan maslahatynda Karzaý Owganystanyň geçiş hökümе-

tiniň baştutanlygyna bellenýär. 2002-nji ýylyň ortasynda *Loýa Jirga* ony ýurduň wagtlaýyn prezidentligine saýlady. 2004-nji ýylyň başynda Loýa Jirgada Owganystanyň Esasy kanuny kabul edildi. Konstitusiýa boýunça Owganystan Yslam Respublikasy diýlip jar edildi. Ýurtda prezident dolandyryşy girizildi.



**Hamid Karzaý** 1955-nji ýylda Kandagarda doglan. 2004-nji ýyldan başlap Owganystanyň prezidenti. Ilki Kabulda okaýar. Sowet goşunlary Owganystana girensoň, olaryň maşgalasy Pakistanyň Kwetta şäherine göçýär. Hindistanyň Simla şäherindäki Himaçal uniwersitetinde syýasaty öwreniş ugruny tamamlaýar. B. Rabbaniniň hökümetinde daşary işler ministri bolýar. Owgan syýasy öňbaşçylarynyň 2001-nji ýylyň ahyrynda Bonnda bolan maslahatynda Karzaý Owganystanyň geçiş hökümetiniň baştutanlygyna bellenýär. 2002-nji ýylyň ortasynda Loýa Jirga ony ýurduň wagtlaýyn Prezidentligine saýlady. 2009-njy ýylda ol ikinji möhlete saýlanyldy.

2004-nji ýylyň 9-njy sentýabrynda ilkinji Prezident saýlawlary geçirilip, Hamid Karzaý ýurduň prezidentligine saýlanýar. Şol ýylyň oktýabrynda ýurduň Prezidenti Hamid Karzaý täze hökümeti düzdi. 2005-nji ýylyň güýzünde ýurduň parlamentine saýlawlar geçirildi. Hamid Karzaý ýurtda asudalygy üpjün etmek, ykdysadyýetiň möhüm pudaklaryny janlandyrmak boýunça köp işler etdi. 2009-njy ýylyň saýlawlarynda hem halk ony Prezident saýlap, oňa 2009–2014-nji ýyllarda öz ykbalyny ynandy. 2014-nji ýylyň 5-nji aprelinde Owganystanyň taryhynda 2-nji prezidentiň saýlawlary boldy. Onda dalaşgärleriň hiç birisi zerur sesleri toplap, ýeňiji bolmady. 2014-nji ýylyň 14-nji iýunynda saýlawlaryň ikinji tapgyry geçirildi. Oňa geçen tapgyrda köp ses alan iki dalaşgär – öňki Daşary işler ministri Abdulla Abdulla we maliýe ministri Aşrafgani Ahmadzaý gatnaşdylar.

**Syýasy durnuksyzlyk. Talibanlaryň hereketi.** Owganystanda Hamid Karzaýyň hökümetine köp welaýatlarda syýasy asudalygy gazanmak başartdy. Emma ýurduň günorta etraplarynda talibanlaryň ýaragly garşylyk görkezmegi dowam edýär.

Syýasy durnuksyzlygy aradan aýyrmak üçin 2001-nji ýylyň ahyrynda BMG-niň Howpsuzlyk geňeşi Owganystanda Howpsuzlyga ýardamçy halkara güýçlerini döretdi. Olar NATO-nyň we ABŞ-nyň Owganystanda durnukly syýasy ýagdaýy döretmek boýunça alyp barýan işlerine ýardam etdiler. Emma Owganystanda parahatçylygy gorap saklamak üçin esasy güýçler ABŞ-nyň harbylary bolmagynda galýardy. Owganystandaky syýasy dartgynlyk halkyň bir böleginiň daşary ýurtlara göçüp gitmegine getirýär. 2007-nji ýylda Pakistanda 740 müň, Eýranda 600 müň owgan bosguny ýaşaýardy. ABŞ we onuň tarapdarlaryna Owganystanda talibanlaryň hereketini doly ýok etmek başartmady. Muňa garamazdan, 2014-nji ýylda Owganystandan daşary ýurtlaryň ýaragly güýçlerini çykarmak meýilleşdirilýär.

**Owganystanyň ykdysady ýagdaýy.** Uzaga çeken uruşlar Owganystanyň ykdysadyýetini çökeripdi. Şonuň üçin Hamid Karzaýyň hökümeti daşary döwletleriň kömegine mätäç boldy. Owganystan ilatynyň jan başyna düşýän girdejisi boýunça dünýäde yzdaky ýurtlaryň biridi. Ýurtda tebigy gazyň, nebitiň, misiň, gymmatly metallaryň gorunyň bardygyna garamazdan, olary senagat taýdan işläp bejermäge infrastruktura ýok. Owganystanyň ykdysady taýdan galkynmagyna ýardam bermek barada 2002-nji ýylyň ýanwarynda Tokioda bolan halkara maslahatynda 4,5 mlrd dollar kömek puluny goýbermek bellenildi. ABŞ, Hytaý, Türkmenistan, Ýaponiýa, Koreýa, Italiýa Owganystanda elektrik geçirijilerini, ýollary, durmuş maksatly desgalary gurmakda kömek berdiler.

**Türkmenistanyň Owganystana ýardamy.** Türkmenistan goňşy Owganystan döwletindäki harby dawalara

goşulmady. Aşgabatda birnäçe gezek owgan taraplarynyň arasynda gepleşikler geçirildi. BMG-niň Owganystanyň halkyna kömek üçin iberen ýükleri Türkmenistanyň üstünden geçirildi. Türkmenistan Owganystanyň demirgazyk welaýatlaryna elektrik geçirijisini gurup berdi. XXI asyrdan başlap şol elektrik geçirijisi boýunça Owganystanyň halky ýeňillikli şertlerde elektrik energiýasyny satyn alýar.

2007-nji ýylyň 5–6-njy iýulynda Owganystanyň Prezidenti Türkmenistanda resmi saparda boldy. Saparyň barşynda ýurdunda parahatçylygy we syýasy durnuklylygy pugtalandyrmaga, Türkmenistan bilen Owganystanyň dostlukly gatnaşyklaryny berkitmäge goşan uly goşandy, şeýle hem ylym, bilim we medeniýet ulgamynda bitiren aýratyn hyzmatlary üçin Hamid Karzaýa Magtymguly adyndaky TDU-nyň hormatly professory ady berildi. 2007-nji ýylyň 17-nji iýulynda Türkmenistanyň Prezidentiniň tagallasy, owgan tarapynyň islegi bilen türkmen hünärmenleri tarapyndan durky täzelenen döwletara demir ýoly işe girizildi. Owganystanly talyplaryň birnäçesi Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerinde bilim alýarlar.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2008-nji ýylyň 28-nji aprelinde Owganystana bolan ilkinji resmi sapary iki döwletiň arasyndaky dost-doganlyk gatnaşyklarynyň mundan beýläk hem pugtalanmagyna itergi berdi. Owganystan Türkmenistandan suwuklandyrylan gazy, oba hojalyk, dokma we himiýa senagatynyň önümlerini satyn alýar. 2007–2008-nji ýyllaryň aňzakly gelen gyşynda Türkmenistandan Owganystana gumanitar kömek hökmünde 1000 tonna un, 500 tonna dizel ýangyjy, egin-eşikleriň, aýakgaplaryň we beýleki harytlaryň onlarça müňüsi eltildi.

Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 65-nji sessiýasynda Owganystan meselesi bilen bagly birnäçe anyk teklibi orta atdy. Ol, *birinjiden,* BMG-niň ho-

wandarlygynda Owganystandaky özara ynanyşmak ýagdaýyny pugtalandyrmak we döwlet häkimiýetiniň netijeli institutlaryny ösdürmek boýunça ýokary derejedäki halkara duşuşygyny Aşgabatda geçirmek; *ikinjiden,* Türkmenistanda owgan hünärmenlerini taýýarlamak; *üçünjiden*, Türkmenistandan Owganystana demir ýoly gurmak, geljekde ony Owganystanyň çägi boýunça dowam etdirmek; *dördünjiden*, Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan gaz geçirijisiniň gurluşygyna gönükdirilen tagallalary has işjeňleşdirmek; *bäşinjiden*, Türkmenistandan Owganystana iberilýän elektrik energiýasynyň möçberini artdyrmak. Olaryň ählisi babatda hem Türkmenistan eýýäm anyk işleriň ençemesini durmuşa geçirdi.

**Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan gaz geçirijisiniň taslamasy.** Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan (TOPH) gaz geçirijisiniň taslamasynyň durmuşa geçirilmegine Owganystan örän gyzyklanýar. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy boýunça 2010-njy ýylyň 11-nji dekabrynda Aşgabatda taslama gatnaşyjy döwletleriň baştutanlarynyň nobatdaky Sammiti geçirildi. Onuň jemleri boýunça gaz geçiriji hakyndaky Çarçuwaly ylalaşyga we TOPH taslamasyny durmuşa geçirmek babatdaky Hökümetara ylalaşygyna gol çekildi. Taslama boýunça onuň uzynlygy 1735 kilometr bolup, onuň 200 kilometri Türkmenistanyň, 735 kilometri Owganystanyň, 800 kilometri Pakistanyň çäklerinden geçip, Hindistan bilen araçäkdäki Fazilka atly ilatly ýere barar. Gaz geçirijiniň ýyllyk kuwwaty 30 milliard kubmetre barabar bolar. Taslamanyň bahasy – 2,5 mlrd ABŞ-nyň dollary möçberinde bolar. Käbir maglumatlara görä, taslamanyň başlangyç tapgyrynda Owganystanda 12 müň iş ýeri döräp, ýurt ýylda 400 mln ABŞ-nyň dollary möçberinde girdeji alyp biler.

**Türkmenistan–Owganystan–Täjigistan demir ýolunyň gurluşygynyň başlanmagy.** 2013-nji ýylyň 20-nji martynda Gurbanguly Berdimuhamedow, Hamid Karzaý,

Emomali Rahman Aşgabatda Türkmenistan–Owganystan–Täjigistan halkara demirýoluny gurmak barada ylalaşdylar. Degişli ýurtlaryň hersinde agzalan demirýoluň gurluşygynyň taslamasyny taýýarlamak boýunça işçi toparlary döredildi. Işçi toparlar ilkinji gezek 2013-nji ýylyň 19-njy aprelinde Aşgabatda duşusyk geçirdiler. Olar üç ýurduň gatnaşmagynda demir ýoluň geçjek ugurlaryny ylalaşdylar. 2013-nji ýylyň 5-nji iýunynda üç ýurduň Prezidentleriniň gatnaşmagynda Atamyrat–Ymamnazar–Akina–Andhoý demir ýolunyň gurluşygyna badalga berildi. Ol Owganystanyň üstünden Täjigistana tarap uzar.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. «Synmajak erkinlik» harby hereketi haçan we näme sebäpden geçirildi?
2. Hamid Karzaýyň ýolbaşçylygynda Owganystanyň içeri we daşary syýasaty hakda gürrüň beriň.
3. Owganystana dünýä ýurtlarynyň berýän kömegi barada gürrüň beriň.
4. Türkmenistan Owganystana nähili ýardam edýär?

**Loýa Jirga** – Owganystanda ýaşaýan ähli halklaryň, taýpalaryň we toparlanyşyklaryň öňbaşçylarynyň girýän Ýokary geňeşi.

## §24. Ysraýyl we Palestina




**Ysraýyl döwleti** – *Günorta-Günbatar Aziýada, Ortaýer deňziniň gündogar kenarynda ýerleşen döwlet. Paýtagty we hökümetiň ýerleşýän ýeri Iýerusalimde, köp ýurtlaryň ilçihanalary Tel-Awiwde ýerleşýär. Döredilen gününden bäri Ysraýylyň çäkleri birnäçe gezek üýtgedi. Tutýan meýdany – 22072 inedördül km. Ilaty – 2013-nji ýylyň maglumatyna görä, 8 mln adam. Onuň 80%-i ýewreýler, 17%-i araplar, galany beýleki milletlerdir.*

**Syýasy gurluşy.** Ysraýyl parlament respublikasydyr. Döwletiň başynda prezident durýar. Parlamente Ysraýyl-

da *knesset* (120 agzasy bar) diýilýär. Prezident knesset tarapyndan 7 ýyl möhlete saýlanýar. Emma döwlet işlerine, esasan, premýer-ministr ýolbaşçylyk edýär. Onuň ygtyýarlyk çäkleri 4 ýyl bolup, ýekelikde hökümet agzalaryny boşatmaga ýa-da parlamenti dargatmaga hukugy ýokdur. Hökümet knessetiň öňünde hasabat berýär.

Ysraýylda 2001–2006-njy ýyllarda *Ariel Şaron* premýer-ministr bolýar. Ol Ysraýyl döwletiniň dörän gününden başlap ömrüniň 25 ýyldan gowragyny harby işlere bagyş eden, öz şahsy gahrymançylyklary bilen ýewreý halkynyň söýgüsini gazanan şahsyýetdir. Ol araplara garşy berk göreş alyp barmagyň tarapdarydy. Şonuň üçin onuň hökümet başyna geçmegi araplara ýaramandyr. Olar dessine Ysraýyla garşy terrorçylykly hereketlerini güýçlendiripdirler. Ine, şu ýerde köpleri haýran galdyran bir syýasy waka bolup geçýär – Şaron birden alyp barýan syýasatyny üýtgedýär. 2005-nji ýylda ol araplara garşy berk göreşden ýüz öwrüp, ýewreýleriň araplara degişli bolan Gaza zolagyndan çykmalydygy barada buýruk berýär. Ýewreýleriň 7 müň öýlüsi guran jaýlaryny ýykyp, Gazadan gaýtmaly bolýarlar. Şaronyň bu syýasatyna ýewreýler garşy çykýarlar. Olar Şarony araplara dönüklikde aýyplaýarlar. Ondan ýakyn egindeşleri hem ýüz öwürýärler. Şaron öz diýeninden yza gaýtmaýar. Ol ýewreýler bilen araplaryň ýaşaýan ýerleriniň arasyna beýik diwar gurdurýar. Onuň maksady ýewreýler bilen araplaryň arasyndaky gandöküşikleri azaltmakdy. Şaron 2006-njy ýylyň ýanwarynda beýnisine gan urup, keselhana düşýänçä, Ysraýylyň premýer-ministri bolýar[1].

Şaron keselländen soň, onuň orunbasary *Ehud Olmert* 2006-njy ýylyň saýlawlarynda ýeňip, 2006–2008-nji ýyllarda ýurduň premýer-ministri bolýar. Emma 2006-njy ýyl-

[1] Ariel Şaron keselhanada 8 ýyl özüne gelmän ýatyp, 2014-nji ýylyň 11-nji ýanwarynda aradan çykýar.

daky ikinji Liwan urşy döwründe goýberen ýalňyşlyklary üçin oňa garşy oppozisiýadaky partiýalaryň çykyşlary başlanýar. Netijede, ol 2008-nji ýylyň sentýabrynda möhletinden öň wezipesinden gidýär. 2009-njy ýylyň fewralynda geçen parlament saýlawlaryndan soň *Binýamin Netanýahu* premýer-ministr bolýar. Binýamin Netanýahu ylmyň, tehnologiýanyň ösmegi üçin köp alada edýär. Bu pudaklara milli girdejiniň 5%-ine golaýy gönükdirilýär. Häzirki günlerde Ysraýyl döwleti ylmyň, tehnologiýanyň ösüşi boýunça dünýädäki öňdäki ýurtlaryň biridir.

**Ysraýylyň ykdysadyýeti.** Ysraýylyň öňler ýaraglanyşyga aýratyn ähmiýet berilmegi ykdysady ösüşiň düýpli öňe gitmegini bökdeýärdi. 90-njy ýyllardan başlap Ysraýylyň ykdysadyýeti has çalt depginler bilen ösdi. 1990-njy ýylda ol JIÖ-niň jan başyna paýlanyşy boýunça dünýäde 21-nji orna geçdi. 1975-nji ýyla garanda, 2007-nji ýylda goranyş üçin çykdajylar 33%-den 7,3%-e çenli azaldyldy. Ysraýyl gün we ýel energiýasyny peýdalanmakda dünýäde 1-nji ýerde durýar. Onuň oba hojalygy, gaýtadan işleýiş we saglygy goraýyş ulgamlary has ösendir. Ýurtda agyz suwuna ýiti mätäçlik duýulýar. Oba hojalygynda ilatyň 3,5%-i işleýär. Damjalaýyn suwaryş, ýyladyşhanalarda ekin ekmek giň ýaýrandyr. Bir ysraýylly fermer ortaça 95 adama ýeter ýaly azyk harytlaryny öndürýär. Syýahatçylykdan uly girdeji gazanýar. 2012-nji ýylda ýurda 3,5 mln syýahatçy gelip gördi. Ysraýyl ynsan ömrüniň dowamlylygy boýunça dünýäde 4-nji ýerde durýar. Ysraýyl ylmy makalalaryň jan başyna paýlanyşy boýunça dünýäde birinjiligi eýeleýär. Ol ilatyň jan başyna paýlanyňda, alymlaryň sany we hasaba alnan ygtyýarnamalar, muzeýleriň sany boýunça dünýäde öňdeligi eýeleýär. 2009–2013-nji ýyllarda Ysraýylyň ortaça ýyllyk ykdysady ösüşi 5% boldy. Bu bolsa dünýä ykdysady çökgünliginiň täsirini hasaba alanymyzda, dünýäniň ösen ýurtlarynyň arasynda ýokary görkezijidir.

2011-nji ýylda jemi içerki önümiň mukdary 239 mlrd amerikan dollaryna bababar boldy. Bu görkeziji boýunça ol şol ýyl dünýäde 49-njy ýerde durýardy.

**Palestina.** Palestina döwleti BMG-niň 1947-nji ýyldaky kararyna seretmezden, häzirki günlere çenli doly döredilmedi. 1988-nji ýylda Palestinany azat ediş guramasynyň Alžirdäki maslahatynda Palestina awtonomiýasyny döretmek barada karar kabul edilipdi. 1993-nji ýylda Palestina bilen Ysraýylyň arasynda Palestina milli administrasiýasyny (PMA) döretmek barada Osloda ylalaşyk baglaşyldy. Ýasir Arafat PMA-nyň Prezidenti boldy. Emma Ysraýyl PMA-ny döretmäge Palestinadaky terrorçylary ýaragsyzlandyrmak şerti bilen razy bolupdy. Iki asyryň sepgidinde Palestina döwletini döretmek we Ysraýylyň howpsuzlygyny üpjün etmek barada iki tarapyň arasynda birnäçe gezek gepleşikler geçirildi. Bu gepleşiklerde Ýasir Arafat bilen Ysraýylyň öňki hökümet ýolbaşçysy Ehud Barak 1999-njy ýylda 2000-nji ýylyň ahyryna çenli iki tarapyň arasyndaky dawaly ýerleri çözmek we Palestina döwletini döretmek barada ylalaşdylar. Emma gepleşiklerde Ehud Baragyň talap edýän ýerlerini bermäge Palestina tarapy düýbünden garşy çykdy. ABŞ-nyň Prezidentiniň araçy bolup geçirýän bu gepleşikleri netijesiz gutardy. Araplar Ehud Barakdan Ysraýylyň halky hem Ýasir Arafat bilen gepleşikleri bes etmegi talap etdiler. Onuň geçirýän gepleşiklerinden närazylyklar netijesinden indiki saýlawlarda Ehud Barak ýeňiş gazanyp bilmedi. 2001-nji ýyldan başlap palestinalylar bilen berk göreşmegiň tarapdary bolan Ariel Şaron Ysraýylyň premýer-ministri bolýar. Onuň döwründe arap-ysraýyl gepleşikleri bes edilýär. Görşümiz ýaly, 2000-nji ýyldan başlap arap-ysraýyl gatnaşyklary ýene dartgynlaşdy. 2001–2002-nji ýyllarda palestinalylar «*intifada*» taktikasyna geçdiler – Ysraýyla şehit bolmaga taýyn terrorçylary ugradyp başladylar. Emma müňlerçe parahat ilatyň ýogalmagyna getirýän «*şehitleriň urşy*» palestina meselesiniň çözgüdi däldir.

Ysraýyl araplaryň terrorçylygyny bes etdirmek üçin Ýasir Arafaty Ramalla şäherinde öz rezidensiýasynda öý tussaglygyna sezewar etdi. Şeýle şertlerde Ýasir Arafat 2004-nji ýylda aradan çykdy.

Ysraýyl öz çägini Palestinadan bölýän *howpsuzlyk diwaryny* galdyrdy. BMG-niň Halkara kazyýeti bu diwaryň gurulmagyny halkara hukugynyň bozulmagy diýip hasaplady. Bu karary BMG-niň Baş Assambleýasy hem goldady.

Araplaryň, aýratyn-da «*Hamas*» radikal hereketi Ysraýyla garşy terrorçylykly hereketlerini güýçlendirdi. «Hamasy» birnäçe dünýä döwletleri terrorçy gurama hasap edýärler. 2005-nji ýylda araplara degişli bolan birnäçe obalardan ýewreýleriň çykarylmagyny «Hamas» öz ýeňşi hasaplady.

2006-njy ýylyň Palestinanyň kanun çykaryjy geňeşine saýlawlarda «Hamas» hereketi ýeňiş gazandy. «Hamas» Ysraýyl döwletini doly ýok etmegi ündeýärdi. Ol Palestinanyň milli administrasiýasynyň ýolbaşçysy *Mahmut Abbasa* boýun egmän başlady. Ysraýyl bilen ylalaşmagyň tarapdaryny yzarlady. Şonuň üçin bu guramanyň saýlawlarda ýeňiş gazanmagy Ysraýyla ýaramady. 2007-nji ýylyň iýunynda ýaragly agdarylyşygyň netijesinde «Hamas» Gaza zolagynda häkimiýeti doly eýeledi. Palestinanyň iki böleginiň arasynda raýatara urşy boldy. Uruş netijesinde «Hamas» Gazany bölüp aýyrdy. Şeýlelikde, Palestina iki bölege bölünýär – Abbasyň tarapdarlary Iordan derýasynyň günbataryndaky ýerlerde, «Hamas» bolsa Gaza zolagynda dolandyryp başlaýar. Şol ýylyň oktýabrynda Ysraýyl Gaza zolagyny «duşmançylykly döwlet birleşmesi» diýip yglan etdi hem-de oňa garşy bölekleýin ykdysady gabawy ulandy. «Hamas» Ysraýyla garşy hereketlerini bes etmedi. 2008-nji ýylyň ahyrynda – 2009-njy ýylyň başynda Ysraýyl Gaza zolagynda «*Guýma gurşun*», 2014-nji ýylyň iýul-awgustynda «Sarsmaz gaýa» atly harby operasiýalaryny amala aşyrdy.

Iordan derýasynyň günbatarynda Fath guramasynyň lideri *Mahmut Abbas* Palestina awtonomiýasynyň baştutany

bolmagynda galýar. Ol «Hamasy» terrorçy gurama diýip yglan edýär. Mahmut Abbas 2011-nji ýylda BMG-niň Baş sekretary Pan Gi Muna Palestina döwletini agzalyga kabul etmek barada resmi arza bilen ýüzlenýär. Emma BMG-niň Howpsuzlyk geňeşi Palestinany agzalyga kabul etmeýär. Mahmut Abbas BMG-niň Baş Assambleýasyna ýüz tutup, Palestina halkara guramasynda synçy döwlet derejesiniň berilmegini soraýar. 2012-nji ýylyň 29-njy noýabrynda Baş Assambleýada sese goýlanda sesleriň köplügini alyp, Palestina synçy döwlet derejesini alýar. Elbetde, BMG-niň bu kararyny Ysraýyl, ABŞ we dünýäniň birnäçe iri döwletleri ykrar etmediler. 2014-nji ýylda Palestina 15 sany halkara guramalaryna agzalyga kabul etmek barada arza bilen ýüz tutdy. Palestinanyň birtaraplaýyn hereketleri onuň Ysraýyl bilen gatnaşyklaryny has-da çylşyrymlaşdyrýar. Şeýlelikde, Palestina döwletiniň döremegi meselesi 2014-nji ýyla çenli doly çözülmedi. Onuň Ysraýyl bilen serhetleri doly anyklanmady.

**Ýumuşlar:**

1. Ysraýyl döwletiniň syýasy ösüşi barada aýdyp beriň.
2. Ysraýyl döwletiniň ykdysady ösüşi barada aýdyp beriň.
3. Palestinanyň iki bölegini kartadan görkeziň.
4. Arap–Ysraýyl dawalarynyň sebäbini düşündiriň.

Ysraýylyň döwlet gurluşynyň aýratynlygy onuň dörän gününden şu güne çenli konstitusiýasynyň ýokdugydyr. Konstitusiýa derek bu ýurtda dürli döwürlerde kabul edilen kanunlar hereket edýär.

## §25. Aziýanyň arap ýurtlary




**Yrak.** XX asyrda Yragyň Kuweýti basyp almagy, oňa gaty agyr düşüpdi. Ýadyňyzda bolsa, 1991-nji ýylda dünýä ýurtlarynyň 28-siniň gatnaşmagynda Yrak Kuweýtden kowlup çykarylypdy.

Emma Saddam Hüseýiniň ýolbaşçylygynda Yrak uruşdan soň baglaşylan ylalaşygyň şertlerini ýerine ýetirmedi. 2003-nji ýylyň 20-nji martynda ABŞ we Beýik Britaniýa Saddam Hüseýiniň düzgünine garşy urşa başladylar. Ol «*Yraga erkinlik*» diýlip atlandyryldy. 9-njy aprelde Bagdat eýelendi. Saddam Hüseýin duşmanlaryndan gizlenip, sypjak boldy. Biraz wagtdan ony tapdylar. 2004-nji ýylyň 1-nji iýunynda Yrakda Wagtlaýyn hökümet döredildi. 2005-nji ýyldaky saýlawlarda kürt *Jelal Talabani* Yragyň Prezidentligine saýlandy. Saddam Hüseýin Gaagadaky halkara kazyýetiniň karary bilen 2006-njy ýylda jezalandyryldy.

Soňky saýlawlarda ýurtda milli we dinara oňşuklylygy gazanmak maksady bilen, hökümetdäki wezipeler şeýle tertipde paýlaşyldy – premýer-ministr şaýylardan (ilatyň 65%-i), prezident kürtlerden, parlamentiň başlygy sünnülerden (ilatyň 35%-i) bolmalydy. 2010-njy ýylyň noýabrynda Jelal Talabani ikinji möhlete prezident saýlandy. 2011-nji ýylyň 18-nji dekabrynda ABŞ Yrakdan öz goşunlaryny çykardy. Halkara ykdysady gabaw, uruşlar we terrorçylaryň weýrançylyklary Yragyň ykdysadyýetini pese gaçyrdy.



**Saud Arabystany.** *Saud Arabystany çäklendirilmedik monarhiýa gurluşly döwletdir. Döwleti Saudlar nesilşalygy dolandyrýar. 2005-nji ýyldan döwletiň patyşasy we ruhy öňbaşçysy Abdylla ben Abdel Aziz al-Sauddyr. Ýurtda ähli häkimiýet pudaklary patyşa tabyndyr. Saud Arabystany yslam dininde iki mukaddesligiň watanydyr. Mekgede ähli musulmanlaryň zyýarat edýän mukaddesligi Käbe, Medinede Muhammet pygamberiň gubury ýerleşýär. Paýtagty – Jidda.*

Ýurduň ilatynyň 88%-i şäherlerde ýaşaýar. Iň iri şäher er-Riýad bolup, onda 4 mln çemesi ilat ýaşaýar. Ikinji uly şäheri Jidda bolup, ol ýurduň ykdysady merkezidir. Onda 3,4 mln, mukaddes Medinede 1,3 mln adam ýaşaýar. Mekge şäherine ýylda 2 mln çemesi adamyň haja barýandygy üçin ýurtda ilkinji metro işe girizildi.

11 Sargyt № 1576



Saud Arabystany nebit gorlary boýunça dünýäde 1-nji döwletdir. Dünýäniň nebit gorlarynyň tas dörtden biri bu döwletiň paýyna düşýär. Ýurduň ýarpy girdejisi nebitden gelýär. Ýurt OPEK-nyň esasy agzalarynyň biridir.

«Arap bahary» mahalynda Saud Arabystanynda hem tolgunyşyklar bolup geçdi. Emma olar tiz basylyp ýatyryldy.

**Birleşen Arap Emirlikleri (BAE).** Konstitusiýa laýyklykda, iň ýokary döwlet häkimiýeti emirlerden durýan Ýokary geňeşdir. Olar öz aralaryndan 5 ýyl möhlet bilen prezident saýlaýarlar. Birleşen emirlikleriň içinde iň ulusy Abu-Dabi bolandygy üçin, ýurduň Prezidentligine şonuň emiri saýlanýar. 2004-nji ýyldan bäri Abu-Dabiniň emiri *Halifa ben Zaid al-Nahaýýan* ýurduň Prezidentidir. Onuň prezidentliginiň möhleti 2009-njy ýylyň 3-nji noýabrynda ýene bäşýyllyk uzaldyldy. Ikinji uly emirlik Dubaý bolandygy üçin, onuň emiri hökümetiň baştutany wezipesini ýerine ýetirýär. Ýurduň häzirki wagtdaky hökümet baştutany Dubaýyň emiri Şeýh Muhammmet ibn Raşid al-Maktumdyr.



Ýurduň ykdysadyýetiniň esasyny nebit pudagy tutýar. Ýurtda daşary ýurt maýadarlaryny giňden çekmek üçin 15 sany erkin ykdysady zolak döredildi. Olaryň döredilmegi, täze tehnologiýa esaslanýan senagat pudaklarynyň ösdürilmegi, umuman, oýlanyşykly syýasatyň ýöredilmegi ýurdy dünýäniň çalt ösýän ýurtlarynyň birine öwürdi. Şäherler, şäher gurluşygy çalt ösdi.

Häzirki wagtda ýurduň ilatynyň 88%-i şäherlerde ýaşaýar. BAE-niň ilatynyň 75%-i daşardan göçüp gelenlerdir. Ýurduň işçi güýjüniň 90%-i daşary ýurtlulardyr. Iň iri şäherleriniň biri Dubaý (1,5 mln ilatly) iri söwda merkezidir. Dubaýy «*Ýakyn Gündogaryň Gonkongy*» atlandyrýarlar.

Emirliklere nebitden gelýän girdeji has uly. Ýurtda her günde 2,2 mln barrel möçberde nebit öndürilýär.

BAE dünýäni özüniň has aýratyn täsin binalary bilen hem haýrana goýýar. Şolaryň birem 2010-njy ýylda açylan Dubaý şäherindäki belentligi 800 metrden geçýän «*Burj Halifa*» diňidir. Bu bina dünýäde iň uly diň hasaplanýar.

**Kuweýt.** 2006-njy ýyldan bäri Sabah IV (Sabah al-Ahmet al-Jebar as-Sabah) Kuweýtiň patyşasydyr. Kuweýt dünýäde nebiti köp öndüriji döwletleriň hataryna girýär. Ol ýylda 100 mln tonna çemesi nebit öndürýär. Ýurduň girdejisiniň ýarpysy nebitden gelýär. Ýylda 4,5 mlrd kubmetr gaz çykarylýar. Kuweýtiň bary-ýogy 1% meýdany ekerançylyk üçin amatly. Maldarçylyk üçin amatly ýerleri bolsa köp. Emma Kuweýtiň halky şäherlerde ýaşamagy gowy görýär. Ýurduň ilatynyň 98%-den gowragy şäherlerde ýaşaýar. Kuweýt deňiz suwuny süýji suwa öwürmekde dünýäde birinji döwletdir.

2011-nji ýylyň 18-nji fewralynda Kuweýtde tolgunyşyklar başlandy. Hökümet birnäçe eglişikleriň hasabyna ýurtdaky dartgynlygyň öňüni aldy.




**Katar.** Ýurdy köpden bäri *Taniler şanesli* dolandyrýar. 1995-nji ýyldan ýurduň emiri *Hamad bin Halyfe al-Tanidir*. 2005-nji ýylda ýurduň Konstitusiýasy kabul edildi.

Kataryň ykdysadyýetiniň esasyny nebit-gaz

pudagy düzýär. Katar tebigy gazyň gorlary boýunça dünýäde 3-nji ýerde durýar. Nebit we gaz ýurduň eksportunyň 85%-ini, býujetiň girdeji bölegininiň 70%-ini düzýär. Bu iki tebigy baýlyk Katary ilatyň jan başyna düşýän önümiň mukdary boýunça (110,7 müň dollar) Lihtenşteýnden soň 2-nji döwlete öwürdi. Ýurtda senagatyň paýyna 75%, hyzmatlar pudagyna 25% degişlidir.

Katar daşary syýasatda Pars aýlagy sebitindäki döwletler bilen hyzmatdaşlyga uly ähmiýet berýär. «Arap baharynyň» wakalarynyň täsiri astynda 2012-nji ýylyň 16-njy aprelinde Katarda goşun tarapyndan döwlet agdarylyşygyny amala aşyrmaga şowsuz synanyşyk edildi.

**Bahreýn.** Bahreýn konstitusion monarhiýa gurluşly döwletdir. 2002-nji ýylda kabul edilen ýurduň konstitusiýasy patyşa giň ygtyýarlyklary berýär. Ýurt baştutany şeýh *Ben Isa al-Halefadyr*.

Bahreýn hem Katar ýaly nebitiň we gazyň hasabyna ösdi. Paýtagt Manama hem-de onuň golaýyndaky Salman we Sitre portlary sebitiň möhüm ulag-aragatnaşyk çatryklary hasaplanýar. Bahreýn bilen Saud Arabystany patyşalygyny deňziň üstünden gurlan 25 kilometrlik köpri birleşdirýär.

Manamada arap transmilli korporasiýalarynyň ençemesiniň ştab-kwartirasy ýerleşýär. Ýurtda uly göwrümli tankerler abatlanýar. Awstraliýadan getirilen çig malyň hasabyna ýurtda ýylda 450 müň tonna alýuminiý öndürilýär.

«Arap bahary» bilen bagly 2011-nji ýylyň 14-nji fewralynda ýurtda halk tolgunyşyklary başlandy. 2012-nji ýylyň ahyrynda hem şeýle çykyşlar gaýtalandy.

**Ýemen Respublikasy.** 1990-njy ýyla çenli iki sany Ýemen bardy. Olar Ýemen halk demokratik Respublikasy we Ýemen Arap Respublikasy diýlip atlandyrylýardylar. 1990-njy ýylyň 22-nji maýynda iki Ýemen birleşdirilip, Ýemen Respublikasy döredildi.




Ýemeniň Prezidenti *Ali Abdylla Saleh* ýurduň halkara bileleşigi, şol sanda ÝB we Beýik Britaniýa bilen gatnaşyklaryny berkitmäge üns berdi. Emma muňa garamazdan, Ýemen arap ýurtlarynyň arasynda iň bir garyplarynyň biridir. Ilatyň jan başyna düşýän önümiň möçberi boýunça ol Sudandan we Mawritaniýadan ýokarda diýmeseň, başga arap döwletleriniň ählisinden yza galýar.

«Arap bahary» Ýemeniň deňinden hem sowlup geçmedi. 2012-nji ýylyň 27-nji fewralynda ýurduň Prezidenti Ali Abdalla Saleh öz wezipesini tabşyrdy. Prezidentlige *Abd Rabbo Mansur al-Hadi* saýlandy.

«Arap baharyndan» soň Ýemende syýasy dartgynlylyk başlandy. Günorta Ýemen ýene-de bölünip aýrylmak barada çykyş edip başlady. Al-Kaida terrorçy guramasy Ýemende 2012–2014-nji ýyllarda işini has işjeňleşdirdi. Terrorçylara garşy göreşde ABŞ Ýemene ýakyndan kömek berýär.

**Siriýada Başar Asadyň döwründäki syýasy çökgünlik.** 1999-njy ýylda Hafez Asad bäşinji gezek ýurduň prezidenti wezipesine saýlanýar, emma 2000-nji ýylyň 10-njy iýunynda ol aradan çykýar. Ýurduň 37 ýyl hökümdary bolan Hafez Asad ýogalandan soň saýlawlar geçirilip, onuň 34 ýaşly ogly *Başar Asad* prezident saýlanýar.




Başar Asad Yraga garşy 2003-nji ýyldaky amerikan–iňlis urşuny ýazgardy. ABŞ bolsa Siriýany terrorçylygy goldamakda we Saddam

Hüseýiniň tarapdarlaryny ýurtda gizlemekde aýyplady. 2011-nji ýylyň martynda Siriýada oppozisiýa bilen hökümet goşunlarynyň arasyndaky ýaragly çaknyşyklar başlandy. Oppozisiýa Başar Asadyň häkimiýetden aýrylmagyny talap etdi. Tizlikde bu dawa beýleki ýurtlar hem goşulyşdylar. Olaryň bir topary hökümeti, beýlekisi oppozisiýany goldady. Hökümet goşunlary bilen oppozisiýanyň çaknyşygy hakyky uruş häsiýetine geçdi. 2013-nji ýylda taraplaryň haýsydyr biri himiýa ýaragyny ulandy. Ony ulanmakda iki tarap hem garşydaşyny aýyplady. Hökümet himiýa ýaragyndan ýüz öwrüp, ony ýaýratmazlyk barada halkara ylalaşygyna goşulýandygyny jar etdi. Siriýadan halkara gözegçiligi astynda himiýa ýaragy alnyp gaýdylyp, ýok edilýär. Siriýadaky uruşlary bes etmek üçin Ženewada uruşýan taraplaryň arasynda gepleşikler geçirildi. Emma Siriýadaky uruşlar dowam etdi. 2014-nji ýyla çenli Siriýada öldürilenleriň sany 100 müňden geçdi. 2 mln gowrak adam ýurtdan gaçyp, bosgunlar boldular. Uruş Siriýanyň ykdysadyýetini tozdurdy.

2014-nji ýylyň 3-nji iýunynda Siriýada Asadlaryň maşgalasynyň dolandyran ýarym asyra golaý döwründe ilkinji gezek göni ählihalk Prezident saýlawlary geçirildi. Onda sesleriň 88%-inden köprägini alyp, Başar Asad ýeňiş gazandy.

**Arap ýurtlarynyň Türkmenistan bilen dost-doganlyk gatnaşyklary.** Türkmenistan Garaşsyzlygyny gazanandan soň arap döwletleriniň köpüsi bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýdy. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary ýurtlara ilkinji resmi sapary 2007-nji ýylyň 13–16-njy apreli aralygynda musulmanlaryň iki mukaddesliginiň ýerleşýän ýerine – Saud Arabystanyna boldy. Türkmenistanyň Prezidenti ýurduň Patyşasy bilen gepleşikler geçirdi.

Birleşen Arap Emirlikleri bilen Türkmenistanyň arasynda ýygjam gatnaşyklar ýola goýuldy. 2007-nji ýylyň

26–27-nji awgustynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Birleşen Arap Emirliklerine ilkinji resmi döwlet sapary boldy. Hormatly Prezidentimiz BAE-niň Prezidenti bilen gepleşikleri geçirdi. Iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklary berkitmek we ösdürmek işine goşan ägirt uly goşandynyň ykrar edilmesiniň nyşany hökmünde BAE-niň Prezidenti Türkmenistanyň Baştutanyna dabaraly ýagdaýda Birleşen Arap Emirlikleriniň ýokary döwlet sylagy bolan Zaýediň Ordenini gowşurdy. 2008-nji ýylyň fewralynda BAE-niň Prezidenti Şeýh Halifa Ben Zaýed al-Nahaýýan Türkmenistanda resmi saparda boldy. Türkmenistanyň we BAE-niň halklarynyň arasynda hoşniýetli gatnaşyklary ösdürmekdäki uly goşandy üçin Şeýh Halifa Ben Zaýed al-Nahaýýan Türkmenistanyň ýokary ordeni – «Türkmenistanyň Ilkinji Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy» ordeni bilen sylaglandy.

2009-njy ýylda BAE Türkmenistanyň daşary söwda dolanyşygynda 5-nji orny eýeledi. 2010-njy ýylyň fewralynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Birleşen Arap Emirliklerine ikinji resmi sapary boldy. Onuň jemleri boýunça ikitaraplaýyn resminamalaryň birnäçesine gol çekildi.

Türkmenistanyň Prezidenti 2010-njy ýylyň oktýabrynda Katar döwletinde resmi saparda boldy. Saparyň dowamynda hormatly Prezidentimiz Kataryň emiri bilen duşuşdy. Geçirilen ýokary derejedäki gepleşikleriň netijesinde türkmen-katar hyzmatdaşlygynyň ileri tutulýan ugurlary ara alnyp maslahatlaşyldy. Hökümetara we pudagara resminamalarynyň ençemesine gol çekildi.

2011-nji ýylyň fewralynda Türkmenistanyň Prezidenti Bahreýn Patyşalygynda ilkinji gezek resmi saparda boldy. Ol Bahreýniň Patyşasy, ýurduň Premýer-ministri bilen gepleşikleri geçirdi. Saparyň jemleri boýunça iki döwletiň arasynda birnäçe ylalaşyklar baglaşyldy.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. «Yraga erkinlik» atly uruş we onuň netijeleri barada gürrüň beriň.
2. Saud Arabystany yslam dininde haýsy iki mukaddesligiň watany?
3. Saud Arabystanynyň, Birleşen Arap Emirlikleriniň, Kuweýtiň, Kataryň we Bahreýniň ykdysadyýetiniň esasyny näme tutýar?
4. Arap döwletleriniň içinde iň garyby hasaplanýany haýsy döwlet?
5. Başar Asadyň döwründe Siriýadaky syýasy dartgynlyk barada gürrüň beriň.
6. Sebitiň arap döwletleri bilen Türkmenistanyň hyzmatdaşlygy hakda gürrüň beriň.

**Ýemen** – «al-Ýaman» arap dilinden «sag tarap» ýa-da «bagt», «abadançylyk» diýlip terjime edilýär.

## §26. Afrika ýurtlary

**Afrikanyň** tutýan meýdany – 30,2 mln inedördül kilometr. Ilaty – 2013-nji ýylyň maglumaty boýunça 1 mlrd 33 mln adam.

Afrikany okuw we ylmy edebiýatlarda iki bölege bölýärler. Olaryň birinjisine *Demirgazyk Afrika*, ikinjisine *Tropiki Afrika* diýilýär. Demirgazyk Afrikada esasan araplar ýaşaýarlar. Tropiki Afrikada bolsa birnäçe halklardan ybarat garaýagyz ilat ýaşaýar. Tropiki Afrikany käbir kitaplarda Saharadan günortadaky Afrika diýip hem atlandyrýarlar. Tropiki Afrikany hem Birleşen Milletler Guramasy şertli Günbatar, Merkezi, Gündogar we Günorta böleklere bölýär (*karta seret*). Dünýäniň iň garyp ýurt-



lary diýlip ykrar edilen ýurtlaryň esasy bölegi (2013-nji ýylda 29-sy) Tropiki Afrikada ýerleşýär. Emma garyp ýurtlaryň baý ýurtlara öwrülmegi taryhda köp bolýan hadysa. Şonuň üçin 2014-nji ýylda Tropiki Afrikanyň 29 sany garyp ýurdunyň tiz wagtda garyplykdan çykmagy hem mümkin. Soňky wagtlarda Afrikanyň ykdysadyýetine daşary ýurtlaryň maýa goýumlarynyň artmagy 2013-nji ýyldan başlap bu ýurtlarynyň ösüşiniň çaltlanmagyna getirýär. Alymlar hem Afrika ýurtlarynyň ykdysady ösüşiniň ýakyn ýyllarda has çaltlanmagyna garaşýarlar. Aýratyn-da, yzagalak, garyp ýurtlar hasaplanýan Tropiki Afrikanyň ýurtlarynyň tiz ösmegine garaşylýar.


**N. Mandela**

Tropiki Afrikanyň döwletleriniň arasynda ykdysady kuwwaty boýunça iň güýçlüleri Günorta Afrika Respublikasy (GAR) we Nigeriýadyr. Emma Nigeriýa ilatyň jan başyna düşýän önümiň möçberi boýunça GAR-den has yza galýar. GAR XX asyryň ahyrlaryna çenli adam hukuklarynyň iň bir bozulýan, jynsparaz syýasatly döwlet hasaplanylýardy. Emma bu ýurduň ýerli halky *Nelson Mandelanyň* (1918–2013 ýý.) ýolbaşçylygynda gaýduwsyzlyk bilen göreşip, jynsparaz aparteid düzgünininiň ýatyrylmagyny gazandy. Nelson Mandelany 27 ýyl tussaglykda saklaýarlar. Emma ony ýurdunyň garaýagyz ilatynyň akýagyzlar bilen deňhukukly bolmagy baradaky pikirinden dändirip bilmeýärler. Onuň erkini syndyryp bilmän, 1990-njy ýylda, 72 ýaşly Mandelany tussaglykdan boşadýarlar. Ol tussaglykdan çykan dessine ýene-de Afrikanyň milli kongresine ýolbaşçylyk edip, demokratik saýlawlary talap edip başlaýar. 76 ýaşly Nelson Mandela 1994-nji ýyldaky saýlawlarda ýeňip, ýurduň ilkinji garaýagyz Prezidenti bolýar. Prezident bolandan soň özüne öň sütem edenleriň ählisiniň günäsini geçýär. Onuň

belent geçirimlilik häsiýeti barada dünýä metbugatynda gaty köp ýazýarlar. Ol halkara baýraklarynyň birnäçesiniň, şol sanda dünýäde parahatçylygy gorap saklamakda goşan goşandy üçin Nobel baýragynyň eýesi bolýar. Ol 81 ýaşynda, 1999-njy ýylda prezidentlik wezipesini tabşyrýar. 1999-njy ýyla çenli demokratik çäreleriň toplumyny durmuşa geçirmegi başarýar. Ol 2013-nji ýylda 96 ýaşynda aradan çykýar. Ol XXI asyrda dünýäde iň täsirli syýasatçy hasaplanýardy. Onuň tagallasy bilen GAR demokratik ýurda öwrülýär.

XXI asyrda GAR Afrika ýurtlarynyň arasyndan ýeke-täk dünýäniň «Uly 20-liginiň» agzasy bolýar. Häzirki wagtda Afrikada diňe GAR ösen, beýlekileriň ählisi ösýän ýurtlaryň hataryna goşulýar. Dünýäde öndürilýän altynyň esasy bölegi GAR-iň paýyna düşýär. Garaz, Tropiki Afrikada tutuş materik boýunça ýeke-täk ösen döwlet hem bar, dünýäniň iň yzagalak döwletleri hem bar.

Afrikanyň ýurtlarynyň arasynda tutýan meýdany boýunça, 2011-nji ýyla çenli, iň ulusy Sudandy. Emma ondan 2011-nji ýylda Günorta Sudan bölünip aýrylandan soň, ol Afrikada iň uly döwlet bolmagyny bes etdi. Häzirki wagtda meýdany boýunça iň ulusy Alžir, ikinjisi Kongo demokratik Respublikasy boldy. Sudan bolsa üçünji uly döwlete öwrüldi. Afrikadaky meýdany boýunça iň kiçi döwlet Seýşel adalary Respublikasydyr (455 inedördül kilometr).

2013-nji ýylyň maglumatlary boýunça, tutuş Afrikada ilaty boýunça iň ululary Nigeriýa (174 mln), Efiopiýa (95 mln), Müsür (82 mln), Kongo demokratik Respublikasy (67 mln), Günorta Afrika Respublikasy (53 mln) ýaly döwletlerdir. Ilaty boýunça iň uly şäher Müsüriň paýtagty Kairdir.

Afrikada 55 döwlet bar. Afrikanyň döwletleriniň 3-si monarhiýa (Marokko, Lesoto, Swazilend), galanlary respublikadyr. Olaryň dolandyryş çäk gurluşy boýunça ikisi federasiýa (GAR we Nigeriýa), galanlary unitar respublikalardyr. Afrika döwletleriniň 53-si Afrika bileleşiginiň agzasydyr.

**Afrika ýurtlarynda çözmesi kyn bolan meseleler.** Afrika sebitinde çözmesi kyn bolan meseleleriň ençemesi bar. Olaryň ilkinjisi Tropiki Afrika döwletleriniň ilatynyň garyplygy meselesidir.

Sowatsyzlaryň sanynyň köp bolmagy, ýokanç keselleriň ýaýramagy hem çözmesi kyn meseleleriň hataryndadyr. Dünýäde SPID bilen kesellänleriň 70%-i Afrikadadyr. Afrikada ilatyň ortaça ýaşy has pes. Yssy howa şertleri we gurakçylyk, açlyk ilatyň biwagt ýogalmagyna sebäp bolýar.

Afrikanyň dünýäniň ösen döwletlerine çig mal çesmesi we satuw bazary bolup hyzmat etmegi hem ýerli halkyň bähbidine däldir. Bu ýagdaý milli senagatyň ösmegine ýaramaz täsir edýär. Dünýäniň ösen döwletleri bu sebitiň çig malyny mümkin boldugyndan arzan alyp, oňa özüniň taýýar önümlerini satýarlar.

Demirgazyk Afrikada çölleşmek, Tropiki Afrikada tokaýlaryň ýok edilmegi bilen bagly çözmesi kyn ekologik meseleler döreýär.

Sebitiň döwletleriniň arasynda taýpaara, milletara, dinara we serhet dawalary Afrikada çözmesi kyn meseleleriň esasylarynyň biridir. Afrika döwletleriniň hojaýynlary baknalaryna özbaşdaklyk berende, olaryň ykdysady, etniki bähbitlerinden däl-de, arassa geografik ölçeglerden ugur alyp bölüşdirýärler. Afrikanyň syýasy kartasyna üns berseňiz, döwletleriň serhetleriniň olaryň birnäçesiniň meridianlar we paralleller boýunça geçirilendigine göz ýetirersiňiz. Beýle ýagdaý birnäçe serhet dawalarynyň häli-şindi ýüze çykyp durmagyna getirýär. Diňe XXI asyrda (2014-nji ýyla çenli) Afrikada dürli uruşlaryň 17-si boldy. Olaryň arasynda iň köp gyrgynçylyklysy 2003–2009-njy ýyllardaky Sudandaky Darfur dawalarydyr. Bu uruş Sudanyň hökümeti bilen gozgalaňçy garaýagyz sudanlylaryň arasynda başlanýar. Sudanda araplar bilen garaýagyz ilatyň arasynda başlanan bu uruş Darfurda nebitiň tapylmagy bilen has güýçlenýär. Nebitiň tapylmagy

bilen, bu dawa dünýäniň beýleki döwletleri hem goşulýarlar. Olaryň käsi gozgalaňçylary goldasa, beýlekileri Sudanyň hökümetini goldaýarlar. Uzaga çeken bu uruşda iki tarapdan BMG-niň hasaplamalary boýunça 300 müň adam öldürilýär. Afrikada şuňa meňzeş gyrgynçylykly uruşlaryň köp bolmagy ilatyň ýeňil bolmadyk durmuşyny has-da agyrlaşdyrýar.

**Sudanyň ikä bölünmegi.** Sudanyň demirgazygynda musulman araplar, günortasynda garaýagyz hristianlar köplükdi. Sudanyň demirgazyk we günorta böleginiň arasyndaky dawalar iki gezek raýatara uruşlaryna getiripdi. Birinji raýatara urşy 1955–1972-nji ýyllarda bolup, 17 ýyl dowam edipdi. Ikinjisi 1983–2005-nji ýyllarda bolup, 22 ýyl dowam edýär. Iki raýatara urşuň netijesinde Günorta Sudan awtonom hukukly sebite öwrülýär. 2003–2004-nji ýyllarda Günortanyň wekilleri bilen Sudan hökümeti gepleşikleri geçirýär. Ol 2005-nji ýylda garşylygy bes etmek barada ylalaşygyň baglaşylmagy bilen tamamlanýar. Ylalaşyga göra, Sudanyň Prezidenti Omar al-Başir gozgalaňçylaryň ýolbaşçysyny ýurduň wise-prezidentligine belleýär we ýene 5 ýyldan Günorta Sudanyň özbaşdaklygy barada referendum geçirmeklige söz berýär. Referendumyň netijesi hakykatda nähili bolsa, şony hem ykrar etjekdigini aýdýar. Eger-de Günortanyň halky özbaşdak ýaşamak islese, olara döwlet döretmekde ýardam bermäge söz berýär. Al-Başir sözünde hem durdy. 2011-nji ýylyň 4-nji ýanwarynda Günorta Sudanda referendum geçirilýär. Ilatyň 98,38%-i Günorta Sudanyň özbaşdaklygyna ses berýär. 2011-nji ýylyň 9-njy iýulynda Günorta Sudan Respublikasynyň döredilýändigi resmi jar edilýär. Dünýä döwletlerinden ilkinji bolup Sudan täze dörän Günorta Sudany ykrar edýär. Sudanyň ikä bölünmegi netijesinde nebit öndürýän ýerleriň dörtden üç bölegi Günorta Sudanyň, dörtden bir bölegi bolsa Sudanyň paýyna düşdi. Ilatynyň dörtden bir bölegi Günorta Sudanda, dörtden üç bölegi bolsa Sudanda galdy. Günorta Sudan Respublikasy 2011-nji ýylyň 14-nji iýulynda BMG-niň 193-nji agzasy boldy.

**Sorag we ýumuşlar:**

1. Tropiki Afrikany kartadan görkeziň.
2. Tropiki Afrikanyň Günbatar, Merkezi, Gündogar we Günorta böleklerine girýän döwletleri kartadan görkeziň.
3. Ykdysady kuwwaty boýunça Tropiki Afrikanyň iň uly döwletleri haýsylar?
4. Nelson Mandela barada gürrüň beriň.
5. Afrikada çözmesi kyn meseleler barada gürrüň beriň.
6. Günorta Sudan döwletiniň döreýşi barada gürrüň beriň.

Sudanyň ady araplaryň «Bilad as-sudan», ýagny «Garalaryň ýurdy» diýen sözünden döräpdir.

## §27. Afrikanyň arap ýurtlary

**Afrikanyň arap ýurtlary.** Demirgazyk Afrikanyň döwletleri bolan Günbatar Sahara, Marokko, Alžir, Tunis, Liwiýa, Müsür arap ýurtlary hasaplanylýar. Garaýagyz ilat Günorta Sudan Respublikasyny döredenden soň, Sudanda hem esasy ilat araplar bolup galdy. Nigeriýanyň ilatynyň 80 % çemesi arap-berber gatyşmasyndan emele gelen mawrlardyr. Şonuň üçin Sudan we Mawritaniýa döwletleri hem arap döwletleriniň hataryna goşulýar. Somali döwletinde hem araplar ilatyň köplügini düzýär. 2013-nji ýylda Afrikadaky arap ýurtlarynyň ilatynyň sany 200 mln adamdan geçdi. Araplar Afrikanyň demirgazygyna ýakyn beýleki döwletlerde hem köpçülikleýin ýaşaýarlar. Aziýadaky arap döwletleri barada bolsa biz öň gürrüň edipdik (*seret: §25*).

Arap döwletleri Afrikanyň beýleki sebitlerinden baý ýurtlardyr. Olaryň birnäçesi tebigy baýlyklaryň, nebit-gazyň hasabyna baýadylar. 2011-nji ýylda Alžir 93,8 mln tonna, Müsür 35,5 mln tonna, Liwiýa 25 mln tonna nebit öndürdi. Emma arap ýurtlarynyň arasynda garyplary hem bar. Mysal üçin, Mawritaniýa şeýle ýurtlaryň biridir. Ol arap ýurtlarynyň arasynda ilatyň jan başyna düşýän milli gir-

dejiniň ortaça möçberi boýunça yzdaky döwletdir. Mawritaniýanyň hökümetiniň iki gezek (1980-nji we 2007-nji ýyllarda) gulçulygy gadagan edýän kararlary kabul edendigine garamazdan, ol ýerde häli-häzire çenli gulçulygyň saklanmagy, onuň ösüşiniň pesdigini görkezýär.

Afrikanyň arap ýurtlarynyň arasynda Müsür, Alžir, Morokko, Tunis ykdysady kuwwaty boýunça iň ulularydyr. Müsür ilatynyň sany boýunça-da (2013-nji ýylda 82 mln) dünýäniň arap ýurtlarynyň iň ulusydyr. Liwiýa hem M. Kaddafiniň döwründe ykdysady taýdan kuwwatly arap ýurtlarynyň hataryndady. Emma 2011-nji ýylyň «Arap baharyndan» soň bu ýurduň ykdysadyýeti wagtlaýynça pese gaçdy.

**«Arap bahary».** 2011-nji ýyldaky «Arap bahary» adyny alan arap dünýäsindäki tolgunyşyklar Tunisde hökümetden närazy bir telekeçiniň özüni otlamagy bilen başlanýar.

Onuň özüni otlamagy herekete başlamaga bahana bolup hyzmat edýär. 2010-njy ýylyň 18-nji dekabrynda Tunisde dowam edýän düzgüne garşy tolgunyşyklar başlanýar. 2011-nji ýylyň 14-nji ýanwarynda Tunisiň Prezidenti Zin Abidin Ben Aly ýurdy terk edip, Saud Arabystanyna gaçýar. Tunisde başlanan bu hereket Afrikanyň we Aziýanyň beýleki arap ýurtlaryna ýaýrady.

«Arap baharynyň» netijesinde Tunisiň, Müsüriň, Liwiýanyň, Aziýada Ýemeniň köpden bäri häkimiýetde bolan hökümdarlary wezipesinden gitmeli boldular. Tunisde 2011-nji ýylyň ahyryndaky saýlawlarda ýeňip, *Monzef Marzuki* Prezident boldy. Onuň asyl käri lukman bolup, ol adam hukuklaryny goraýjy, ýazyjy hökmünde halkyň söýgüsini gazanypdy.

«Arap bahary» arap dünýäsiniň ähli ýurtlaryny gurşap alýar. Olaryň käbirinde hereket ýaragly gozgalaňa ösüp geçýär. «Arap bahary», aýratyn-da, Liwiýanyň we Müsüriň ykbalyna öwrülişikli täsir etdi.

*__Liwiýa__ – Demirgazyk Afrikada ýerleşen döwlet. Tutýan meýdany – 1,76 mln inedördül km. 2005-nji ýylyň maglumatlaryna görä ilatynyň sany – 5,75 mln adam. Paýtagty – Tripoli.*




10-njy synpyň Dünýä taryhy kitabynda aýdylyşy ýaly, Liwiýada 1969-njy ýyldaky rewolýusiýanyň netijesinde Muammar Kaddafi häkimiýete gelipdi. Ýurt 1969–2011-nji ýyllarda, ýagny Muammar Kaddafiniň dolandyran 42 ýylynyň dowamynda Beýik sosialistik halk Liwiýa Arap Respublikasy diýlip atlandyrylýardy. Kaddafi ýadro ýaragyny ýaýratmazlyk baradaky halkara ylalaşygyna goşulsa-da, gizlinlik bilen atom ýaragyny edinmek ugrunda hereket edipdi.

Kaddafiniň dolandyran döwründe diktatorçylyk düzgüni höküm sürýärdi. Emma nebit satmagyň hasabyna ýurt baýapdy. Kaddafiniň döwründe nebit we gaz geçirijileriniň uzynlygy müňlerçe kilometre ýetirilýär. 2004-nji ýylda Liwiýadan Sisiliýa adasyna (Italiýa) çenli uzynlygy 600 km bolan suwasty gaz geçirijisi ulanmaga berilýär. XXI asyryň başynda Liwiýanyň ykdysadyýetinde aram özgertmeler geçirilýär. Özgertmeleriň netijesinde döwlet esasy pudaklara öz gözegçiligini saklap, hususy pudagy ösdürmäge ünsi güýçlendirýär.

2011-nji ýylda Tunisdäki wakalaryň täsiri bilen Liwiýada halk tolgunmalary başlanýar. Halk çykyşlarynyň merkezi Bengazi şäheri bolýar. 2011-nji ýylyň baharynda halk Kaddafiniň häkimiýete gelmezinden öňki döwlet baýdagyny göterip köçelere çykýar. Hökümet gozgalaňy basyp ýatyrjak bolanda ganly çaknyşmalar başlanýar. Gozgalaňçylar Kaddafiniň häkimiýetden aýrylmagyny talap edýärler. Kaddafi harby güýç ulanýar. Ol gozgalaňçylary oka tu-

tup, gozgalaňy basyp ýatyrjak bolýar. Bu ýagdaý BMG-niň Howpsuzlyk geňeşiniň karary bilen NATO-nyň goşun salmagyna getirýär. Liwiýanyň içki dawalary halkara derejesindäki meselä öwrülýär.

Gozgalaňçylar öz hökümetlerini döredýärler. Bu hökümete beýleki ýurtlar harby kömek berýärler. 2011-nji ýylyň awgustynda NATO-nyň we Pars aýlagynyň käbir ýurtlarynyň harby güýçleriniň kömegi bilen gozgalaňçylar ýurduň paýtagty Tripolini basyp alýarlar. 2011-nji ýylyň 23-nji awgustynda Kaddafiniň düzgüni agdarylýar. Emma Kaddafi öz taýpadaşlarynyň arasyna gaçyp baryp, olaryň goldamagy bilen garşylygy dowam etdirýär. 2011-nji ýylyň 20-nji oktýabrynda Sirt şäheri ugrundaky uruşlarda Muammar Kaddafi öldürilýär.

Bu wakalar Liwiýada rewolýusiýa diýlip atlandyrylyp, täze döwlet döredilýär. Döwletiň resmi ady üýtgedilip, Liwiýa döwleti diýlip atlandyrylýar. Emma Kaddafiniň diktatorçylyk düzgüni agdarylandan soň ýurduň üç böleginiň arasynda dawalar başlanýar. Bu bolsa Liwiýanyň böleklere bölünmek howpuny döredýär.




**Müsür Arap Respublikasy** – *Afrikanyň demirgazyk-gündogarynda we Aziýanyň Sinaý ýarymadasynda (6%) ýerleşen döwlet. Tutýan meýdany – 1001,5 müň inedördül km. 2013-nji ýylyň maglumatlaryna görä, ilatynyň sany – 82 mln adam. Paýtagty – Kair.*

Hosni Mübärek 2005-nji ýylda Müsüriň prezidentligine bäşinji gezek gaýtadan saýlanylypdy. «Arap bahary» Müsüre has uly täsir edýär. Bu ýerde öň gadagan edilen «*Musulman doganlar*» partiýasy indi açyk işläp başlaýar. Onuň liderleri Prezident wezipesinden gitmegi talap edýän çykyşlary guraýarlar. 2011-nji ýylyň 11-nji fewralynda häkimiýete garşy

güýçleriň 18 güne çeken gapma-garşy durmagy netijesinde Hosni Mübärek wezipesinden aýrylýar. Onuň 30 ýyla çeken prezidentligi tamamlanýar. Häkimiýet Ýokary harby geňeşiň eline geçýär.



**Abdel Fattah as-Sisi**

2012-nji ýylda Prezident saýlawlary geçirildi. Saýlawlar netijesinde 2012-nji ýylyň 30-njy iýunynda «Musulman doganlar» hereketiniň lideri Muhammed Mursi Müsüriň prezidenti boldy. Ol prezident wezipesinde bir ýyl çemesi işledi. Onuň yslam däplerine artykmaçlyk bermegi, onuň hem konstitusiýada berkidilmegi ýurtda nägilelik döretdi. Halk «Musulman doganlaryň» ýurdy yslamlaşdyrmagyna gönükdirilen syýasatyna garşy çykyşlara başlady. Tas Müsürde raýatara urşy başlanypdy. Şeýle şertlerde 2013-nji ýylyň tomsunda harbylar ýurtda agdarylyşyk geçirip, häkimiýeti öz ellerine almaga mejbur boldular. Harby ministr Abdel Fattah as-Sisi jogapkärçiligi öz üstüne alyp, Muhammet Mursini 2013-nji ýylyň 3-nji iýulynda häkimiýetden çetleşdirdi we tussag etdi. Muňa jogap edip «Musulman doganlar» hereketiniň tarapdarlary köçä çykdylar. Emma harby ministr ýurtda gysga wagtda berk düzgün-tertibi girizmegi başarýar. Konstitusion suduň başlygy Adli Mansur Prezidentiň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji bellenýär. Tizlikde «Musulman doganlar» hereketi gadagan edildi. Onuň tarapdarlary tussag edildi we 2014-nji ýylda olaryň işjeň ýolbaşçylarynyň müňe golaýyna kazyýetiň hökümi bilen ölüm jezasy berildi. 2014-nji ýylyň 26–27-nji maýynda Prezident saýlawlary geçirildi. Onda Müsürde uly abraýa eýe bolan *Abdel Fattah as-Sisi* ýeňiş gazandy.

Müsür «Arap baharyna» çenli Sues kanalyndan, syýahatçylykdan we nebitden ägirt köp girdeji alýardy. Ol Afrikada ykdysady kuwwaty boýunça ilkinji üç döwletiň biridi. 2011–

12 Sargyt № 1576

2014-nji ýyllardaky syýasy dartgynlylyk syýahatçylyk pudagyny we Müsüriň ykdysady ösüşini wagtlaýynça pese gaçyrdy.

**Sorag we ýumuşlar:**

1. Afrikada ilaty boýunça iri döwletleri kartadan görkeziň.
2. Afrikada çözmesi kyn meseleleri aýdyp beriň.
3. Günorta Sudan Respublikasynyň döreýşini gürrüň beriň.
4. Afrikanyň arap ýurtlaryny we olaryň paýtagtlaryny kartadan görkeziň.
5. Liwiýada Muammar Kaddafiniň düzgüni nähili agdaryldy?
6. Internet ulgamynyň maglumatlaryndan peýdalanyp, Afrikanyň arap ýurtlarynyň häzirki ösüş ýagdaýy hakda gürrüň beriň.

**Müsür** ady Arabystan ýarymadasynyň we alynky Aziýanyň halklarynyň gadymy «Misr» sözünden döräpdir. Olaryň dilinde ol «*ilatly ýer*», «*şäher*» diýmekdir. Olar biri-birine ýakyn bolan şäherleriň, obalaryň köp bolandygy üçin bu ülkäni şeýle atlandyrypdyrlar. Müsürlileriň özleri, türkmenler we dünýäniň köp ýurtlary bu ýurdy şol ady bilen atlandyrýarlar. Emma Ýewropa ýurtlarynyň köpüsinde Müsüriň gadymy greklerden galan Ýegipet ady ýörgünli.

## §28. Halkara gatnaşyklary we sebitara dawalar

**Sebitara dawalar.** Gadyrly okuwçylar! Biz siziň bilen 10-njy synpda sebitara dawalarynyň birnäçesine – Koreýa, Wýetnam uruşlaryna, Sues çökgünligine, Karib çökgünligine, arap-ysraýyl uruşlaryna, SSSR-iň Owganystana goşun salmagyna seredip geçipdik. Biz olaryň ýene käbiri barada şu temada gürrüň ederis.

**Eýran–Yrak urşy (1980–1988).** Eýran–Yrak urşy serhetýaka Şatt el-Arap derýasynyň üstünde başlandy. Serhet dawalaryny düzgünleşdirmek baradaky 1913, 1934, 1969, 1975-nji ýyllardaky şertnamalar meseläni oňyn çözüp bilmändi.

1980-nji ýylyň sentýabrynda Eýran bilen Yragyň arasynda uruş başlandy. Uruş uzaga çekiji häsiýete geçdi. Taraplar ýaraglanyşyk üçin ummasyz çykdajylar edýärdiler.

1986-njy ýylyň ahyryna çenli ýarag we harby enjamlary satyn almak üçin Yrak 55 mlrd dollar, Eýran bolsa 25 mlrd dollar harçlapdy.

«*Portlaryň we şäherleriň urşy*» adyny alan bu uruş taraplary halys surnukdyrypdy. Taraplara töwella etmekde BMG-niň Baş sekretarynyň ýörite wekili, Şwesiýanyň premýer-ministri Ulof Palme uly hyzmat bitirdi. 1987-nji ýylda BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşi eýran–yrak urşuny bes etmek barada 598-nji rezolýusiýany kabul etdi. 1988-nji ýylyň awgustynda uruş hereketleri togtadyldy. Uruş resmi ýagdaýda 1990-njy ýylda Yragyň teklibi bilen, Eýran–Yrak şertnamasynyň baglaşylmagy bilen ýatyryldy. Uruş hiç hili netijesiz gutardy.

Eýran–yrak urşunda 1 *milliondan* gowrak adam wepat boldy. Yrak himiýa ýaragyny ulandy. Zäherli gazlardan Eýranyň 100 müňden gowrak adamy ýogaldy. Iki döwlete-de urşuň ýetiren maddy zyýany 400 mlrd amerikan dollaryna barabar boldy. BMG-niň hünärmenleriniň hasaplamalary boýunça Eýranyň uruşda çeken zyýany 102–103 mlrd dollar boldy.

**70–90-njy ýyllardaky beýleki sebitara dawalar.** Ykdysady, territorial, etniki, dini we milletara düşünişmezlikleriň netijesinde ýüze çykan dawalaryň hataryna Kiprdäki türk–grek, Beýik Britaniýa bilen Argentinanyň arasyndaky dawalary goşmak bolar. 1982-nji ýylda Argentina Beýik Britaniýa degişli Folklend (Malwin) adalaryny basyp almaga synanyşdy. Ol şowsuz tamamlandy.

Afrikadaky gapma-garşylyklaryň köpüsi halkara gatnaşyklarynda dartgynlylyga getirdi. Liwiýa bilen Çadyň arasyndaky dawalary kadalaşdyrmaga Fransiýa we ABŞ ýardam berdi. 70-nji ýyllarda Namibiýa meselesi ýitileşdi. Ol dawalar Namibiýanyň garaşsyzlygynyň yglan edilmegi bilen tamamlandy. 1983-nji ýylda ABŞ Grenada, 1989-njy ýylda Panama ýagdaýy kadalaşdyrmak üçin goşun saldy. Efiopiýadaky (1974), Angoladaky we Mozambikdäki (1975),

Owganystandaky (1978), Eýrandaky (1979), Nikaraguadaky (1979) rewolýusiýalar halkara gatnaşyklaryny dartgynlaşdyrdy. SSSR Angoladaky, Efiopiýadaky, Nikaraguadaky wakalara goşuldy. SSSR Owganystanda 9 ýyl 53 günläp yglan edilmedik uruş alyp bardy.

**«Çöldäki harasat».** 1990-njy ýylyň 2-nji awgustynda Pars aýlagy sebitinde täze dartgynlylyk emele geldi. Yrak Kuweýti basyp alyp, ony Yragyň 19-njy welaýaty diýip yglan etdi. Yragyň bu hereketine garşy ABŞ-nyň baştutanlygyndaky NATO-nyň agzalary, arap döwletleriniň aglabasy çykyş etdiler. BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşi 1991-nji ýylyň 15-nji ýanwaryna çenli Kuweýtiň çäginden yrak goşunlarynyň çykarylmagyny talap etdi. Yragyň Prezidenti Saddam Hüseýin talapnama jogap bermedi.

Dünýä ýurtlarynyň 28-siniň gatnaşmagynda amerikan generaly N. Şwarskopfyň ýolbaşçylygynda Kuweýti azat etmegiň meýilnamasy işlenip düzüldi. Bu meýilnama «*Çöldäki harasat*» adyny aldy. 1991-nji ýylyň 17-nji ýanwarynda Bagdat wagty bilen daňdan sagat 3-de Yraga garşy uruş başlandy. Uruş 42 gün dowam edip, 27-nji fewralda Kuweýt doly azat edildi. Şol günüň ertesi uruş hereketleri ýatyryldy.

1991-nji ýylyň 3-nji martynda Yrak garşydaşlarynyň şertlerini kabul edip, ylalaşyk baglaşdy. Oňa laýyklykda, Yrak Kuweýtden alyp giden ähli emlägini yzyna gaýtarmalydy. Ähli ýesirleri boşatmalydy. Şeýle-de Kuweýtiň territoriýasyna bolan dawasyny bes etmelidi. Oňa ýetiren zyýany üçin kontribusiýa tölemelidi. Yrak halkara gözegçileri üçin özüniň ähli harby desgalaryny görkezmäge ylalaşdy.

**70–80-nji ýyllaryň halkara gatnaşyklarynda BMG-niň orny.** 70–80-nji ýyllaryň halkara gatnaşyklarynda BMG-niň ähmiýeti çürt-kesik artdy. Onuň düzüminiň baknalykdan halas bolan täze döwletler bilen doldurylmagy netijesinde Baş Assambleýanyň gün tertibinde ýaragsyzlanmak, parahatçylygy goramak, baknalyga we aparteide

garşy göreşmek ýaly möhüm meseleler ýygy-ýygydan goýlup başlandy.

1970-nji ýylda BMG-niň Baş Assambleýasynyň XXV sessiýasynda halkara gatnaşyklaryň ýörelgeleri hakynda Jarnama kabul edildi. Şol ýylda ýadro ýaragyny ýaýratmazlyk barada Şertnama tassyklanyldy.

80-nji ýyllaryň birinji ýarymynda halkara gatnaşyklarynda dartgynlylygyň ýitileşen döwründe hem BMG parahatçylygy goraýjy bolup çykyş etdi. 1981-nji ýylyň dekabrynda ol ýadro howpunyň öňüni almak barada Jarnamany kabul etdi. 1983-nji ýylyň 15-nji dekabrynda ýadro urşuny ýazgarýan Jarnama hem-de ýadro ýaraglaryny öndürmegi we synaglar geçirmegi bes etmäge çagyryş bilen çykyş etdi. 1984-nji ýylyň dekabrynda BMG-niň münberinden kosmosda ýaraglanyşygy haýdatmazlyk baradaky çagyryş ýaňlandy.

80-nji ýyllaryň ikinji ýarymynda halkara gatnaşyklaryny sagdynlaşdyrmakda BMG-niň aýratyn hyzmaty bardyr. 1989-njy ýylyň noýabrynda ABŞ we SSSR halkara çökgünliklerini düzgünleşdirmekde hem-de halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmekde BMG-niň bitirýän hyzmatlarynyň zerurlygyny resmi ýagdaýda nygtadylar.

**Halkara howpsuzlygy ugrunda tagallalar.** XX we XXI asyryň sepgidinde halkara howpsuzlygy meselesi ýiti halkara meseleleriniň biri bolmagynda galdy. XX asyryň ahyrynda – XXI asyryň başlarynda dünýäde parahatçylygyň kepili hökmünde BMG-niň ähmiýeti has-da artýar. Ol Eýran–Yrak urşunyň togtadylmagynda, Kuweýtden Yrak goşunlarynyň çykarylmagynda, Ýakyn Gündogarda parahatçylygy dikeltmek meselesinde köp tagalla etdi. BMG-niň «mawy papaklylary» Angolada, Mozambikde, Kambojada duşmançylykly taraplary ýaraşdyrmakda uly işleri etdiler. BMG zerur ýerlere ynsanperwer kömekleriniň berilmegi barada aladalanýar.

BMG-niň parahatçylyk baradaky tagallalaryny Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk Guramasy goldaýar. Halkara howpsuzlygyny üpjün etmekde NATO-nyň täsiri artýar.

1991-nji ýylda Warşawa şertnamasy guramasy dargandan soň NATO-nyň agzalarynyň sany köpeldi. Bu gurama halkara derejesinde howpsuzlygy üpjün etmegi öz maksady edinýändigini 1999-njy ýylda ykrar etdi. 1999-njy ýylda oňa agzalyga Polşa, Çehiýa, Wengriýa kabul edildi. 2004-nji ýyldan soň ýene-de 7 döwlet (Slowakiýa, Sloweniýa, Rumyniýa, Bolgariýa, Latwiýa, Litwa, Estoniýa) bu harby gurama agza boldy. 2007-nji ýylda onuň agzalarynyň sany 26-a ýetdi. Serbiýadaky milletara dawalaryny kadalaşdyrmak üçin 1999-njy ýylda NATO-nyň harby güýçleri ulanyldy. Soňra ol ýere parahatçylygy gorap saklamak üçin BMG-niň goşunlary girizildi.

**Halkara terrorçylygy we oňa garşy göreş.** 2001-nji ýylyň 11-nji sentýabryndaky ABŞ-daky terrorçylyk ýer ýüzüniň parahatçylyk söýüji halklaryny biparh goýmady. Dünýä ýurtlary, şol sanda Türkmenistan hem halkara terrorçylygynyň bigünä pidalaryna gynanç bildirdiler. Halkara terrorçylygyna garşy dünýä derejesinde göreş güýçlendi. ABŞ terrorçylyga garşy göreşmek üçin Owganystana ilkibada 10 müň adamlyk goşun kontingentini girizdi. BMG-niň Howpsuzlyk geňeşiniň karary bilen howpsuzlyga ýardam bermek baradaky halkara güýçleri Kabula girizildi. 2001-nji ýylyň sentýabr–dekabr aýlarynda ABŞ-nyň başda durmagynda NATO-nyň harby güýçleri «*Synmajak erkinlik*» atly harby çäräni geçirdi. Onuň netijesinde terrorçylaryň Owganystandaky bazalary we terrorçylyga daýanýan talibanlaryň düzgüni syndyryldy. Emma talibanlar ýurduň günorta-gündogar etraplarynda saklanyp, terrorçylyk bilen meşgullanmagyny dowam etdirdiler. ABŞ-nyň we NATO-nyň Owganystandaky güýçleri ýene-de artdyryldy. 2014-nji ýyl-

da olary Owganystandan tapgyrlaýyn çykarmaklyk göz öňünde tutuldy.

2003-nji ýylyň mart aýynda NATO-nyň harby güýçleri «*Yraga erkinlik*» atly harby herekete başladylar we Saddam Hüseýiniň diýdimzorluk düzgüni 2003-nji ýylyň aprel aýynda syndyryldy.

Geçen asyrda hem, şu asyryň başynda hem Ýakyn Gündogar meselesi halkara gatnaşyklarynda çözülmedik ýiti mesele bolmagynda galdy (*seret: §24*).

Afrika sebitara dawalarynyň iň köp bolan ýeri boldy. 1992–1993-nji ýyllarda Somalide (Gündogar Afrika) raýatara urşunyň soňuna çykmak üçin bu ýurda amerikan goşunlary girizildi. Emma taraplary ylalaşdyrmak başartmady. Dini-konfessional esasdaky çaknyşyklar Afrikada raýatara uruşlarynyň yzygider bolup durmagyna getirýär. 2011-nji ýylda Sudan şol esasda ikä bölünip, dünýä kartasynda Günorta Sudan Respublikasy atly täze döwlet peýda boldy (*seret: §26*).

2010-njy ýylyň ahyrynda başlanan «Arap bahary» halkara gatnaşyklarynda dartgynlyga getirdi. Ol arap dünýäsiniň köp ýurtlaryny gurşap aldy. Halk tolgunyşyklarynyň netijesinde käbir ýurtlarda häkimiýet çalyşdy. Liwiýadaky wakalara halkara bileleşigi goşuldy. Siriýada häkimiýet bilen oppozisiýanyň arasyndaky dawalarda himiýa ýaragy ulanyldy. Taraplaryň ikisi hem ony ulanmakda biri-birini aýypladylar. Halkara bileleşigi BMG-niň tagallasy bilen gepleşikleriň netijesinde Siriýanyň çäginden bu ýaragyň çykarylmagyny gazandy.

**Ukraina dartgynlygy we onuň halkara gatnaşyklaryna täsiri.** 2014-nji ýylyň 22-nji fewralynda Ukrainada halk çykyşlary netijesinde Prezident W. Ýanukowiç häkimiýetden çetleşdirildi. Wagtlaýyn hökümet düzüldi. Onuň Ýewropa Bileleşigine tarap ymtylmagy Ukrainanyň rus dilli ilatynyň hökümetiň bu syýasatyna garşy çykyşlarynyň

başlanmagyna getirdi. Aýratyn-da, Ukrainanyň günorta-gündogar sebitinde Russiýa ýakynlaşmak isleýän ilat hökümete garşy ýaragly gozgalaňa baş göterdi. Halkara bileleşigi Russiýany Ukrainadan bölünip aýrylmak isleýän gozgalaňçylary goldamakda aýyplady. Russiýa garşy halkara çäklendirmeleri girizildi. Ukrainanyň içindäki syýasy-ykdysady dartgynlyk Ýewropada Kosowo dawasyndan soň halkara gatnaşyklaryny has-da dartgynlaşdyrdy.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Näme üçin Eýran–Yrak urşuna «Portlaryň we şäherleriň urşy» diýilýär? Bu uruşda taraplar nähili ýitgi çekdi?
2. «Çöldäki harasat» nähili tamamlandy?
3. BMG-niň halkara gatnaşyklaryndaky ähmiýetini aýdyp beriň.
4. NATO-nyň agzalarynyň sanynyň artmagy barada gürrüň beriň.
5. «Synmajak erkinlik» we «Yraga erkinlik» atly operasiýalar näme maksat bilen geçirildi?

Duaýt Eýzenhauer: «Her bir täze öndürilen ýarag, harby gämi, atylan top oky şu günki ýer ýüzünde açlyk çekýänleriň hakyndan ogurlamak bolýar».

Bütindünýä bankynyň maglumatlaryna görä, «Arap baharynyň» netijesinde sebitiň ýurtlarynyň çeken zyýany 55 mlrd dollara barabar boldy.

XX asyryň ahyrynda Pars aýlagynda bolan uruşda her günde 500 mln ýa-da her minutda 350 müň amerikan dollary harçlanypdy.

**Jon Heý**, ABŞ-nyň XIX asyryň ahyryndaky döwlet sekretary: «**Ortaýer deňzi – geçmişiň ummany, Atlantika – şu günüň, Ýuwaş umman – geljegiň ummany bolar**». – Bu çaklamanyň halkara gatnaşyklary babatda näderejede dogrudygyny düşündiriň.

## §29. Garaşsyz, Bitarap Türkmenistan halkara gatnaşyklary ulgamynda

**Türkmenistanyň döwlet garaşsyzlygynyň ykrar edilmegi.** 1991-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda Garaşsyz Türkmenistan döwletiniň döredilýändigi jar edildi. Ýaş türkmen döwletiniň çözmeli wajyp meseleleriniň biri-de dünýäniň beýleki döwletleri we halklary bilen deňhukukly gatnaşyklary ýola goýmakdy. Halkara gatnaşyklarynda türkmen döwletiniň ornuny tapmakdy.

Gysga döwrüň içinde Garaşsyz döwletimiziň dünýä döwletleri tarapyndan ykrar edilmegi bu ugurda gazanylan ilkinji üstünlikdi. Ýaş türkmen diplomatiýasy garaşsyzlygyň ilkinji günlerinden başlap halkara gatnaşyklarynda işlenilip düzülen beýleki döwletleriň içki işlerine gatyşmazlyk, dawaly meseleleri güýç ulanmazdan, gepleşikler arkaly çözmek, taraplaryň deňhukuklylygy, birek-biregiň territorial bitewiligini hormatlamak ýaly ýörelgelerden ugur aldy.

**Bitarap Türkmenistan we halkara guramalary.** 1991-nji ýylyň güýzünde garaşsyz bolan Türkmenistan eýýäm 1992-nji ýylda Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň, Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň (EKO), Halkara pul gaznasynyň, Halkara ösüş we rekonstruksiýa bankynyň, Halkara maliýe korporasiýasynyň, Halkara ösüş birleşiginiň, Yslam konferensiýasy guramasynyň agzalygyna kabul edildi. Halkara guramalaryň 25-siniň, şol sanda Birleşen Milletler Guramasynyň, Ýewropada Howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk boýunça guramasynyň, Yslam hyzmatdaşlygy guramasynyň, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň, Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasynyň ýanynda Türkmenistanyň wekilleri bellenildi we işleýärler.

**Türkmenistanyň goşulan halkara konwensiýalary.** Türkmenistan deslapdan köpçülikleýin heläkçilige getirýän ýaraglary gadagan etmek boýunça halkara resmina-

malaryny ykrar etdi. Olaryň arasynda himiýa, bakteriologik, ýadro ýaraglaryny işläp taýýarlamagy, öndürmegi, toplamagy we ulanmagy gadagan etmek we ony ýok etmek baradaky birnäçe Konwensiýalar bar. Ýurdumyz 2006-njy ýylyň 8-nji sentýabrynda Merkezi Aziýada ýadro ýaragyndan azat zolagy döretmek baradaky Şertnama goşuldy. Türkmenistan 1997-nji ýylyň ahyrynda Kanadanyň Ottawa şäherinde geçirilen halkara maslahatynda kabul edilen pyýada goşuna garşy minalary gadagan etmek baradaky şertnama sebitde gol çeken ilkinji döwletdir. Döwletimiz 1949-njy ýylyň 12-nji awgustyndaky Ženewa konwensiýalaryny we olaryň goşmaça protokollaryny hem ykrar etdi. Ynsanperwer, ekologiýa ulgamyndaky halkara resminamalary hem ýurdumyzyň milli kanunçylygyna ornaşdyrylýar.



**Türkmenistanyň BMG tarapyndan Bitarap döwlet diýlip ykrar edilmegi.** 1992-nji ýylyň 2-nji martyndan başlap Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň doly hukukly agzasydyr. Türkmen döwletiniň halkara gatna-

şyklarynda gazanan iň uly üstünlikleriniň biri onuň hemişelik Bitaraplyk derejesini almagydyr. 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda BMG-niň Baş Assambleýasy dünýäniň 185 döwletiniň wekilleriniň gatnaşmagynda biragyzdan «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» hakyndaky Rezolýusiýany kabul etdi. Şeýdip, dünýäde BMG tarapyndan resmileşdirilen ilkinji Bitarap döwlet peýda boldy. Ol biziň ata Watanymyzdyr. Biz oňa guwanmaly we buýsanmalydyrys.

Bitaraplyk hukuk derejesiniň ykrar edilmegi döwletimiz, halkymyz üçin uly wakadyr. Bitaraplyk Garaşsyzlygymyzdan soň gazanan uly ýeňşimizdir. Ol dünýäniň ähli döwletleri bilen dostluk-doganlyk gatnaşygyny saklamaga mümkinçilik berýär. Ýurdumyzda her ýylyň 12-nji dekabry Bitaraplyk güni hökmünde baýram edilýär. 1994-nji ýylyň güýzünde Aşgabatda Birleşen Milletler Guramasynyň wekilhanasy açyldy. Türkmenistan Bitaraplyk döwlet derejesine laýyklykda, harby-syýasy bileleşiklere goşulmaýar.

**Aşgabat – ylalaşdyryjy merkez.** Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk derejesi bilen baglylykda ak mermerli paýtagtymyz Aşgabat şäheri parahatçylygy dörediji we ylalaşdyryjy merkeze öwrüldi. Şu mynasybetli, Türkmenistanda dawalary bes etmek we parahatçylykly ýaşaýşy ýola goýmak maksatly halkara gepleşikleriň ençemesi geçirildi. Biz Aşgabatda bolup geçen täjigara we owganara gepleşiklerini olara mysal hökmünde görkezip bileris. 2007-nji ýylyň dekabrynda Aşgabatda BMG-niň öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit Merkezi döredildi. Bu bolsa Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan bilen BMG-niň arasynda netijeli hem-de oňyn hyzmatdaşlygyň ýene bir ajaýyp nusgasydyr.

**Türkmenistanyň dünýä bileleşigine işjeň goşulyşmagy.** 2007-nji ýylda Gurbanguly Berdimuhamedowyň ähli-halk tarapyndan Türkmenistanyň Prezidentligine saýlanmagy bilen döwletimiziň halkara gatnaşyklaryndaky işjeňligi

has artdy. Türkmenistan dünýä üçin açyk ýurda öwrüldi. Gysga döwrüň içinde beýleki döwletleriň ýolbaşçylary bilen ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn gepleşikleriň ençemesi geçirildi. Türkmenistanyň halkara abraýy gün-günden artýar.

Düýpli özgerdişler we reformalar syýasatynyň dünýä bileleşigi tarapyndan giňden ykrar edilmesiniň alamaty hökmünde BMG 2008-nji ýylyň fewral aýynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowy «Informasiologiýada bitiren beýik hyzmatlary üçin» atly Ýokary Halkara ordeni hem-de «Parahatçylygy geljek nesiller üçin gorap saklalyň» diýen diplom we hrustal heýkel bilen sylaglady.

2007-nji ýylyň sentýabr aýynyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow BMG-niň Baş Assambleýasynyň 62-nji sessiýasyna gatnaşdy. Onda Türkmenistanyň alyp barýan içeri we daşary syýasatynyň esasy ugurlary, Türkmenistanyň BMG bilen gatnaşyklary barada çykyş etdi. Hormatly Prezidentimiz öz çykyşynda: «**Türkmenistan häzirki wagtda dünýä üçin açykdyr, ähli ugurlar boýunça tagallalary giňden birleşdirmäge açykdyr. Biziň ýurdumyz BMG bilen bilelikde halkara hukugynyň ýörelgeleriniň, ynsanperwerligiň, adalatlylygyň, oňşuklylygyň, birek-birege sarpa goýmagyň asylly maksatlarynyň döwletleriň arasyndaky häzirkizaman gatnaşyklary kesgitleýji şertler hökmünde berkarar bolmagynyň hatyrasyna mundan beýläk-de işlemäge taýýardyr**» diýip nygtady. Türkmenistanyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 62-nji (2007), 64-nji (2009), 68-nji (2013) mejlislerinde wise-başlyklyga saýlanmagy garaşsyz diýarymyzyň halkara abraýynyň ýokary derejedediginiň äşgär subutnamasydyr.

2014-nji ýylyň 1-nji awgustyndaky ýagdaýa görä, Türkmenistan dünýäniň 132 döwleti bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýdy. Halkara guramalarynyň 44-siniň agzasy boldy. Şol wagtda daşary ýurtlarda Türkmenistanyň

37 diplomatik wekilhanasy we konsullyk edaralary hereket edýärdi. Şeýle hem, Türkmenistanyň ilçileri şol bir wagtda 13 ýurtda döwletimiziň ilçisi hökmünde wekilçilik edýärdi. Agzalan döwürde Türkmenistanda daşary ýurt döwletleriniň ilçihanalarynyň, konsullyk edaralarynyň, şeýle hem halkara guramalarynyň wekilhanalarynyň 50-si hereket edýär. Türkmenistan dünýäniň 100-den gowrak döwleti bilen söwda-ykdysady gatnaşyklaryny alyp barýar.

Türkmenistan bilen NATO-nyň arasynda 1994-nji ýyldan bäri gatnaşyklar dowam edýär. Şol ýyl Türkmenistan NATO-nyň aýry-aýry döwletler bilen ikitaraplaýyn esasda durmuşa geçirilýän «*Parahatçylygyň hatyrasyna hyzmatdaşlyk*» atly maksatnamasyna goşuldy. NATO «Wirtual Ýüpek ýoly» taslamasynyň çäklerinde ýurdumyzyň bilim we ylym ulgamynda Internetiň halkara maglumatlar bazasyndan peýdalanmagyna ýardam edýär. Hormatly Prezidentimiz 2007-nji ýylyň noýabrynda Brýussele resmi sapary mahalynda NATO-nyň Baş sekretary bilen duşuşdy. 2008-nji ýylyň 2–4-nji aprelinde hormatly Prezidentimiz NATO-nyň Buharestde geçirilen Sammitine gatnaşdy.

Türkmenistanyň Bütindünýä saglygy goraýyş guramasy, BMG-niň ilat gaznasy, BMG-niň ýanyndaky SPID-e garşy göreşýän Merkez, UNISEF (BMG-niň çagalygy we eneligi goramak meseleleri baradaky guramasy), UNESCO (BMG-niň bilim, ylym we medeniýet meseleleri baradaky guramasy) ýaly ýöriteleşdirilen halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygy gitdigiçe giň gerim alýar. 1999-njy ýylda gadymy Merwiň, 2006-njy ýylda Köneürgenjiň, 2007-nji ýylda Nusaýyň ÝUNESKO tarapyndan umumadamzat taryhy gymmatlygy hökmünde Bütindünýä mirasynyň sanawyna hasaba alynmagy guwandyryjy wakadyr. Türkmenistan soňky döwürlerde halkara ylmy maslahatlaryň geçirilýän ýerine öwrüldi. Türkmenistanyň başga döwletlerdäki, başga döwletleriň hem Türkmenistandaky medeniýet günleri yzygider guralýar.

**2012-nji ýylda Türkmenistanyň GDA başlyklyk etmegi.** Türkmenistan häzirki wagtda GDA assosirlenen agza hökmünde gatnaşýar. Bu Türkmenistanyň Bitaraplyk derejesinden gelip çykýan halkara borçlary bilen baglydyr. Ýurdumyzyň bu başlangyjy GDA-nyň döwlet baştutanlarynyň 2005-nji ýylda Kazanda bolan maslahatynda doly makullandy we goldandy. Ol degişli resminamalar bilen berkidildi. Türkmenistan GDA-nyň Ustawyna agza hökmünde gol çekmedi. Ol GDA-nyň işine gözegçi hökmünde gatnaşýar.

2012-nji ýylda Türkmenistan GDA baştutanlyk etdi. 2012-nji ýylda GDA-nyň giňişliginde ykdysady hyzmatdaşlygy giňeltmek boýunça hem ençeme çäreler geçirildi. Paýtagtymyzda GDA-nyň Ykdysady geňeşiniň mejlisi, «Türkmenistanyň nebiti we gazy» atly halkara maslahaty, GDA-nyň Agrosenagat toplumynyň meseleleri boýunça hökümetara geňeşiniň mejlisi we beýleki çäreler geçirildi. Aşgabatda 2012-nji ýylyň 30-njy maýynda GDA-nyň hökümet baştutanlarynyň Geňeşiniň, 5-nji dekabrda döwlet baştutanlarynyň mejlisi geçirildi. 2012-nji ýylda Türkmenistanyň Mary şäheri Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň medeni paýtagty boldy.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Garaşsyz Türkmenistan haçan BMG-niň doly hukukly agzasy boldy?
2. Türkmenistanyň goşulan halkara konwensiýalary barada gürrüň beriň.
3. Garaşsyz Türkmenistan dünýäniň näçe döwleti bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýdy?
4. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow BMG-niň nähili sylaglaryna mynasyp boldy?
5. Sebitde ylalaşdyryjy merkez hökmünde Aşgabat nähili işleri bitirdi?
6. Türkmenistan haýsy halkara guramalary bilen işjeň hyzmatdaşlyk alyp barýar?
7. Türkmenistanyň Ýewropa Bileleşigi bilen hyzmatdaşlygy hakda gürrüň beriň.
8. Türkmenistan GDA-nyň başlygy hökmünde 2012-nji ýylda nähili işleri bitirdi?

## §30. Bitarap Türkmenistanyň halkara başlangyçlary

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow dünýäniň halkara gatnaşyklaryna täze garaýyşlary emele getiren wajyp başlangyçlary öňe sürmek bilen, XXI asyryň öňdengörüji syýasatçylarynyň biri hökmünde uly abraýa eýe boldy. Ol başlangyçlar, ilkinji nobatda, BMG-niň we beýleki halkara guramalarynyň belent münberlerinden yglan edildi. Olaryň ilkinjisi dünýäde energiýa howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça başlangyçlardyr. Bu teklip ilkinji gezek BMG-niň Baş Assambleýasynyň 62-nji sessiýasynda ýaňlandy.

2008-nji ýylyň 19-njy dekabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 63-nji mejlisinde dünýäniň 192 döwletiniň goldamagynda Türkmenistanyň başlangyjy boýunça «Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň orny» atly Rezolýusiýasy kabul edildi. Bu resminama tutuş adamzadyň ykdysady, ekologiýa howpsuzlygy üçin möhümdir.

Hormatly Prezidentimiziň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 65-nji mejlisinde öňe süren başlangyçlary sözüň doly manysynda taryhy ähmiýete eýe boldy:

– BMG-niň howandarlygynda dünýäde energiýa serişdeleriniň durnukly iberilmeginiň halkara mehanizmini işläp taýýarlamak boýunça *ekspert toparyny döretmek* hakyndaky rezolýusiýasynyň kabul edilmegi baradaky başlangyç;
– Geljekde ýörite guramany – *BMG-niň Energetika Geňeşini döretmek* baradaky teklip;
– Birleşen Milletler Guramasyna *Merkezi Aziýa* we *Hazar basseýni zolagynda ulag-kommunikasiýa infrastrukturasyny* ösdürmegiň geljegine gyzyklanma bilen garamak baradaky teklip;

– *Araly halas etmek boýunça ýörite halkara ekspert toparyny döretmek* baradaky teklip;
– Sebitiň döwletleriniň birinde *BMG-niň daşky gurşawy goramak baradaky maksatnamasynyň (UNEP) sebitleýin edarasyny açmak* baradaky teklip;
– *Merkezi Aziýada we Hazar sebitinde howpsuzlyk, parahatçylyk hyzmatdaşlyk boýunça ýokary derejedäki forumy geçirmek* başlangyjy.

Milletler bileleşiginiň 65-nji sessiýasynda hormatly Prezidentimiz goňşy Owganystandaky ýagdaýy kadalaşdyrmak babatda 5 sany teklibi öňe sürdi (*seret: §23*).

Türkmenistan islendik ýagdaýlary parahatçylykly serişdeler we usullar arkaly kadalaşdyrmaga birinji derejeli ähmiýet berýär. Meseläniň çözgüdi hökmünde Türkmenistanyň Prezidenti BMG-niň Baş Assambleýasynyň 66-njy



mejlisinde BMG-niň esasy resminamalaryna laýyklykda *halkara meselelerini çözmekde syýasy-diplomatik serişdeleri ileri tutup ulanmak hakyndaky Jarnamany işläp taýýarlamaga girişmegi* we soňra oňa BMG-niň Baş Assambleýasynda seretmegi teklip etdi.

2013-nji ýylyň 30-njy sentýabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 68-nji sessiýasynda Türkmenistan bäş ugur boýunça möhüm ähmiýetli halkara başlangyçlaryny aýan etdi.

1) *Parahatçylygyň, durnuklylygyň we howpsuzlygyň üpjün edilmegi bilen bagly meseleler*. Türkmen tarapy 2014-nji ýylda Aşgabatda halkara derejesindäki meseleler çözülende syýasy, diplomatik serişdeleriň ulanylmagynyň ileri tutulmagy barada BMG-niň Jarnamasynyň kabul edilmegi barada başlangyjy ara alyp maslahatlaşmak üçin ýokary derejedäki halkara duşuşygyny geçirmek baradaky teklibi öňe sürdi. Türkmenistan sebit derejesinde howpsuzlygyň üpjün edilmegi bilen baglylykda, Merkezi Aziýa sebitinde asudalygy üpjün etmek boýunça hemişelik hereket edýän Parahatçylyk we hyzmatdaşlyk forumyny döretmegi hem teklip etdi.

2) *Energiýa howpsuzlygyny üpjün etmek babatdaky teklipler*. Türkmen tarapy 2014-nji ýylda şu mesele boýunça Aşgabatda halkara maslahatyny geçirmek baradaky teklibi orta atdy.

3) *Türkmenistanyň Prezidentiniň ulag howpsuzlygyny üpjün etmek baradaky başlangyjy*. Türkmenistan döwrebap we howpsuz halkara ulag düzümini döretmek meselelerini ara alyp maslahatlaşmak üçin 2014-nji ýylda Aşgabatda halkara duşuşygyny geçirmegi teklip etdi.

4) *Ekologiýa howpsuzlygyna degişli meseleler*. Türkmenistan 2014-nji ýylda ýurdumyzda BMG-niň Çölleşmä garşy göreşmek hakyndaky Konwensiýasyna girýän ýurtlaryň ýokary derejeli duşuşygyny geçirmek hakyndaky teklibi öňe

sürdi. Türkmenistanyň Orta Aziýada we Hazar sebitinde howanyň üýtgemegi bilen bagly tehnologiýalar boýunça Sebitara merkezi döretmek baradaky garaýşy yglan edildi.

5) *Ynsanperwerlik howpsuzlygy bilen bagly meseleler*. Bosgunlara we raýatlygy bolmadyk adamlara degişli meselelere garamak hem-de olara raýatlyk bermek boýunça Türkmenistanda baý tejribe toplandy. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň 2014-nji ýylda Birleşen Milletler Guramasynyň Bosgunlaryň işleri baradaky ýokary komissarlygy bilen bilelikde bosgunlaryň işleri boýunça ýokary derejeli duşuşygy geçirmäge taýýardygy mälim edildi. Ol 2014-nji ýylyň iýunynda Aşgabatda geçirildi.

**Türkmenistanyň dünýäniň döwletleri bilen syýasy, ykdysady we medeni gatnaşyklarynyň ösmegi.** Türkmenistanyň garaşsyz ösüşiniň taryhy nukdaýnazardan uly bolmadyk döwründe ýurdumyzyň döwlet ýolbaşçylary dünýäniň onlarça döwletlerinde bolup, ýokary derejeli gepleşikleri geçirdiler hem-de sebit we ýurt ähmiýetli ylalaşyklary baglaşdylar. Halkara hyzmatdaşlygynyň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin ençeme halkara ähmiýetli taslamalar amala aşyryldy we aşyrylýar. 2009-njy ýylyň 14-nji dekabrynda Türkmenistandan Hytaýa çekilen gaz geçirijisi ulanmaga berildi. 2010-njy ýylyň başynda Eýrana tarap ikinji gaz geçirijisi açyldy. Goňşular bilen ýakynlaşdyrýan gara we demir ýollar gurulýar. 2013-nji ýylyň 11-nji maýynda Gazagystan–Türkmenistan–Eýran demir ýolunyň türkmen–gazak bölegi ulanmaga berildi. Bu ýoluň Eýrana tarap böleginiň gurluşygy çalt depginde alnyp barylýar. 2013-nji ýylyň iýun aýynda Türkmenistan–Täjigistan–Owganystan demir ýolunyň gurluşygyna badalga berildi. Owganystanyň demirgazyk etraplary türkmen hünärmenleriniň kömegi bilen elektrikleşdirildi. Bu döwlet ýeňillikli şertlerde türkmen elektrik energiýasy bilen üpjün edilýär. Türkmenistan–Ow-

ganystan–Pakistan–Hindistan gaz geçirijisiniň taslamasy, Hazar deňziniň kenarynyň bir böleginiň erkin ykdysady zolak diýlip yglan edilmegi we beýlekiler ykdysady hyzmatdaşlyklaryň, şeýle hem halkara gatnaşyklaryň işjeňleşmeginiň netijeleridir.

Hoşniýetli goňşuçylygyň nyşany bolan 1800 kilometrlik serhetdeş *Özbegistan*, 1200 kilometrlik serhetdeş Eýran, 800 kilometrlik serhetdeş Owganystan bilen hakyky dostluk-doganlyk gatnaşyklary ösýär. Gazagystan, Azerbaýjan bilen dostlukly gatnaşyklar barha dabaralanýar.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow goňşy *Özbegistan* döwleti bilen gatnaşyklary hil taýdan täze derejä çykardy. Özbegistanyň Prezidenti Türkmenistanda (2008, 2010, 2012), Türkmenistanyň Prezidenti Özbegistanda (2008, 2009, 2011, 2013) resmi saparlarda boldular. Özbegistanyň Prezidenti I. Karimowa «Türkmenistanyň Hormatly il ýaşulusy» diýen hormatly adyň, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowa Daşkendiň Medisina Akademiýasynyň hormatly doktory diýen alymlyk derejesiniň berilmegi iki halkyň birek-birege goýýan sarpasyndan nyşandyr. Özbegistanyň Prezidenti Islam Karimow 2008-nji ýylyň martynda hormatly Prezidentimiz bilen duşuşygynda iki halkyň arasyndaky dost-doganlygy nygtap: «Her bir özbegiň öýünde siz Magtymgulynyň goşgular kitabyny görersiňiz, her toýda-tomaşada hökman Magtymgulynyň sözlerine aýdym aýdylýar, türkmenlerde hem Nowaýyny bilmeýän ýokdur» diýip belledi.

Türkmenistan *Gazagystan, Täjigistan, Gyrgyzystan* bilen hem dostlukly gatnaşyklary saklaýar. Olaryň baştutanlary Türkmenistanda, hormatly Prezidentimiz bolsa ol döwletlerde resmi we iş saparlarynda boldy.

Türkmenistan Hazar deňzi boýunça goňşy ýurtlar bilen gatnaşyklara aýratyn ähmiýet berýär. Hazar deňziniň

kenarlarynda Garaşsyz döwletleriň döremegi deňziň hukuk derejesine täzeden seretmegi gün tertibinde goýdy. Türkmenistanyň teklibi bilen 2002-nji ýylda Hazaryň hukuk derejesini kesgitlemek boýunça Hazarýaka döwletleriniň ilkinji Sammiti Aşgabatda geçirildi. Bäş ýyldan soň Hazarýaka döwletleriniň döwlet ýolbaşçylary (2007-nji ýylyň 16-njy oktýabrynda) Tähranda ikinji Sammiti geçirdiler. Türkmenistanyň we Azerbaýjanyň Prezidentleriniň 2008-nji ýylda birek-biregiňkä bolan resmi saparlary iki goňşy döwletiň arasyndaky dostlukly gatnaşyklara täze badalga berdi. Hormatly Prezidentimize Baku döwlet uniwersitetiniň hormatly doktory diýen alymlyk derejesi berildi.

## II BAP. YLYM, TEHNIKA WE MEDENIÝET

### §31. Ylym, tehnika we medeniýet

**Informasion öwrülişik – ylmy-tehniki ösüşiň täze tapgyry.** Ylmy-tehniki öwrülişik (YTÖ) ylmyň gönüden-göni jemgyýetiň öndüriji güýjüne öwrülmegidir. Ylmy-tehniki açyşlaryň gysga wagtda görlüp-eşidilmedik derejede ösmegidir, olaryň bada-bat önümçilige ornaşdyrylmagydyr. YTÖ-niň manysy maşyn-fabrik önümçiliginden ähli babatda awtomatlaşdyrylan önümçilige geçmekden ybaratdyr.

Soňky wagtlarda ylmy açyşlar gysga wagtda önümçilige ornaşdyrylýar. Eger fotosurat hakyndaky ajaýyp açyşyň durmuşa ornaşmagyna 112 ýyl, radio – 35 ýyl, telewizor üçin 12 ýyl garaşmaly bolnan bolsa, indiki ylmy açyşlar örän çalt önümçilige ornaşdyrylýar. Bu bolsa, ylmyň durmuşa ornaşdyrylmagynyň taryhynda ajaýyp öwrülişikdir.

YTÖ awtoulaglaryň, uçarlaryň, otlularyň kämilleşmegine getirdi. Reaktiw motorly uçarlar, okeanlarda atom ener-

giýasy bilen ýöreýän gämiler peýda boldy.



Himiýa ylmyndaky açyşlar önümçilige ornaşdyrylyp, emeli kauçuk, emeli ýüplük öndürilip başlandy. Fizika we himiýa bilen bilelikde, biologiýa ylmy, aýratyn-da, genetika ösdi. Biologlar genleriň gurluşyny öwrenip, gerekli janly organizmleri döretdiler. Muňa mysal edip, dökün, witamin we ş.m. öndürýän ownuk jandarlaryň döredilmegini aýtmak bolar.

YTÖ saglygy goraýşyň ösmegine hem täsir etdi. Adamyň aýry-aýry beden agzalaryny çalşyrmak, zerur bolsa, olary emeli agzalar bilen çalyşmak başlandy.

Ylmyň beýleki ugurlarynda-da düýpli ösüşler boldy. Informasion öwrülişik YTÖ-niň täze tapgyry boldy.

**Maglumat jemgyýeti.** Maglumat jemgyýeti – munuň özi adamlaryň köp böleginiň maglumatlary jemlemek, saklamak hem-de önümçilikde durmuşa geçirmek bilen meşgul bolýan jemgyýetidir. Bu jemgyýetde maglumatlar, maglumat tehnologiýalary köpçülikleýin habar beriş serişdeleri, Internet has möhüm ähmiýete eýedir. Elektron hökümete geçmek bu jemgyýetiň häsiýetli aýratynlygydyr. Maglumat jemgyýeti adalgasy ilkinji gezek 1961-nji ýylda Ýaponiýada döredi. Ýewropa we Günbatar döwletlerinde bu adalga geçen asyryň 90-njy ýyllaryndan başlap ýörgünli boldy. BMG-niň 2006-njy ýylda çykaran çözgüdi esasynda her ýylyň 17-nji maýy maglumat jemgyýetiniň halkara güni hökmünde bellenilýär.



**Öýjükli telefonlar we kompýuterleriň täze nesli.** Adamzadyň durmuşynyň aýrylmaz bölegine öwrülen öýjükli telefonlar we kompýuterler öz gözbaşyny elektron-hasaplaýyş maşynlarynyň (EHM) peýda bolmagyndan alyp gaýdýar. EHM-ler ABŞ-da we SSSR-de bir wagtda diýen ýaly oýlap tapylypdy. EHM-leriň öz döwri üçin kämil – ikinji nesli 50–60-njy ýyllarda, üçünji nesli bolsa, 60-njy ýyllaryň ahyrynda peýda boldy. 1971-nji ýylda «Intel» firmasy kiçi prosessory döretdi. Bu täzelik uly mümkinçilikleri bolan kompýuteriň oýlanyp tapylmagyna getirdi. 1975-nji ýylda amerikaly *Stiw Jobs* ilkinji personal kompýuteri ýasady we 1977-nji ýylda ony köpçülikleýin önümçilige goýberdi. Kompýuterleriň ilkinji nesli lampaly, ikinjisi – tranzistorly, üçünjisi – integral shemaly, dördünjisi – mikroprossessorly kompýuterlerdi. XXI asyrda dörän kompýuterleriň kämil nesli bäşinji nesil hasaplanýar. Ol has uly ýady, maglumatlary çalt işleýjiligi, suwuk kristal ekranlary bilen tapawutlanýar. Geljekde adamlaryň pikirini okap biljek kompýuterleri döretmäge synanyşyk edilýär.

1989-njy ýylyň 12-nji martynda Tim Berners Li «World Wide Web» (www) pikirini, ýagny Internet ulgamyny döretmek pikirini orta atdy. 25 ýylyň dowamynda Internet ulanyjylaryň sany 2,7 milliarda ýetdi.

Öýjükli telefonlar geçen asyryň ahyryndan başlap durmuşymyzyň aýrylmaz bölegine öwrülip başlady. Olary döretmek pikiri 1947-nji ýylda «Bell Laboratories» barlag labo-






ratoriýasy tarapyndan orta atyldy. 1957-nji ýylda SSSR-de L. I. Kupriýanowiç agramy 3 kilogram bolan ykjam telefonyň nusgasyny döredip, 1961-nji ýylda onuň agramyny 70 grama çenli azaltdy. 1973-nji ýylda Motorola DynaTAC kysymly portatiw telefonlaryň ilkinji nusgasy döredildi. 1992-nji ýylda GSM kysymly öýjükli telefonlaryň zamanasy başlanýar. 1995-nji ýylda Hytaýda CDMA ölçegindäki ilkinji ulgam işläp başlady. Sensor ekranly ykjam telefonlar 1998-nji ýylda satuwa goýberildi. 1999-njy ýylda bolsa iki sany SIM kartly telefonlar dolanyşyga girdi. 2000-nji ýyldan başlap öýjükli telefonlara aýdym diňlemek we surata almak, 2002-nji ýyldan blýutuz, 2006-njy ýylda wideokamera funksiýalary goşuldy. «Motorola», «Nokia», «Sony Ericsson», «Samsung», «LG Electronics», «Apple», «ZTE», «Huawei Technologies», «Research In Motion (BlackBerry)» dünýäde öýjükli telefonlary köp öndüriji kompaniýalar hasaplanýar.

**Kosmosyň özleşdirilmegi.** Kosmosy özleşdirmek ylymda iň syýasatlaşdyrylan, SSSR bilen ABŞ-nyň arasynda ýaryş derejesine çykan pudak bolupdy.

1957-nji ýylyň 4-nji oktýabrynda Sowet Soýuzy Ýeriň emeli hemrasyny kosmosa goýberdi. N. S. Hruşýow 1957-nji ýylda öňki uruşlardaky ulanylan harby uçarlaryň, tanklaryň

möwritini geçirendigi, raketalaryň häzirki zaman urşunyň esasy ýaragy bolmalydygy hakynda çykyş edipdi. Şol çykyşynda: «Biz eýýäm häzir Aýa 100 tonna diýsegem ýük çykaryp biljek. Emma şol ýüki yzyna – Ýere nädip getirmelidigini entek bilemzok» diýipdi. Bu sözler ýadro zarýadyny alyp gitmäge ukyply kontinentara ballistik raketalaryň eýýamynyň başlanandygyny aňladýardy.



**Ý. A. Gagarin**



Ýeriň emeli hemrasyny uçurmak Birleşen Ştatlara 1958-nji ýylda başartdy. 1961-nji ýylyň 12-nji aprelinde ilkinji gezek adam – *Ýuriý Gagarin* kosmosa uçdy. SSSR-iň kosmosa adam uçurmagyna jogap edip, ABŞ-nyň Prezidenti Kennedi tizden-tiz amerikan astronawtynyň Aýa gonmagy we gaýdyp gelmegi üçin mümkin bolan ähli çäreleri durmuşa ornaşdyrmaga amerikan alymlaryny çagyrdy. 1962-nji ýylda amerikan astronawty Jon Glenn Ýeriň töweregindäki orbita çykaryldy. 1969-njy ýylyň iýulynda Ýer togalagynyň ýüzlerçe million teletomaşaçylary Neýl Armstrongyň dünýäde ilkinji bolup Aýyň üstünde gezim edip ýöreniniň şaýady boldular. Yzysüre sowet kosmiki enjamlary Weneranyň we Marsyň topragynyň himiki düzümini öwrenmäge girişdiler. Ýeriň emeli hemralaryna oturdylan ýokary hilli tehniki enjamlaryň kömegi arkaly kosmosdan Ýere gözegçilik etmek mümkinçiligi döredi. Ýeriň anyk geografik ýerleşişi anyklanyldy. Emeli hemralaryň kömegi bilen Ýeriň howa şertleri barada anyk maglumatlar taýýarlanylyp başlandy. Teleradioaragatnaşygyň ösmeginde Ýeriň emeli hemralarynyň ähmiýeti uly boldy.

1981-nji ýylda ABŞ-da köp gezek ulanylýan kosmos korably döredildi. Bu kosmosa uçuşlaryň täze eýýamynyň başlanýandygyny alamatlandyrdy. Geçen asyryň 90-njy ýyllarynda ABŞ-nyň, Russiýanyň, Ýewropa kosmos agentliginiň, Kanadanyň,



Ýaponiýanyň gatnaşmagynda «Alfa» atly halkara kosmos stansiýasy döredildi. Ol dürli ýurtlaryň kosmonawtlarynyň bilelikdäki uçuşlaryny gurnaýar. Türkmenistanda döredilen Milli kosmos agentligi ýurdumyzyň öz milli emeli hemrasyny uçurmak barada işleri alyp barýar.

**Nanotehnologiýalar – YTÖ-niň iň ýokary derejesi.** XX asyr kosmos, maglumatlar, kompýuter asyry boldy, XXI asyr bolsa ýokary nanotehnologiýalaryň asyrydyr. *Nanotehnologiýalara* – düýpli ylmy barlaglary talap edýän tehnologiýalara geçmek ylmy-tehniki öwrülişigiň iň ýokary basgançagydyr. Nanotehnologiýa durmuşda möhüm hile eýe bolan belli bir önümi almak prosesidir. Nanotehnologiýa – geljegiň önümçilik tehnologiýasy. Ol maddanyň gurluşyna doly gözegçiligi ýola goýmaga mümkinçilik berýär. Nanotehnologiýa häzir üç ugur boýunça ösýär. Birinjiden, molekula ýa-da atom ululygyndaky elektron shemalary; ikinjiden, şeýle ölçegdäki mehanizmleri taýýarlamak; üçünjiden, molekulalardan we atomlardan ybarat predmetleri düzmek boýunça işleri alyp barmak.

Geçen asyryň 80-nji ýyllarynda Erik Dreksler tarapyndan jikme-jik öwrenilenden soň, molekulýar nanotehnologiýa ylmyň özbaşdak şahasyna öwrüldi. 1991-nji ýylda ýapon alymy Sumio Iijima tarapyndan uglerodyň millionlarça atomyndan düzülen diametri 10 nanometre, uzynlygy onlarça mikrona barabar bolan turbajyk şekilli molekula – nanoturbajyk açylýar. Ol adamyň saçyndan 100 müň esse inçedir

hem-de örän berkdir. Bu görkeziji nanoturbajykdan ýasalan ýogynlygy bary-ýogy 1 millimetrlik sapajyga 20 tonna agyrlygy götermäge mümkinçilik berýär.

Nanotehnologiýalaryň maddalar bilen däl-de, atomlar bilen iş salyşýanlygy onuň esasy aýratynlygydyr. Lukmançylykda nanotehnologiýalaryň hyzmaty uludyr. Ynsan ömrüni uzaltmakda, keselleriň öňüni almakda, täze dermanlary döretmekde, onkologiýa, genetik keselleriň, wiruslaryň garşysyna göreşmekde, emeli usulda immuniteti güýçlendirmekde we beýlekilerde geljegi uly bolan barlaglar dowam etdirilýär. Aşgabatda 2014-nji ýylda açylan Tehnologiýalar merkezinde ýörite nanotehnologiýa bölümi döredildi.

**Sungatdaky we binagärlikdäki täzelikler.** Jemgyýetde bolýan özgerişler hökmany suratda sungatda täze ugurlaryň döremegine getirýär. Ikinji jahan urşundan soň şekillendiriş sungatynda *postmodernizm* ugry emele geldi. Onda duýgular has obrazly, aýlawly beýan edilýärdi.

70-nji ýyllarda *pop-art* (populýar, ýörgünli sungat) ugry güýçlendi. Onuň tarapdarlarynyň pikiriçe, islendik zat sungatyň predmetine öwrülip bilýärdi. Zatlary birleşdirmek arkaly olara täze hil berip boljakdy (kollaž). Optiki sungatyň (*op-art*) tarapdarlary dürli enjamlaryň kömegi bilen alynýan yşyklardan hakyky däl dünýäniň hyýaly keşbini döredýärdiler. Konseptual sungat çeper keşplerden ýüz öwürýärdi. Olar ähli zady şertli şekilleriň üsti bilen aňlatmagyň tarapdarydy. Saz sungatynda *awangardçylyk* ugry ösüpdi (rok, hewi we ş.m.). Binagärlikde postmodernizm ugry agdyklyk edýärdi. 70–80-nji ýyllaryň binagärligine «*haýtek*» (ýokary tehnologiýa) ugry hem häsiýetlidir. Onda tehniki konstruksiýalar we formalar giňden peýdalanylýar (turbalar, fermalar, karkaslar, demir aýnaly, köp ganatly galereýalar). Şeýle binalaryň birnäçesi gözel paýtagtymyz Aşgabatda hem gurulýar.

Ylmyň we tehnologiýanyň çalt ösmegi bilen ylmy-tehniki täzelikleriň dünýä ýaýraýşy hem tizleşdi. Internet ulgamy dünýä ýurtlaryny ýakynlaşdyrdy.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. YTÖ näme?
2. XX asyryň ikinji ýarymyndaky esasy ylmy-tehniki açyşlar barada gürrüň beriň.
3. Maglumat jemgyýeti näme?
4. Kompýuterler we öýjükli telefonlar nähili kämilleşdi?
5. Kosmos barlaglarynyň ösüşi barada gürrüň beriň.
6. Nanotehnologiýalar näme?
7. Sungatda we binagärlikde täzelikler barada aýdyp beriň.

**«Computer»** – iňlis dilinden terjime edilende «hasaplamak», «sanamak» diýmekligi aňladýar.

**«Microsoft»** – U.Geýts 1974-nji ýylda kompýuterler üçin maksatnamalary öndürýän firmany açýar. Häzir ol firmanyň açyşlaryndan gelen girdejileriniň hasabyna onlarça milliard dollary bolan iň baý adama öwrüldi.

**Silikon düzlügi** – Kaliforniýada açylan kompýuter mikroçiplerini, ýokary tehnologiýalary öndürýän tehnopark. Bu ýerde ylym bilen önümçilik birleşdirilendir. Salgytlardan boşadylan ylmy-önümçilik laboratoriýalary öz açyşlaryny önümçilikde synap görmäge, üstünlikli synagdan soň olaryň patentlerini ýerläp, ondan uly girdeji almaga mümkinçilik alypdyrlar. Şondan bäri dünýäniň köp ýurtlarynda ýaýran tehnoparklara «silikon düzlügi» diýen göçme at berilýär.

**Nano** – nämedir bir zadyň milliardynjy paýyny aňladýar. Nanometr – metriň milliardynjy bölegidir.

# III BAP. HÄZIRKI ZAMANYŇ UMUMADAMZAT MESELELERI

## §32. Häzirki zamanyň global meseleleri

**Global meseleler näme?** Iki asyryň sepgidinde dünýä umumadamzat durmuşynyň düýpli meseleleri bilen ýüzbe-ýüz boldy. Olar umumadamzat derejesinde çözülmegini talap edýän global meselelerdir. «*Global*» diýen adalganyň

özi latyn dilindäki «globus», ýagny «*Ýer togalagy*» diýen sözden gelip çykýar. Bu adalga XX asyryň 60-njy ýyllaryndan başlap umumy planeta möçberindäki möhüm meseleler babatda peýdalanylyp başlandy.

Umumadamzat durmuşynyň global meseleleri biri-biri bilen berk baglanyşyklydyr. Şonuň üçin olaryň hiç birini üzňelikde çözmek mümkin däldir. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbangyly Berdimuhamedow BMG-niň Baş Assambleýasynyň 64-nji sessiýasynda eden çykyşynda global wehimleriň aýry-aýrylykda çözülip bilinmejekdigine üns çekip, şeýle nygtapdy: *«Sebitde, kontinentde, bütin dünýäde howpsuzlygyň ýok mahalynda bir ýurduň howpsuzlygyny üpjün etmegiň mümkin däldigine biz ynanýarys. Şeýle hem ykdysady, energetiki, azyk howpsuzlygyny üpjün etmezden, ekologik, tehnogen häsiýetli töwekgelçilikleriň we howplaryň öňüni almazdan we aradan aýyrmazdan, halkara terrorçylygyna, guramaçylykly jenaýatçylyga, köpçülikleýin gyryş ýaraglarynyň ýaýradylmagyna, beýleki global wehimlere garşy netijeli göreşmezden, syýasy ýa-da harby howpsuzlygyň uzakmöhletleýin we doly derejeli bolmagyny gazanmak başartmaýar».*

Indi bolsa global meseleler barada aýratynlykda gürrüň edeliň.

**Ýaragsyzlanmak – halkara howpsuzlygynyň möhüm şertidir.** Häzire çenli döredilen ýadro, termoýadro, himiki, baktereologiki we beýleki köpçülikleýin gyryjy ýaraglar Ýer ýüzündäki ýaşaýşy birnäçe sapar ýok etmäge ukyplydyr.

Adamzat üçin ýadro ýaragynyň näderejede howpludygyna göz ýetiren ABŞ we SSSR ahyry gepleşikler stolunyň başyna jemlendi. 80-nji ýyllaryň ahyrynda olaryň arasynda strategiki hüjüm ediş ýaraglaryny çäklendirmek, ýadro synaglaryny bes etmek barada birnäçe şertnamalara gol çekildi.

Uruş-dawalar netijesinde parahat ilatyň bir bölegi ata mekanyny taşlap, dürli ýerlere mejbury gaçmaly bolýarlar. Olara *bosgun* diýilýär. 2007-nji ýylyň maglumatlaryna görä dünýäde jemi 14 mln bosgun bardy. Iň köp bosgunlar Afrikadan gaçyp gaýdanlardyr. Olaryň üstesine-de, 24,5 mln adam öz ýurtlarynyň çägindäki bosgunlar bolup, olar daşary ýurtlara gaçyp çykmasalar-da, ýaşaýan ülkelerini taşlamaga mejbur bolanlardyr. BMG bosgunlaryň hukuklary, ýaşaýyşlary hakynda alada edýär. Her ýylyň 20-nji iýuny BMG tarapyndan bosgunlar güni diýlip yglan edildi.

Dünýä sapak bolmaly Ikinji jahan urşunyň tamamlananyna köp wagt geçenem bolsa, adamzat şu günki günde-de dürli sebitlerde uruş ody bilen ýüzbe-ýüz bolýar. Ýer ýüzünde bolup duran gandöküşikli uruşlar zerarly halklar horlanýar, çagalar açlyk çekýär. Uruş howpuna garşy göreşmek parahatçylygy söýüji halklaryň ählisiniň mukaddes borjudyr.

Türkmenistan – Bitarap döwlet. Onuň daşary syýasaty çäklendiriji birleşikler bilen baglanyşykly däldir. Şol sebäpli döwletimiz güýç ulanmagy halkara jedellerini çözmegiň serişdesi hökmünde kabul etmeýär. Bu bolsa onuň parahatçylyk we howpsuzlyk meselelerindäki çemeleşmesini deslapdan kesgitleýär. Şunuň bilen baglanyşykly Türkmenistan köpçülikleýin gyryş ýaragynyň, ony eltmek ulgamlarynyň we onuň bilen bagly tehnologiýalaryň ýaýradylmagyna garşy göreşmek boýunça halkara tagallalaryny doly goldaýar. Şundan ugur alyp, Türkmenistan köpçülikleýin gyryş ýaragyny ýaýratmazlygyň halkara-hukuk usulyny durmuşa ornaşdyrmak boýunça yzygiderli amaly ädimleri amala aşyrýar we geljekde hem amala aşyrar.

Ine, hut şu meseleler hormatly Prezidentimiziň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 64-nji sessiýasynda eden çykyşynda beýleki möhüm meseleleriň toplumynda öz mynasyp ornuny tapdy. Türkmenistanyň başlangyjy boýunça 2010-njy ýylyň iýunynda Aşgabatda BMG-niň howandarlygynda Merkezi

Aziýa sebitinde we Hazar basseýninde ýaragsyzlanmak meselelerine bagyşlanan wekilçilikli halkara konferensiýasy geçirildi.

**Ekologiýa meseleleri.** Daş-töwerekdäki gurşawyň örän hapalanmagy adamzadyň ýaşaýşyna howp salýar. Ýangyjyň dürli görnüşleriniň ýakylmagy netijesinde atmosferada kömürturşy gazynyň mukdary köpelýär. Atmosferanyň gyzmagy («bugarma effekti») netijesinde klimatyň maýlamagy güýçlenýär. Atmosferanyň ozon gatlagynyň zaýalanmagy ultramelewşe şöhleleriniň täsiriniň artmagyna getirýär. Ilatyň köp bölegi zaýalanan, hapa agyz suwundan peýdalanýar. Her ýylda dünýäde 3 *mln* adam atmosferanyň hapalanmagyndan dörän keseller zerarly aradan çykýar.

Howanyň ýylamagy gurakçylygyň hem-de sil ýagyşlarynyň çalt-çaltdan gezekleşip durmagyna getirdi. Soňky wagtda dünýä okeanlarynyň derejesiniň ýokary galmagyna getirdi.

Aral deňziniň gurap başlamagy bilen bu sebitde ýaşaýan ilatyň suw üpjünçiligi ýaramazlaşdy. Aral meselesi zerarly dörän ekologiki howpuň öňüni almak üçin halkara derejesinde alada edilýär. Türkmenistanyň tagallasy bilen Araly halas etmegiň halkara gaznasy döredildi.

Ýer togalagynyň 70 %-ini suwuň tutýandygyna garamazdan, onuň bary-ýogy 3 %-i içimlik suwdur. Dünýäniň ilatynyň artmagy bilen arassa agyz suwunyň ýetmezçiligi duýlup başlandy. XXI asyryň başynda Ýer ýüzüniň 1,3 mlrd adamy arassa agyz suwunyň ýetmezçiliginden kynçylyk çekýärdi.

1971-nji ýylda «Ýaşyl dünýä» («Greenpeace») halkara guramasy döredildi. Ekologiýa howpsuzlygy ugrunda göreşýän syýasy partiýalar («Ýaşyllar») döräp başlady. 1998-nji ýylda olar Germaniýada gatyşyk hökümetiň düzümine hem girdiler.

1992-nji ýylda 178 sany ýurduň wekilleri Rio-de-Žaneýroda tebigaty goramak barada Jarnama gol çekdiler.

Tebigy gurşawy goramak baradaky Kioto teswirnamasy zyýanly zyňyndylary azaltmak barada döwletleriň öňünde borç goýýar. Emma, gynansak-da, senagat taýdan ösen döwletleriň köpüsi şu günki güne çenli hem oňa gol çekmekden ýüz öwürýär.

**Demografik meseleler.** XX asyrda dünýäniň ilaty 3 esse köpeldi. Ýewropada çaga dogluşynyň azalmagy dünýäniň ilatynda onuň paýynyň barha azalmagyna getirýär. Aziýa, Afrika we Latyn Amerikasy ýurtlarynda adamlaryň wagtyndan ir ýogalmagy azalyp, çaga dogluşy artdy. Aziýada, aýratyn-da Hytaýda we Hindistanda ilatyň sany has-da artdy.

**Adamzadyň saglygyny goramak.** Ýer ýüzüniň ynsanlarynyň ortaça ömür dowamlylygy 60 ýaşdan geçýär. SPID keseli XX asyryň mergisine öwrüldi. Dünýäde SPID bilen kesellänleriň 70%-i Afrika degişlidir.

90-njy ýyllaryň maglumatlaryna görä, dünýäde her ýylda 130 *mln* çaga dogulýardy. Bütindünýä saglygy goraýyş guramasynyň berýän maglumatyna görä, häzirki wagtda dünýä halklarynyň üçden bir bölegi oňat, üçden bir bölegi kanagatlanarly iýmitlenýär, üçden bir bölegi bolsa ýeterlik iýmitlenmeýär.

Neşe serişdeleriniň bikanun ýaýradylmagy adamlaryň başyna towky bolup indi. Dünýäde, şol sanda Garaşsyz Diýarymyzda neşe söwdasyna we neşekeşlige garşy aýgytly göreş alnyp barylýar. 2011-nji ýylda Türkmenistan Bütindünýä saglygy goraýyş guramasynyň temmäkä garşy göreşmek boýunça konwensiýasyna goşuldy. Temmäkä garşy göreşmäge şahsy goşandy üçin Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowa 2014-nji ýylda bu guramanyň ýörite baýragy gowşuryldy.

**Ýurtlaryň, sebitleriň arasyndaky ösüşiň endigansyzlygy.** Halklaryň arasyndaky deňhukukly gatnaşmak meselesi entegem doly çözülmedik mesele bolmagynda galýar.

Häzirkizaman dünýäsiniň iň wajyp meseleleriniň biri – ol hem durmuş-ykdysady, tehnologik we senagat taýdan ösüşi birmeňzeş derejede bolmadyk döwletleriň arasynda deňhukukly, hyzmatdaşlykly we adalatly gatnaşyklaryň ýola goýulmagydyr. Henize çenli hiç wagt garyp we baý ýurtlaryň arasynda baýlyklaryň paýlanyşynda we peýdalanyşynda häzirki ýaly aradaşlyk bolmandy, henize çenli şeýle aradaşlyk zerarly tutuş durnuklylyk we howpsuzlyk ulgamyny opurjak bolýan howp şeýle aýdyň duýulmandy. 1913-nji ýylda dünýäniň baý sebitlerinde ýaşaýanlar dünýäniň garyp sebitleriniň ilaty bilen deňeşdirende 11 esse köp girdeji alýardy. 1997-nji ýylda baý we garyp ýurtlaryň ilatynyň ortaça girdejileriniň aratapawudy 74 essä barabar boldy.

XXI asyrda dünýäniň ösen ýurtlarynyň yzagalak sebitlere, ýurtlara kömegi artýar. Ýekeje mysala ýüzleneliň. 2007-nji ýylyň 7–8-nji iýunynda «Uly 8-ligiň» ýurtlarynyň döwlet baştutanlary Afrika materiginiň energetiki howpsuzlygyny üpjün etmek meselesine seretdiler. Şonuň bilen baglanyşykly ägirt uly çykdajylary ol ýurtlar öz üstlerine aldylar.

Ykdysadyýetiň transmilli korporasiýalaryň (TMK) gözegçiligine geçmeginden howatyrlanýan hökümetara däl guramalar globallaşmaga garşy göreşýärler. Aýratyn-da olaryň hereketi «Uly 8-ligiň» döwletleriniň (G-8) 1997-nji ýylda TMK-nyň eýeçiligini we maýa goýumlaryny goldamak barada gepleşiklere başlamagyndan soň güýçlendi. Olar dünýäniň az ilatynyň baý ýurtlarda ýaşap, ynsanyýetiň gazanan ähli amatlyklaryndan peýdalanýandygyna, şol bir wagtda ýaraglanyşyga köp pul harçlaýandygyna nägilelik bildirýärler.

**Türkmenistanyň global meseleleriň çözgüdine garaýşy.** 2005-nji ýylyň maýynda Türkmenistan we halkara MAGATE guramasynyň arasynda ýadro ýaragyny ýaýratmazlyk baradaky ylalaşyk we şu ylalaşyga goşmaça teswirnama mynasybetli kepil geçmegi ulanmak baradaky

ylalaşyga gol çekildi. Munuň özi Türkmenistanyň bitarap döwlet hökmünde öz üstüne alan halkara borçnamalaryna wepalydygyna şaýatlyk edýär.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow BMG-niň Baş Assambleýasynyň 65-nji mejlisinde eden çykyşynda global meseleleri çözmek üçin köne ýörelgeleri ýeňip geçmek, özakymlaýyn pikirlenmäniň ýüküNden halas bolmak we global gatnaşyklaryň geljeginiň täze ýörelgelerine çykmak ýaly täze pikirler öňe sürüldi. GELJEGIŇ STRATEGIÝASY atlandyrylan bu düşünje ösüşiň esasy meselelerini – syýasy, durmuş-ykdysady energetika, ekologiýa meseleleri boýunça giň we berk halkara ylalaşygyny gazanmak bilen baglydyr. Baş Assambleýanyň 64-nji mejlisinde Türkmenistanyň Prezidenti «Sowuk uruş» eýýamynyň mirasyna, toparlaýyn gapma-garşylyklaryň ýüze çykmagyna halkara gatnaşyklarynyň häzirkizaman ulgamynda orun ýok diýip hasaplaýarys» diýip kesgitli aýdypdy. Dünýäde näçe ýarag az bolsa, şonça-da onuň ösüşiniň durnukly we asuda boljakdygyna, ýurtlaryň we halklaryň arasyndaky ynanyşmak we düşünişmek ýagdaýynyň has ýokary boljakdygyna ynanýandygyny nygtapdy. Türkmen Lideri: «Häzirki döwürde biziň dünýämiziň bitewi bolşy ýaly, howpsuzlyk hem bitewidir». Hiç bir kuwwatly döwlet hem ýekelikde özüniň kepillendirilen howpsuzlygyny üpjün edip bilmez. Hut şonuň üçin hem Türkmenistan dünýä bileleşigine häzirki zamanyň esasy meselelerini çözmek boýunça döwletleriň mundan beýläk-de bilelikde hereket etmegi üçin başlangyç syýasy-dünýägaraýşyň esasy hökmünde ýeke-täk howpsuzlyk konsepsiýasyny döretmek barada oýlanmagy teklip edýär. Halkara gatnaşyklarynda köneçe pikirlenmekden saplanmaga wagtyň ýetendigini nygtamak bilen, Türkmenistanyň Prezidenti häzirki zamanyň hakyky ýagdaýlary barada oýlanmagyň täze derejesine çykmagy teklip etdi.

14 Sargyt № 1576

Hormatly Prezidentimiz BMG-niň Baş Assambleýasynyň 66-njy sessiýasynda öz garaýyşlaryny **ösüş arkaly parahatçylyk** atly gysga jümlede jemledi. Ol öňki başlangyçlardan nazary babatda-da, amaly babatda-da has ileri gitmekdir. Has anyk aýdylmaly bolsa, Milletler Bileleşiginiň syýasy erkiniň astynda halkara bileleşiginiň ähli agzalaryny dünýäde güýç ulanmak arkaly syýasat ýöretmegiň geljeginiň ýokdugyna düşünip, güýje däl-de, paýhasa eýermek jogapkärçiligini olaryň üstüne ýüklemekdir.

***

Adamzat taryhynda iň çalt ösüşler bilen beslenen XX asyr taryhyň gatynda galdy. Adamzat XXI asyra gadam basdy. Agzybirlik, jebislik öz öýüňden, Watanyňdan başlanýar. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň halkyna bagyş edýän ajaýyp eşretleriniň gadyryny bilip, agzybirlikde asuda durmuşymyza şükür edip, Garaşsyz Diýarymyzyň gülläp ösmegine, dünýä döwletleriniň arasynda onuň abraýynyň mundan beýläk-de artmagyna biziň her birimiz mynasyp goşantlarymyzy goşmalydyrys.

**Soraglar:**

1. Global meseleler näme?
2. Ekologik meseleler adamzada nähili howp salýar?
3. Adamzat jemgyýeti ýaragsyzlanmak arkaly halkara howpsuzlygyny gazanmak barada nähili çäreleri amala aşyrdy?
4. Ilatyň artmagy netijesinde nähili demografik meseleler ýüze çykdy?
5. Näme üçin adamyň saglygyny goramak global meselä öwrüldi?
6. Umumadamzat meselelerini çözmek üçin halkara derejesinde nähili işler edilýär?
6. Türkmenistanyň global meseleleriň çözgüdine garaýşy nähili?

**«Globallaşmak»** adalgasy ilkinji gezek 1983-nji ýylda T. Lewit tarapyndan «Garward biznes rewýu» žurnalynda çykan makalasynda ulanyldy.

J.S.Naý-kiçi «Özara baglylyk we üýtgeýän halkara gatnaşyklary» atly makalasynda «Dünýä syýasatyna kuwwatly täsir etmegiň esasy serişdesi harby güýçdür. Ol döwletara ulgamynda häkimligi amala aşyrmagyň iň soňky görnüşi bolup, bu ýerde her döwlet özüne jogap berýär we olaryň üstünden hiç kim häkimlik etmeýär. Emma biziň ýadro ýaragly asyrymyzda we gowşak ýurtlarda milletçiligiň ösen döwründe harby güýç geçen asyrlara garanda uly döwletler üçin gymmat düşýär» diýip belläpdi.

Her ýyl 4 mln çaga açlykdan ölýär. Dünýä döwletleriniň ýaraglanyşyk üçin iki günüň dowamynda sarp edýän serişdeleri bolsa 100 mln adamy açlykdan halas etmäge ýeterlikdir.

Häzirki wagtda ählumumy harby çykdajylar ösüp barýan ýurtlaryň bergilerine, ýagny 1 trillion dollara barabardyr. Bu san tebigaty goramak üçin zerur harçlanmaly serişdelerden 5 esse, Ýeriň biosferasynyň özümiz tarapyndan bozulan tebigy-gor mümkinçiliklerini dikeltmek üçin zerur serişdelerden 2 esse köpdür.

K.Gilbiň we S.Hantingtonyň kitabyndan: «Kämilleşmek, döwrebaplaşmak Günbatara ýykgyn etmegi aňlatmaýar. Günbatara degişli bolmadyk jemgyýetler, öz milli medeniýetlerinden el çekmezden, Günbataryň gymmatlyklaryny, özüni alyp barşyny, institutlaryny kabul etmezden hem döwrebaplaşyp bilerler». Bu hakykaty öz mysalynda Aziýanyň haýsy jemgyýetleri üstünlikli subut edip, döwrebaplaşmagy başarandygy barada pikir ýörediň.

«Sowuk uruş» tamamlanan badyna amerikan alymy we diplomaty Frensis Fukuýama «Taryhyň soňy» atly işinde kommunizmiň ýeňilmegi bilen dünýäde liberal demokratiýanyň dabaralanmagyna ýol açylandygyny, şeýlelikde dünýädäki gapma-garşylyklaryň soňuna çykylandygyny nygtady. Siz şu pikir bilen ylalaşýarsyňyzmy?

## GYSGALTMALARYŇ SANAWY

| | |
|---|---|
| ABŞ | – Amerikanyň Birleşen Ştatlary |
| ASEAN | – Günorta-Gündogar Aziýa döwletleriniň bileleşigi |
| BMG | – Birleşen Milletler Guramasy |
| BRICS | – Braziliýa, Russiýa, Hindistan, Hytaý, Günorta Afrika Respublikasy utgaşygy |
| JIÖ | – Jemi içerki önüm |
| PMA | – Palestinanyň milli administrasiýasy |
| ÝB | – Ýewropa Bileleşigi |
| ÝYH | – Ýewropa ykdysady hyzmatdaşlygy |
| OPEK | – Nebiti eksport ediji döwletleriň guramasy |
| HPG | – Halkara pul gaznasy |
| HHR | – Hytaý Halk Respublikasy |
| SSSR | – Sowet Sosialistik Respublikalary Soýuzy |
| TOPH | – Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan gaz geçirijisi |
| UNDP | – BMG-niň Ösüş maksatnamasy |
| UNEP | – BMG-niň Daşky gurşaw boýunça maksatnamasy |
| UNISEF | – BMG-niň Çagalar gaznasy |
| UNFPA | – BMG-niň Ilat gaznasy |
| ÝHHG | – Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasy |
| UNDAF | – BMG-niň Ösüşe ýardam bermek boýunça maksatnamasy |
| ÝUNESKO | – BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy |

## GYSGAÇA SÖZLÜK

**Aparteid** (*aýratyn ýaşamak*) – jynsy kemsitmeleriň iň ýiti görnüşi. Günorta Afrika Respublikasynda ilatyň tutuş topary jynsy tapawudyna laýyklykda garaşly ýagdaýa düşürilýärdi. Olar ýörite bellenen aýratyn territoriýalarda ýaşadylyp, syýasy, raýat we durmuş-ykdysady hukuklary çäklendirilýärdi ýa-da olardan düýbünden mahrum edilýärdi.

**Alternatiw** – latynçadan terjime edilende, «*ikisiniň biri*» diýen manyny aňladýar.

**Awtarkiýa** – bir döwletiň ykdysadyýetiniň üzňe hojalyk görnüşinde dowam edip, başga ýurtlar bilen hojalyk gatnaşyklarynyň gadagan edilen ýa-da örän çäklendirilen ýagdaýy.

**Barrel** – nebitiň halkara ölçeg birligi. 1 barrel 159 litre deňdir.

**Demografiýa** – ilatyň artyşyny, düzümini, gürlügini öwrenýän ylym.

**Demokratiýa** – grekçeden terjime edilende, «*halkyň häkimiýeti*» diýmekdir.

**Dewalwasiýa** – döwletiň öz pul birliginiň altyn mukdaryny resmi ýagdaýda azaltmagy ýa-da beýleki döwletleriň walýutasyna garanyňda onuň kursuny peseltmegi.

**Despotiýa** – grekçeden terjime edilende, «*çäklendirilmedik häkimiýet*» diýmegi aňladýar.

**Dokument** – resminama.

**Ekologiýa hereketi** – ekologik howpy azaltmak, daş-töwerekdäki sebiti sagdynlaşdyrmak, adamyň, jemgyýetiň we tebigatyň arasyndaky sazlaşygy saklamak ugrunda çykyş edýän adamlar bileleşiginiň göreşi. Adatça, ekologik hereket «ýaşyllar», «ekologiýaçylar» ýaly resmi däl, hökümete degişli bolmadyk guramalaryň jemini düzýär.

**Ekspansiýa** – sürünmek, territoriýaňy giňeltmek, täsiriňi artdyrmak, täze territoriýalary basyp almak.

**Ekstensiw** – «*giňelýän*», «*san taýdan artýan*» (çig maly köp ulanmagyň hasabyna önümçiligi artdyrmak. Ekerançylyk meýdanlaryny giňeltmegiň hasabyna hasyllylygy artdyrmak).

**Elita** – jemgyýetiň ýokary gatlagynyň has görnükli wekilleri, toparlanyşygy.

**Etatizm** – fransuzçadan terjime edilende, «*döwlet*» diýmegi aňladýar. Ykdysady, sosial, medeni, ylmy we ş.m. beýleki babatlarda döwletiň gatyşmasynyň güýçlenýändigini alamatlandyrmak üçin ulanylýan adalga.

**Fundamentalizm** – dini düşünjeleriň we kadalaryň tankydy taýdan seredilmegine we üýtgedilmegine garşy bolan, dini dogmalaryň üýtgedilmezligi üçin çykyş edýän dini akym.

**Genosid** – belli bir halky, taýpany fiziki taýdan ýok etmäge gönükdirilen döwlet syýasaty.

**Geosyýasat** (*grekçeden «geo» – ýer*) – syýasy-geografiki ýerleşişine daýanmak arkaly senagat taýdan ösen döwletleriň global gyzyklanmalaryny hem-de daşary syýasatyny esaslandyrýan syýasy konsepsiýa.

**Globallaşmak** (*bütewüleşme*) – häzirkizaman dünýäsiniň toplumlaýyn, ulgamlaýyn ösüş birligi. Ol ýitileşen dünýä meselelerini (ekologiýa, demografiýa, ykdysady we medeni yzagalaklygy ýeňip geçmek, ýeriň töweregindäki giňişligi özleşdirmek, umumydünýä energiýa, azyk, çig mal we beýleki çökgünlik ýagdaýyny çözmek), şeýle hem şahsyýetiň durmuşy, ykdysady we şahsy hukuklaryny hem-de azatlyklaryny çözmegiň zerurlygy bilen şertlenendir.

**Integrasiýa** – iki ýa-da ondan hem köp döwletleriň milli hojalygynyň özara utgaşygy, olaryň birleşmegi, ykdysady we önümçilik hyzmatdaşlygynyň giňelmegi, bütewi hojalyk toplumynyň kemala gelmegine eltýän derejede hojalygyň dünýä ulgamyna goşulmagynyň ýokary görnüşi.

**Iýerarhiýa** – jemgyýetçilik gatlaklarynyň ýa-da gulluk wezipeleriniň aşakdan ýokary, biri-birine tabynlygyna görä yzygider ýerleşişi.

**Jarnama** (*lat. declaratio – habar bermek*) – döwletiň, hökümetiň, guramanyň adyndan habar bermek; esasy ýörelgeleriň dabaraly jar edilmegi. Mysal üçin, 1948-nji ýylda BMG-niň adam hukuklarynyň Ähumumy jarnamasy beýan edilen resminama.

**Koalision hökümet** – gatyşyk hökümet.

**Konsern** – haýsydyr bir monopolistik topara maliýe taýdan garaşlylygynyň esasynda trestleriň ýa-da kärhanalaryň birleşmesidir.

**Korrupsiýa** – wezipeli adamyň şahsy taýdan baýamak maksady bilen öz wezipe ygtyýarlyklaryny peýdalanmagy, wezipeli adamlaryň pula satylmagy.

**Kworum** (*lat. quorum – ýeterlik gatnaşmak*) – ýygnaga ýa-da haýsy-da bolsa bir edaranyň mejlisine gatnaşýanlaryň kanun ýa-da düzgünnama tarapyndan bellenilen sany.

**Liberallaşdyrmak** – ykdysady işiň we ykdysady kategoriýalaryň (bahalar, aýlyk haky, walýuta kursy, göterim derejesi) üstünden döwletiň gözegçiliginiň ýatyrylmagy ýa-da gowşadylmagy; daşary syýasatda mukdar we beýleki çäklendirmeleriň ýatyrylmagy.

**Lokal** – latyn dilinden terjime edilende, «*ýerli*» diýmegi aňladýar. Taryhy adalga hökmünde ol lokal uruşlar görnüşinde köp gabat gelýär we ýerli, kiçi uruşlar manysyny aňladýar.

**Metropoliýa** – grekçeden terjime edilende, «*ene şäher*» diýmekdir. Ol kolonial (baknadar) şäher-döwleti diýmegi aňladypdyr. Bakna mülke eýe bolan döwlete metropoliýa diýilýär.

**Migrasiýa** – ilatyň köpçülikleýin ondan-oňa göçmegi.

**Militarizm** – latynçadan terjime edilende, «*harby*» diýmek. Ol ýaraglanyşygy haýdatmagy, basybalyjylykly uruşlara işjeň taýýarlyk görmegi aňladýan syýasatdyr.

**Milli mesele** – döwletiň içinde milletleriň we halkyýetleriň özara gatnaşygynyň netijesinde ýüze çykýan syýasy, ykdysady, hukuk, ideologiki we beýleki meseleleriň jemidir.

**Monarhiýa** – bir adam tarapyndan dolandyrylýan döwlet gurluşynyň görnüşi bolup, häkimlik köplenç nesilden-nesle geçýär.

**Monopoliýa** – grekçeden sözme-söz terjime edilende, «*ýeke özüm satýaryn*» diýmegi aňladýar. Önümçiligiň, söwdanyň bir

adama ýa adamlar toparyna, ýa-da döwlete degişli bolan aýratyn hukugy. Ykdysadyýetiň, söwdanyň ol ýa beýleki pudagynda öz agalygyny ýola goýmak üçin önümçiligi ýa-da harydyň haýsydyr bir görnüşini satmagy öz elinde jemlän birleşiklere aýdylýar.

**Oligarhiýa** – grek dilinden terjime edilende, «*azlygyň häkimiýeti*» diýmegi aňladýar.

**Oppozisiýa** – döwleti dolandyrmakdan çetde bolup, döwlet häkimiýetine dalaşgär güýçler.

**Paritet** (*lat. paritas – deňlik, laýyklyk*). Halkara gatnaşyklarynda paritet gepleşiklere gatnaşyjylaryň özara bähbitleri göz öňünde tutmaga we özara kabul ederlikli ylalaşyklary baglaşmaga bolan ylalaşygyny görkezýän gepleşikleriň taraplaryň deň derejedäki wekilçiliginde, deňhukuklylyk esasynda alnyp barylmagyny aňladýar. Paritet adalgasy şeýle hem iki ýurduň ýaragly güýçleriniň ýa-da ýaraglaryň aýry görnüşleriniň deňligini aňladýar. Pul birliginde arassa altynyň düzümine (agramyna) altyn paritet diýilýär, milli pullaryň gyzyl babatdaky gatnaşygy bolsa pul pariteti atlandyrylýar.

**Pasifizm** – latyn dilinden terjime edilende, «*parahatçylyk dörediji*». XIX asyryň ahyrynda käbir ýurtlarda dörän, soňra halkara derejesine ösüp geçen urşa garşy jemgyýetçilik hereketi.

**Postindustrializm** – jemgyýetiň taryhyny üç döwre: senagatlaşma çenli, senagatlaşan, senagatlaşan jemgyýetden soňky (postindustrial) döwürlere bölýän sosial-syýasy taglymaty. Olaryň soňkusy hil taýdan täze jemgyýet bolup, onda esasy orun ylma, nazaryýet we tejribe institutlaryna degişlidir.

**Pozisiýa** (lat. positio) – 1) görnüş, duruş, ýagdaý; 2) nukdaýnazar, haýsy hem bolsa bir işe, meselä bolan garaýyş.

**Radikal** – latynçadan terjime edilende, «*düýpli*» diýmekdir. Jemgyýeti özgertmeklige bolan garaýyşlarda kesgitli, aýgytly hereketleriň tarapdarlary. Olara çepçiler hem diýilýär.

**Rasional** – latynçadan terjime edilende, «*paýhasly*», «*maksadalaýyk*», «esaslandyrylan» diýmegi aňladýar.

**Respublika** – latynçadan sözme-söz terjime edilende, «*jemgyýetçilik işi*» diýmegi aňladýar. Häkimiýetiň jemgyýet tarapyndan kesgitli möhlete saýlanan adamlara degişli bolan döwleti.

**Rewolýusiýa** (*ynkylap*) – jemgyýetde ornaşan ahlak gymmatlyklaryny, syýasy we sosial düzümlerini örän çalt (gysga taryhy döwrüň çäginde), zorluk bilen üýtgetmek. Topalaňlar, gozgalaňlar, köşk agdarylyşyklary hem rewolýusiýalara ýakyndyr. Emma rewolýusiýa köne düzgünleriň ählumumy ýatyrylmagyna getirýär.

**Rezolýusiýa** (*lat. resolutio – karar*) – kollegial edaranyň, ýygnagyň, maslahatyň we ş.m. mejlisinde haýsy hem bolsa bir meseläniň ara alnyp maslahatlaşylmagy netijesinde kabul edilen karar.

**Sekulýarizasiýa** – ruhy we sosial durmuşyň buthananyň täsirinden azat edilmegi.

**Siwilizasiýa** – latynçadan terjime edilende, «*raýat, döwlet*» diýmegi aňladýar. Birnäçe manyda ulanylýar: maddy we ruhy medeniýet; wagşylykdan we medeniýetsizlikden soňra gelýän aýratyn taryhy döwür; häzirki döwürde önümçiligiň, durmuşy gatnaşyklaryň, syýasy durmuşyň we medeniýetiň beýleki alamatlarynyň örän ýokary ösüş derejesi bilen tapawutlanýan dünýä ösüşiniň basgançagy.

**Sindikat** – harytlary bileleşip satmak üçin döredilen birleşmeler.

**Sintez** – grekçeden terjime edilende, «*birleşdirmek*», «*utgaşdyrmak*» diýen manyny berýär.

**Status-kwo** (*latyn dilindäki status guo sözünden*) – halkara hukugynda haýsydyr bir kesgitli wagt üçin dowam edýän ýagdaý.

**Syýasat** (*gr. politike – döwleti dolandyrmagyň sungaty*) – jemgyýetçilik synplaryň, partiýalaryň, toparlaryň işi we ol olaryň bähbitleri we maksatlary bilen kesgitlenýär, şeýle hem şol bir jemgyýetiň sosial-ykdysady tebigatyny aňladýan döwlet häkimiýetiniň we döwlet dolandyryş edaralarynyň işi. Içerki syýasat döwletiň içindäki gatnaşyklary, daşary syýasat döwletleriň we halklaryň arasyndaky gatnaşyklary öz içine alýar.

**Şowinizm** – aşa milletçilik, milli taýdan beýlekilerden artykmaçlygy ündemek, bir milletiň bähbidini beýleki milletleriň bähbidine garşy goýmak, milli esasda duşmançylygy, ýigrenji tutaşdyrmak.

**Teologiýa** – dini ylym. Grekçeden terjime edilende, «*Hudaý hakynda taglymat*» diýmekdir.

**Teokratiýa** – grekçeden terjime edilende, «*Hudaýyň hökümdarlygy*» diýmekdir. Dolandyryşyň bir görnüşi bolup, munda ýokary syýasy häkimiýet ruhanylara degişlidir.

**Totalitarizm** – latynçadan terjime edilende, «*dolulaýyn, tutuşlaýyn*» diýmekdir. Adamyň syýasy häkimiýete doly tabyn bolmagyny, döwletiň jemgyýeti doly öz gözegçiliginde saklamagyny üpjün edýän jemgyýetiň sosial-syýasy gurluşynyň nusgasy.

**Trest** – bilelikde önüm öndürmek we satmak üçin eýeçiligiň bileleşdirilmegi.

**Urbanizasiýa** – şäherleriň aşa ulalmagy netijesinde olaryň obany yza galdyryp, ykdysady agalyga eýe bolmagy we ösüş merkezlerine öwrülmegi.

**Weto** (*lat. veto*) – döwlet hukugynda, halkara gatnaşyklarynda gadagan etmekligi aňladýar. Weto hukugy (mysal üçin, BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşiniň hemişelik agzasynyň wetosy.

## MAZMUNY

Giriş ....................................................................7

**III bölüm.** DÜNÝÄ DÖWLETLERI XXI ASYRYŇ BAŞLARYNDA

**I bap. Ýewropa we Amerika ýurtlary XXI asyryň başlarynda** ..........12

§1. ABŞ XXI asyryň başlarynda..........12
§2. Kanada ..........18
§3. Ýewropa Bileleşigi. ..........23
§4. Demirgazyk, Günorta, Merkezi Ýewropa ýurtlary. ..........31
§5. Fransiýa..........38
§6. Beýik Britaniýa ..........45
§7. Italiýa..........51
§8. Germaniýa..........57
§9. Gündogar Ýewropa ýurtlary ..........63
§10. Gündogar Ýewropa ýurtlary (dowamy)..........68
§11. Russiýa..........74
§12. Latyn Amerikasy..........82
§13. Hytaý Halk Respublikasynyň ykdysady ösüşi ..........89
§14. Hytaýyň syýasy ösüşi we daşary syýasaty. ..........95
§15. Ýaponiýanyň syýasy we ykdysady ýagdaýy ..........100
§16.Ýaponiýanyň daşary syýasaty. ..........107

**Gündogar we Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlary**..........112

§17. Koreýa Respublikasy ..........112
§18.Tailand, Singapur, Malaýziýa, Indoneziýa..........118
§19. Hindistan..........128
§20. Pakistan..........133
§21. Türkiýe..........139
§22. Eýran Yslam Respublikasy..........145
§23. Owganystan Yslam Respublikasy ..........150
§24. Ysraýyl we Palestina..........155

§25. Aziýanyň arap ýurtlary ........ 160
§26. Afrika ýurtlary ........ 168
§27. Afrikanyň arap ýurtlary ........ 173
§28. Halkara gatnaşyklary we sebitara dawalar ........ 178
§29. Garaşsyz, Bitarap Türkmenistan halkara gatnaşyklary ulgamynda ........ 185
§30. Bitarap Türkmenistanyň halkara başlangyçlary. ........ 191

**II bap. Ylym, tehnika we medeniýet** ........ 196

§31. Ylym, tehnika we medeniýet ........ 196

**III bap. Häzirki zamanyň umumadamzat meseleleri** ........ 203

§32. Häzirki zamanyň global meseleleri ........ 203

Gysgaltmalaryň sanawy ........ 212
Gysgaça sözlük ........ 213

**Jepbarguly Hatamow,**
**Jumamyrat Gurbangeldiýew**

# DÜNÝÄ TARYHY
(*XX–XXI asyrlar.*
*III bölek. 2000–2014 ýý.*)

Umumy orta bilim berýän mekdepleriň
XI synpy üçin synag okuw kitaby

| | |
|---|---|
| Redaktor | *Ş. Myratgulyýewa* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| Tehniki redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Neşir üçin jogapkär | *I. Halmyradow* |

Çap etmäge rugsat edildi  . Ölçegi 60x90 $^{1}/_{16}$.
Şertli çap listi  . Şertli reňkli ottiski  .
Hasap neşir listi  . Çap listi   .
Sargyt № 1576 . Sany  .

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000, Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004, Aşgabat, 1995-nji köçe, 20

**Okuw kitabynyň peýdalanylyşy barada maglumat**

| № | Okuwçynyň ady we atasynyň ady | Okuw ýyly | Kitabyň saklanyş ýagdaýy | |
|---|---|---|---|---|
| | | | Okuw ýylynyň başynda | Okuw ýylynyň ahyrynda |
| 1 | | | | |
| 2 | | | | |
| 3 | | | | |
| 4 | | | | |
| 5 | | | | |